TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

YZZEDDIN IBN ESIR

# KÄMIL TARYH

عزّ الدين ابن الاثير

# الكامل في التاريخ

**I**

Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Rahmet Gylyjow

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 950**
**I 12**
**I 12 Ibn Esir Y.**
Kämil taryh, I jilt. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 – 224 sah.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**R.Geldiýew,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*XIII asyrda ýaşap geçen beýik taryhçy alym Yzzeddin ibn Esiriň «Kämil taryh» atly kitaby dünýä taryhyny öwrenmekde iň ygtybarly çeşmeleriň biri hasaplanýar. Ömrüniň agramly bölegini türkmen hökümdarlarynyň hemaýatkärliginde geçiren Ibn Esiriň türkmen serkerdeleriniň ýörişlerine, söweşlerine taryhçy hökmünde gatnaşandygy has-da gyzyklydyr. Ol birnäçe wagtlap Mosul atabegleri bilen halypanyň arasynda ilçi bolýar. Ol öz ýazgylarynda beýan edýän wakalarynyň köpüsine gözli şaýat bolan şahsdyr.*

*Ibn Esiriň «Kämil taryh» atly köp jiltli eseriniň esasan türkmen halkynyň taryhy bilen baglanyşykly bölümleri saýlanyp terjime edildi.*

*Türkmen halkynyň taryhyna degişli gyzykly maglumatlary özünde jemleýän bu kitap Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy zamanasynda ilkinji gezek türkmen dilinde neşir edilip, giň okyjylar köpçüligine ýetirilýär.*

**TMMMM №27**

**TDKP №3** **2005** **KBK 63,3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet
«Miras» merkezi, 2005 ý.
Ibn Esir Y., I jilt, 2005 ý.
Gylyjow R., terjime, çapa taýýarlama,
2005 ý.

*Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň*
*Ilkinji we Ömürlik Prezidenti*
*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň*
*howandarlygynda neşir edilýär.*

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-***

***babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*»**. Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

Eziz halkym!

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# TAŇRYNYŇ ADY BIRLE BAŞLADYM

Barlygyna owal, bakylygyna soň, sahawatyna çäk bolmadyk Taňra şükür.

Ol Patyşadyr, barlygynyň hakykatyna akyl ýetmez. Ol Kadyrdyr, älemdäki ähli zat onuň gudratynyň täsiridir. Ol Mukaddesdir, hadysadyr, hatyralar oňa şek ýetirmez. Ol üýtgemekden päkdir. Ondan diňe onuň özi halas edip biler. Ýaradylan zatlary beýige göterýän hem, pese düşürýän hem, ýaýýan we ýapýan hem, berkidýän hem, bozýan hem, öldürýän hem, direldýän hem, bar edýän hem, ýok edýän hem, bagtyýar edýän hem, azaşdyrýan hem, beýik-eziz we har-zelil edýän hem Oldur. Ol islänine mülk berer we isläninden ony yzyna gaýdyp alar. Islän adamsyny beýige göterer we islänini har eder. Haýryň ählisi Onuň elindedir we ol ähli zadyň hötdesinden gelýändir, ähli zady başarýandyr. Öten asyrlary we olaryň yzynda galan nesilleri aradan aýyrýan, çalşyryp durýan hem şoldur. Onuň etmek islän zadyna ne gala, ne berkitme päsgel berip biler. «Siz olardan birini bir görermisiňiz ýa-da owazlaryny eşidermisiňiz?![1]» diýen aýata görä, «Ýaratmak hem, hököm etmek hem diňe Onuňkydyr. Barça älemler perwerdigäri – Alla beýikdir[2]».

Nygmatlary bilen gurşan we adamlara rysgal paýlaryny bol beren Taňra şükür edýärin. Arabyň-ajamyň serweri, ähli ym-

---

[1] Gurhanyň 19-njy süresiniň 98-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 7-nji süresiniň 54-nji aýaty.

matlaryň pygamberi Muhammede we dogry ýoluň tuglary, zulmatyň çyralary bolan onuň maşgalasyna, nesil-neberesine, dost-ýarlaryna tükeniksiz alkyş we salam bolgaý!

Men taryh kitaplaryny okamagy we ol ýerde bar bolan zatlary bilmegi halaýardym. Hadysalaryň sebäplerini we syrlaryny anyklamaga gyzyklanýardym. Kagyz gatlarynda galan ylymlary, edepleri we durmuş tejribelerini (synaglaryny) öwrenmäge höwesekdim. Haçan-da ol eserlere göz gezdirenimde, asyl maksada gowuşmagyň uzakdygyny, wakalaryň süňňüniň biri-birine çapraz gelýändigini duýdum. Käbir adamlar dürli usullara, ýollara, rowaýatlara gyzygyp, sözi çakdanaşa uzaldypdyrlar. Käbirleri giňişleýin beýan edilmeli zatlary gysgajyk sözler bilen jemläpdirler. Üstesine-de, olaryň ählisi diýen ýaly has möhüm hadysalaryň, ähmiýetli wakalaryň üstünden böküp geçipdir. Olaryň köpüsi ýazmanyňda has oňat boljak ownuk-uşak wakalar bilen bir giden kagyzy garalapdyrlar, ençeme syýany zaýalapdyrlar. «Pylan şermendäni işinden boşatdy», «Pylan zadyň bahasyny artyk urdy», «Pylanyny hormatlady, pylanyny bolsa kemsitdi» diýen ýaly ähmiýeti az ýazgylary goýupdyrlar. Olaryň her biri öz döwrüne çenli gelýän taryhy özgelerden göçüripdir we şolaryň yzyny ýetiripdir, käbir taryhy wakalara dürlüçe täzelik girizipdir. Gündogarly taryhçy günbataryň taryhyny ýatlamagy ünsden düşüripdir. Günbatarly taryhçy gündogaryň wakalaryna az ähmiýet beripdir. Şol zerarly öz döwrüne deňiç älem taryhyny ýyllaryň geliş tertibi boýunça yzygider okamak, öwrenmek isleýän talyp içi nogsanlykdan doly köp sanly eserlere, ençeme jiltlere göz aýlamaly bolýar.

Bu zatlary başymdan geçirip, aňymda aýlanymdan soň, taryhy unudaýmagymdan ätiýaç edip, elmydama ýatlatma bolar ýaly, maşrygyň-magrybyň patyşalaryna degişli bir umumy taryhy ýazmagy ýüregime düwdüm. Älemiň ýaradylmasyndan tä şu güne çenli bolup geçen wakalary ýyllaryň geliş tertibi boýunça beýan etdim.

Men taryha dahylly ähli hadysalary, wakalary beýan etdim diýip bilmerin. Mosulda gezip ýören adam üçin uzak Gündogardaky ýa-da alys Günbatardaky bir wakanyň gözden sypyp galmagy geň zat däl. Ýöne men şu kitabyma mundan öň hiç wagt bir kitaba jemlenilmedik zatlary saldym. Bu eseri okap çykan adam sözümiň dogrudygyna göz ýetirer.

Ilki bilen ähli taryhçynyň esasy salgylanmasy bolan Ymam Abu Japar Tabarynyň ýazan uly «Taryh» eserinden başladym. Bir hadysa dogrusynda çapraz pikirler ýüze çyksa, adamlaryň äh lisi şu kitaba esaslanýar. Onuň içindäki ähli maglumatlaryň birini hem goýman aldym. Abu Japar Tabary taryhy hadysalary beýan edende, köp sanly rowaýatlara salgylanypdyr. Her rowaýatyň göwrümi biri-birinden az tapawut edýär. Manylaryna hem az-kem artykmaç zat goşulypdyr ýa-da aýrylypdyr. Men doly wakalary şol durşuna aldym we olaryň kömegi bilen kemkäsleýin beýan edilen rowaýatlaryň üstüni ýetirdim. Ähli zady ýerli-ýerinde goýdum. Ana, şonda beýan ediliş ýollarynyň dürlüdigine garamazdan, wakalaryň ähli si bir sapaga düzüldi duruberdi.

Tabarynyň kitabyndan soň ygtybarly saýylýan beýleki meşhur taryhlary okadym. Tabarynyň taryhynda ýok maglumatlary şol kitaplaryň üsti bilen doldurdym. Ähli zady tertibe salyp, ýerli-ýerinde goýdum. Men Resulallanyň sahabalarynyň arasynda bolup geçen wakalara goşmaçalar girizmedim. Diňe özümçe zyýada beýan etdim we käbir adam atlaryny düzetdim. Beýleki taryhçylaryň arasynda Abu Japar Tabara aýratyn ähmiýet bermegimiň sebäbi ol, hakykatdan-da, ussatlygy kämil ymam, ylymlaryň gory, ygtykady düz we dogry sözli ynsandyr.

Men ähli zady sözüniň hakdygy, ýazgysynyň dogrudygy beýan ediş usulyndan bildirip duran ýokarky çeşmelerden göçürsem-de, gijäniň tümlüginde ownuk-uşak daşlaryň arasyndan dür çöpleýän bende ýaly olara köre-körlük bilen çemeleşmedim.

Olaryň bir wakany birnäçe ýyllarda, birnäçe ýerlerde gaýtadan ýatlaýandygyny, bir topar zatlary dürlüçe beýan edýändiklerini gördüm. Sözlemi soňlanmadyk, pikiri jemlenmedik, üzlem-saplam bolan taryhy wakalar hem berlipdir. Emgenmezden, olaryň manysyna düşünjek gümanyň ýok.

Men bolup geçen wakalary bir ýere jemledim. Olaryň her biriniň haýsy aýda, haýsy ýylda bolup geçendigini anykladym. Ahyry olar biri-biriniň yzyndan tirkeşip gelýän, tertibi yzygiderli taryha öwrüldi.

Her ýylda bolup geçen möhüm hadysany oňa mahsus ýerinde, ýörite bölümde ýatladym. Emma beýany bir bölümden az boljak ownuk-uşak hadysalary şol ýylyň ahyrynda berdim we ony «Bu ýylda bolup geçen wakalar» diýip atlandyrdym. Taryh sahnasynda öňe çykan haýsydyr bir ülkäniň bir künjüni eýelän, emma döwleti uzak dowam etmedik şahslaryň wakasyny, ilki dörän senesine laýyklykda, boýdan-başa doly berdim. Sebäbi taryhy habarlar näçe pytraňňy beýan edilse, netije çykarmak kynlaşýar we köp wakalar unudylýar.

Her senäniň ahyrynda şol ýylda dünýäden öten meşhur alymlary, danalary, ýagşyzadalary, tanymal adamlary ýatladym. Dilde dürlüçe aýdylýan, dürli harplar bilen ýazylan we şübhe döredýän adam atlarynyň nokadyny, şekilini örän anyk berdim.

Bu eseriň agramly bölegini ýygnap bolanymdan soň, dürli täze wakalar, yzygiderli göçüp-gonmalar zerarly, uzak wagtlap oňa elimi degirmedim. Bu arada bu hakdaky bilimlerim bişişip, kämil bolupdy.

Mundan soňra meniň ylymly-bilimli dost-ýarlarym, söhbetdeş bolmagy janymdan eý görýän doganlarym, meniň iň ýakyn we ýürekdeş hemralarym, maňa salgylanyp gürrüň berer ýaly, bu taryhy meniň öz agzymdan eşitmek islediler. Esli wagtlap ol eseri işlemändigimi, doly tamamlap gutarmandygymy aýdyp, ötünç soradym. Sebäbi men entek garalama nusga-

my gözden geçirmändim, ol ýerdäki harp ýalňyşlyklaryny, söz säwliklerini düzeltmändim. Gerekmejek zatlary aýyrmandym, öçürmändim. Men bir müddet onuň üstünde oturdym. Dostlarym bolsa, meniň boýun towlanyma bakman, eseri eşitdirmegi erjellik bilen talap edýärdiler. Ahyry olar bu kesirligime bakman, doly düzedilmedik we tamamlanmadyk eseri diňlemäge başladylar. Öz pikirlerini aýdyp, has anyk ýaňzytmaly ýerleri ýatladylar, artykmajrak görnen sözleri aýyrmagy ündediler. Başga kömekçimiň we goltgy berjegiň ýokdugy, özümiň hökman ediläýmeli işlere meşguldygym üçin eseri soňlamaga mende ne gaýrat, ne güýç bardy. Duýdansyz ýüze çykýan aladalar, surnukdyrýan hadysalar hem elimi sowatman durmaýardy. Men bolsa biperwaýlyk bilen ýaltalyga duwlanypdym. Öz ýanymdan: «Söweşe gidýän gämi ýaly bat alyp, derrew dynaryn» diýmeýärdim.

Şeýle günleriň birinde, tagaty parzy-wajyp, hökümine boýun synmak hökman bolan, belent mertebeleriň aşyk bolup barany, nadanlyk ruhunyň ýüz öwreni; ölüp giden ýagşy adatlary direlden, gözel däpleriň çüýrän süňküne gaýtadan keşp beren, adyllygy we sahawaty raýatlary gurşan, haýyr-yhsany we ýardamy ähli kişä ýaýylan gerçek är peýda boldy. Ol biziň hökümdarymyz – rehimli patyşa, Taňry ýalkawyny tapan alym, üstün geliji, yslamyň we musulmanlaryň diregi, älemde adalaty direldiji Muzaffar Bedreddin Lulu ibn Abdylla Atabegdir.

Şol pursat egnimdäki biperwaýlyk donuny zyňyp taşladym, ýaltalyk köýnegini çykardym. Syýamy ýalpyldatdym, galamyň ujuny ýiteltdim. «Bu aýaga galmaly, galkynmaly döwür. Biliňi berk guşa» diýdim. Özümiň boş wagtlarymy bu işime sarp etdim. Taňry bir işi hasyl etjek bolsa, ilki oňa sebäp döreder eken. Men bu işi tiz tamamlamaga howlukdym. Täsin ýeri, munuň ýaly günlerde dymyp ýatan hadysalar hem dillenmäge höwesek ýaly göründi. Men özümi, meni ýazgarýanlaryň sözüniň garşysynda, oklara nyşana edip goýdum. Sebäbi salgylanýan

çeşmeleriň sagdyn, soňky düzedişleriň doly we dogry bolsa, üstesine-de, eser gaýta-gaýta okalyp, timarlanan bolsa, özüň hem ýazyp-bozmadan başyň çykýan bolsa, bu işi özüň jemläniň has oňatdyr. Emma muňa garamazdan, bu eserimde bärden gaýtmalaryň bardygyny boýun alýaryn. Ol ýerdäki haýsydyr bir ýalňyşlyk galam sebäpli goýberilen säwlik diýip bilmerin. Men bilmeýän zatlarymyň bilýän zatlarymdan has köpdügini boýun alýaryn. Ahyry men bu esere özüne laýyk gelýän at goýdum: «**Kämil taryh**».

Özüni ylymly-bilimli, dana saýýan birnäçe adamlary tanaýaryn. Olar öz ýanlaryndan ylym we rowaýat ummanynda ýüzüp ýörendiris öýdenoklar. Emma taryhy öwrenmäge kembaha garap, oňa pisint etmeýärler. Ony okamakdan ýüz öwürýärler we ylym hökmünde hasaba almaýarlar. «Taryhyň bar berýän peýdasy – kyssalar we habarlar, eçilip biljek ylmy ähmiýeti – owadan sözler we gürrüňler» diýip güman edýärler. Olar miwäniň gabygyny görüp, maňzyna ýetmedik we göwheriň gymmatyny bilmän, ony ýüpden asyp goýan adamlar ýalydyr. Taňry kime sagdyn akyl-huş, dogry tebigat bagyş edip, ony düz ýola gönükdiren bolsa, olar taryhyň berýän peýdasynyň köpdügine, dünýewi we dini bähbitleriň ählisini özünde jemleýändigine göz ýetirer. Biz bu ýerde özümize äşgär bolan peýdalaryň käbirini ýatlarys. Galanyny duýmagy sagdyn akyly bolanlara goýýarys.

Taryhyň dünýewi peýdalary: ynsanyň ebedi ýaşasy gelýändigi gizlin zat däl. Ol elmydama dirileriň hatarynda durmagy eý görýär. Käşgä şeýle bolsady! Düýnki gören we eşiden zatlaryň bilen ötenleriň habaryny, alys zamanlaryň hadysalaryny özünde jemleýän taryh kitaplaryndaky okan zatlaryň arasynda nähili parh bar? Sen şol zatlara göz gezdirseň – özüňi olar bilen döwürdeş ýaly duýarsyň. Eger okap çyksaň – olary ýanyňa gelen ýaly görersiň.

Mysal üçin, elinde hökümi bolan bir patyşanyň ömür beýanyna seretseler, eger ol eserlerde sütemkeş, zalym hökmünde suratlandyrylan bolsa, bu habar nesilme-nesil asyrlara aşýar. Olar şeýle häsiýetli adamlaryň akybetiniň biabraýlykdygyny, ýaramaz at goýýandygyny, ýurtlary ýumurmak, bendeleri heläk etmek, baýlyklary talamak, il-güni tozdurmak bilen bellentgi bolýandygyny bilerler we onuň hereketlerini ýazgararlar, şonuň ýaly zalymdan ýüz öwrerler, oňa meňzemejek bolarlar. Eger adalatly, ýagşyzada hökümdarlaryň ömür beýanyny görseler, ýogalandan soň hem olaryň yzynda gözel abraýyň galýandygyny, illeriniň asuda, kentleriniň abat, baýlyklarynyň bereketli bolýandygyny bilerler. Bu şahsyň işini oňlarlar we her daýym şolar ýaly bolmaga çalşarlar. Şeýle adamy gorarlar, goldarlar, onuň islemeýän zatlaryny terk ederler. Raýatlaryň sen hakdaky arassa pikiri duşmanyň zyýan-zeperini dep etmäge we heläkçiliklerden halas etmäge ruhy goltgy berer, şäherleriň we uly ýurtlaryň aman-asuda saklanmagyna mümkinçilik döreder. Eger şeýle netijelere getirmäýende hem, ýagşylykda ýatlanmagyň buýsançdygy ýeterlik ahyry.

Mundan başga-da, taryhda bolup geçen wakalary, olaryň ahyrky netijesini öwrenip, ynsanyň dünýägaraýşy giňär, durmuş tejribeleri artar. Çünki durmuşda öň bolan zatlar gaýtalanyp gelýär ýa-da şoňa kybapdaş hadysalar ýüze çykýar. Bu zatlar bilen akylyňy artdyryp, dogry netije çykarmaga ýardam berer. Bir şahyr:

«Akyl iki hilidir: tebigy we okalyp alynýan akyl. Doga akyl bolmasa, okalyp alynýan akyl peýda bermez. Ol edil gözüň nury bolmasa, güneşiň nurundan haýyr bolmaýşy ýalydyr» diýipdir.

Bu ýerdäki tebigy akyl Taňrynyň ynsany ýaradanda bagyş eden akyly. Okalyp alynýany bolsa, durmuş tejribeleriniň, synaglarynyň üsti bilen toplanýan akyldyr.

Ynsan mejlislerde we toýlarda taryhy wakalardan bir zatlary ýatlap, täsin rowaýatlary gürrüň berip, özüne zynat çaýar. Il-günüň gulagyny, ýüzüni özüne tarap öwrer. Kalplar onuň hekaýatyndan, sözlerinden lezzet alar, ýatlamalaryndan ganyp gezer.

Taryhy bilmegiň ahyret bähbitleri: akyly-üşügi bolan adam bu wakalar dogrusynda pikirlense, pelegiň öwrülip, döwranyň ötüp durandygyny, her bir tanymal ýaşaýjynyň üstüne bela-beteriň dynuwsyz dökülýändigini, olaryň janlarynyň we mallarynyň talanyp, ulusynyň-kiçisiniň heläk bolýandygyny, pelegiň beýigi-pesi aýap goýmaýandygyny, zamananyň howpundan baýyň-garybyň halas bolup bilmeýändigini duýar, aň ýetirer. Durmuşda artykmaç zat toplamakdan, ähmiýetsiz zada topulmakdan saklanar, bimany aýşy-eşretlerden ýüz öwrer. Ahyret azygyny ýygnamaga taýýarlanar. Munuň ýaly görgülerden asuda bolan ahyret öýünden özüne saraý islär. Maşgalasyny-ilini şeýle nogsanlyklardan saklar. Belki kimdir biri: «Bu zatlara akyl ýetirip, dünýä eşretinden ýüz öwren we ahyretdäki beýik derejeler üçin, bu dünýäde yhlas eden adam» diýip ýatlar. Käşgä şeýle-de bolsady! Bu sözleri diýýän adam Gurhany-kerimi ýürekden okaýan, süýji sözler bilen öwüt berýän, az paý bilen oňňut edýän adamlaryň näçesini görendir. Çünki ýürekler küýseýän zadyny tiz görmäge janserekdir.

Bu kitaplaryň üsti bilen iň ýagşy gylyk hasaplanýan sabyrlylygy, durmuş külpetlerine çydamlylygy öwrenerler. Akyly bar adam ne Taňra eziz pygamberiň, ne hormaty beýik patyşanyň, has dogrusy, ähli adamzadyň başynyň dünýä mähnetlerinden aman galmandygyny bilende, ol öz başyna şolaryň düşen gününiň gelýändigine, diňe adamlaryň çalşyp durýandygyna göz ýetirer.

Bu hikmetler dogrusynda Gurhany-kerimde «Elbetde bu ýerde kalby ýa-da özi häzir bolup, gulak asan kişiler üçin ýatlatma-ybratlar bardyr[1]» diýilýär.

Eger Allatagala şu sözleri aýtmak bilen şol taryhy hekaýatlary we gürrüňleri ýatlamak isleýän bolsa, onda taryhy äsgermän, ony öňküleriň biri-birinden göçüren setirleri saýýan adamlaryň dogry ýoldan sowa geçdikleri bolýar.

Beýik Taňry bize paýhasly köňül we dogruçyl dil bersin. Sözümizde we işimizde rowaçlyk eçilsin. Bize bir Allanyň kömegi ýeterlikdir we ol iň gözel wekildir.

## 159-NJY HIJRI ÝYLY
*(31.10.775 – 19.10.776 ý.)*

## HORASANDA MUKANNANYŇ PEÝDA BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Humaýt ibn Kahtabanyň ýogalmagynyň öňüsyrasynda Horasanda Mukanna gozgalaň etdi. Mukanna merwli, çaşy gözli, kelte boýly, girdenejik we gelşiksiz adamdy. Oňa Hekim diýip ýüzlenerdiler. Ol özüniň betnyşan keşbini görkezmejek bolup, ýüzüne altyndan nykap tutardy. Şonuň üçin hem oňa Mukanna[2] diýildi. Mukanna özüni Taňry diýip hasaplasa-da, bu pikirini ähli dost-ýaryna aýan edip durmady. Ol: «Beýik Taňry Adam atany öz keşbinde ýaratdy we şonuň suratynda ýere indi. Soňra Nuh pygamberiň keşbinde peýda boldy. Soňra tä Abu Müslim Horasanla çenli ähli pygamberleriň suratynda aýan boldy. Iň soňunda bolsa ol, ine, Haşymyň keşbine girip geldi» diýerdi. Haşym diýende Mukanna, elbetde, özüni göz öňünde tutýardy. Mukanna ruhlaryň jesetden jesede göçüpgonýanlygy hakdaky dini ynanja uýýanlaryň we eýerýänleriň

[1] Gurhanyň 50-nji süresiniň 37-nji aýaty.

[2] Mukanna – nykaply.

biridir. Garaýşy bozuk adamlaryň ummasyz köplügi Mukannanyň yzyna eýerdi. Gören ýerlerinde oňa tagzym edip, ýer öperdiler. Jeňde, söweşde hem «Ýa Haşym, senden medet!» diýip, gözsüz batyrlyk bilen öňe okdurylardylar.

Çaksyz köp adam Mukannanyň täsirine düşdi. Olar Kiş ýakalaryndaky Bisnam (Bisýam, Besýam), Senjerede ýaly galalarda goranardylar. Buharadaky mubeýýizeler, sogdylar we yslama girmedik kapyr türkler Mukannanyň esasy ýardamçylary boldy. Olar musulmanlaryň malyna-emlägine el gatyp, talaňçylyk bilen meşguldy.

Mukannanyň ygtykadyna görä, Abu Müslimiň şerapaty Pygamber alaýhyssalamyň mertebesinden hem zyýada saýylypdyr. Ol Ýahýa ibn Zeýdiň öldürilmegini nähak gan hasaplap, onuň janyna kast edeni öz eli bilen öldürjekdigine, ar aljakdygyna ant içer eken.

Olar Kişde jemlendiler we şol sebitlerdäki birnäçe köşkleri, Nowakys galasyny eýelediler. Abu Nugman, Jüneýt, Leýs ibn Nasr dagylaryň her biri bular bilen näçe gezek döwdüleşip görseler-de, döwleri pes geldi. Hassan ibn Temim ibn Nasr ibn Seýýar, Muhammet ibn Nasr ýaly ýene birnäçe tanymal adamlar şolaryň elinden heläk boldular.

Söňra bularyň üstüne Jebraýyl ibn Ýahýa bilen onuň doganу Ýezidi ýörişe ugratdylar. Olar ilki bilen Buharadaky mubeýýizelere zarba urdular, emma bir urguda almak başartmady. Bumijekes[1] şäherinde bolan bu söweş dört aýa çekdi. Ahyry olaryň goranyşyny böwüsdiler we Mukannanyň tarapdarlaryndan ýedi ýüz töweregi adamy öldürdiler. Söweşden diri sypanlar özlerini Mukannanyň ýanyna atdylar. Mundan soňra Mäti Mukanna bilen söweşmek üçin Abu Awny ýola saldy. Emma ol bu işiň hötdesinden gelip bilmedi we ony aýryp, ornuna Muaz ibn Müslimi goýdular.

---

[1] Bumijekis bolmagy hem ähtimal.

## 161-NJI HIJRI ÝYLY
*(09.10.777 -28.09.778ý.)*

## MUKANNANYŇ HELÄK BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Muaz ibn Müslim we ýene-de birnäçe serkerdelerdir esgerler Mukannanyň üstüne ýörişe gaýtdylar. Söweşe Sagyt Haraşy ýolbaşçylyk etdi. Zemmde[1] gezip ýören Ukba ibn Müslim hem bulara kömege geldi. Olar Tawuslar diýilýän ýerde duşuşdylar we Mukannanyň tarapdarlarynyň üstüne okduryldylar. Söweşde Mukannanyň ýaranlary ýeňildi we gala girýän hendekleriň içi bilen ýapyrylyp, özlerini Mukannanyň ýanyna atdylar. Şol ýerde hem goranmaga durduylar.

Muaz demini dürsemezden, ýene söweşe girdi. Emma Sagyt Haraşy bilen sözi azaşyp, tasdan özara gyrlyşypdylar. Haraşy Muazdan şikaýat edip, Mätä hat ýollady we erk-ygtyýar hemde hemaýat berip dursa, söweşi bir özüniň dowam etjekdigini ýaňzytdy. Mäti onuň pikirini makullady we ygtyýar berdi. Haraşy söweşe ýolbaşçylyk etdi, Muaz bolsa öz esgerleri bilen ogly Rajanyň ýanyna goşulyşdy, elinden gelen kömegini gaýgyrmady. Mukannanyň gabawy uzaga çekdi. Ahyry onuň ýaranlaryndan köp bölegi gizlinlik bilen gelip, aman soradylar. Haraşy olaryň towakgasyny kabul etdi. Şeýdip, Mukannanyň otuz müň töweregi tarapdary beýleki tarapa geçdi. Onuň ýanynda bolsa Mukanna jany-teni bilen berlen iki müň sany ussat adamlar galdy. Raja ibn Muaz dagylar galanyň astyndan içine girýän hendegi tapdylar we gala girdiler, olary gysmaga başladylar.

Mukanna ölümiň gutulgysyzdygyny duýanda, aýallaryny, çagalaryny we ilen-çalanyny ýanyna ýygnap, olaryň ählisine

---

[1] Zemm – häzirki Atamyrat, öňki Kerki şäheriniň çäklerinde ýerleşen gadymy şäher.

zäher içirtdi, jesedini ganym duşmanyň parçalamazlygy üçin, özüni oda ýakmagy buýurdy. Başga maglumatlara görä, ol şol galadaky ähli zatlary: geýim-gejimi, mal-garany we beýleki zatlary oda ýakdyrypdyr. Soňra: «Kimiň men bilen asmana göterilesi gelýän bolsa, özüni şu oda ursun!» diýip, özüni, çagalaryny, aýallaryny, ýakyn adamlaryny we ýaranlaryny ýalnyň içine oklapdyr.

Şeýdip, Mukannanyň tarapdarlary derbi-dagyn edildi. Mundan ujyz sypan az sanly adamlar hem şondan soň özlerini dürsäp bilmediler. Mawerannahrdaky mubeýýizeler hut şu Mukannanyň tarapdarydyr, ýöne olar özleriniň bu yktykadyny ýaşyryn saklaýarlar. Ýene bir maglumata görä, Mukannanyň özi hem zäher içip ölüpdir diýilýär.

Haraşy Mukannanyň kellesini kesip, ony 163-nji ýylda Mätiniň gaşyna getirdi. Mäti bu wagt Halap sebitlerinde söweşip ýördi.

## 182-NJI HIJRI ÝYLY
*(22.02.798 – 12.02. 799 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Reşit Eminden soňra Abdylla Mamuny tagt mirasdüşerligine wesýet etdi. Horasandan Hemedana çenli ýaýylyp ýatan ähli ýeri oňa bagyşlady. Mamun diýip lakam berdi we bu habary Japar ibn Ýahýanyň üsti bilen oňa ýetirdi.

Bu ýyl Fazl ibn Ýahýanyň ýanyna hazarlylaryň hökümdary Hakanyň gyzyny peşgeş getirdiler. Ýöne ol Berzaga şäherinde ýogaldy we gyzyň ýanyndaky wekiller yzlaryna dolanyp, Hazar patyşasyna ol gyzyň janyna bilgeşländen kast edilendigini aýtdylar. Hazar patyşasy yslam ülkelerine çozup, ar almaga taýýarlanyp başlady.

Bu ýyl rumlular öz hökümdarlary Kustantin ibn Alýunyň (Ilion) iki gözüni oýdular. Ornuna ejesi Rinini häkim belläp, Atasa diýen lakam berdiler.

## 183-NJI HIJRI ÝYLY
*(12.02.799-01.02.800ý.)*

## HAZARLYLARYŇ YSLAM ÜLKELERINE ÇAPAWULÇYLYGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl hazarlylar Hakanyň gyzy bilen baglanyşykly wakalar sebäpli, Bab-el-ebwap şäherinden ýörişe çykdylar. Olar musulmanu kapyr diýmän, bir ýandan taladylar. Ýüz müňden gowrak adamy ýesir aldylar, şeýle bir aýylganç ar aldylar welin, beýle ýagdaý zeminde görlen däldir. Reşit Arminiýany hem Ýezit ibn Mezýede birikdirdi. Mundan öň Ýezit diňe Genjäni dolandyrýardy. Reşit ony hazarlylaryň ýanyna ýaraşyga ugratdy. Huzaýma ibn Hazym bolsa arminiýalylary penalamak üçin Nasibine[1] geldi.

Hazarlylaryň ýörişe çykmagynyň ýene bir sebäbi Sagyt ibn Selm münejjim Sülemini öldürensoň, onuň ogly Hazar illerine gelip, atasynyň aryny almaga goşun sorapdyr. Hazarlylar söweşe galkdylar we galany böwsüp, Arminiýa girdiler. Sagyt ýeňse berip gaçdy we ýetmiş günläp gara bermedi.

Bu dartgynly ýagdaýy gowşatmak üçin, Reşit Huzaýma ibn Hazym bilen Ýezit ibn Mezýedi ol ýere ugratdy. Bu ikisi Sagydyň bulaşdyran işlerini düzledi we hazarlylar bilen ýaraşdylar. Şondan soň hazarlylar bu ýeri terk etdiler. Galanyň ýumrulan ýerini bolsa gaýtadan galdyrdylar.

---

[1] Bu şäheriň ady käbir ýazgylarda «Nusaýbyn» ýaly hem berlipdir.

Bu ýyl Reşit Aly ibn Isany Horasandan yzyna çagyrdy. Soňra ogly Mamunyň towakgasy sebäpli, ýene öňki ýerine belledi. Reşit ogluna Abylhasyp bilen uruşmagy buýurdy.

Bu ýyl Horasanyň Nusaý şäherinde Abylhasyp Wuheýp ibn Abdylla Nusaýly gozgalaň etdi.

## 186-NJY HIJRI ÝYLY
*(10.01.802–29.12.802 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Nusaýda gozgalaň eden Abylhasyp 184-nji ýylda Aly ibn Isa ibn Mahanyň zarbyna döz gelip bilmän, aman sorapdy. Aly ondan gaýdyp baş götermezlige söz aldy we haýyşyny kabul etdi. Emma bu ýyl Abylhasyp beren sözüni unutdy, ähdinden dänip, ikinji gezek aýaga galdy. Ol Abywerdi, Tusy, Nyşapury eýelänsoň, Merwi gabady. Emma güýçli gaýtawula uçrap, Saragta gaýtdy. Ol barha tapdan gaçýardy.

186-njy ýylda Aly ibn Isa ibn Mahan Abylhasyp bilen bellisini etmek üçin, Merwden Nusaýa gaýtdy. Onuň bilen agyr söweşe girdi we Abylhasyby öldürdi, aýallaryny we çagalaryny ýesir aldy. Şondan soň Horasanyň ýagdaýy asudalaşdy.

## 228-NJI HIJRI ÝYLY.
*(10.10.842–29.09.843 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Wasyk Eşnas Türkmene täç we goşa mantiýa[1] berdi.

Bu ýyl şahyr Abu Temmam Habyp ibn Ews Taýy aradan çykdy.

---

[1] Täç we goşa mantiýa – belent derejäni, tituly aňladýan alamatlar bolup, olaryň hökümi patyşalaryňkydan pes bolmandyr.

Bu ýyl Mekge ýolunyň harajady gymmatlap, her ratl[1] çöregiň bahasy bir dirheme, bir içimlik suw kyrk dirheme ýetdi. Käbä barýan ýoldaky duralgalarda adamlary örän güýçli gün urdy. Yzysüre-de doly gatyşykly ýagyş guýup, olary süllümbaý ezdi. Ýaňky yssydan bir sagat çemesi soň doly has-da güýçlendi we dagyň bir bölegi dag geçelgesinde duran mähelläniň üstüne opurylyp gaýtdy. Hajylaryň birnäçesi wepat boldy.

Muhammet ibn Dawut hem şu ýyl adamlar bilen haja gitdi.

## 230-NJY HIJRI ÝYLY

*(18.09.844-06.09.845 ý.)*

## ULY BUGANYŇ[2] MEDINEDÄKI ÇARWA ARAPLARYŇ ÜSTÜNE EDEN ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Wasyk Uly Bugany Medinäniň töwereklerinde çapawullyk edip ýören çarwa araplaryň üstüne ýörişe ugratdy.

Onuň sebäbi hem süleým taýpasynyň adamlary Medinäniň töwereginde örän erbet haramylyk edýärdiler. Olar Hyjazyň bazarlaryndan islendik zady islän wagtlary göwünleriniň islän bahasyna satyn alýardylar. Bu ýagdaý ulalyp gidişine, kinane we bähile taýpalarynyň arasyna tow saldy hem-de olaryň garpyşmagyna getirdi. 230-njy ýylyň dört tirkeşigininiň dördünji aýynda olar birek-birekden köp adamy öldürdiler.

Medinäniň häkimi Muhammet ibn Salyh olaryň üstüne Hammat ibn Jeririň baştutanlygynda gowy ýaraglanan iki ýüz adamly goşuny ýollady. Köpsanly esgerler bilen hem üstüni ýetirdi. Bularyň aglabasy meýletin esgerlerden düzülen goşundy. Hammat olaryň üstüne ýöriş etdi we olar bilen Ruwaýsa diýen ýerde çaknyşdy. Olar birek-birege örän berk daraşdylar. Medinäniň garamaýak ilaty döz gelebilmän, haly teň ýagdaýda

[1] Ratl – agyrlyk ölçegi. Gadymy çeşmelerde onuň agramy dürlüçe berlipdir.

[2] Uly Buga - türkmen serkerdeleriniň biri.

yza çekildi. Hammat we onuň ýoldaşlary, kuraýyşlar we ensarylar bolsa berk durup söweşdi. Bularyň arasynda gazaply darkaş boldy. Şol söweşde Hammat we onuň ýoldaşlarynyň köp bölegi, kuraýyşlardan we ensarylardan birnäçe ýagşy adamlar öldürildi. Süleýmler köpsanly ýarag-esbaplary, geýim-donlary olja aldylar, ýol urup, garakçylyk etdiler. Mekge bilen Medinäniň arasyndaky ähli obalary we çeşmeleri talap, harap etdiler.

Ine, şu wakalar sebäpli hem Wasyk Musanyň kakasy Uly Bugany toplum goşun bilen ýörişe ugratdy. Meret aýynda olar Medinä geldiler. Sawarykyýýanyň aňyrsynda, bu taýpanyň düşleýän, ýazlaga çykýan suwly ýerine ýetdi. Ol ýerde berkitme gurdy, aýgytly garpyşyga taýynlyk gördi we söweşe girdi. Buga olardan elli çemesi adamy öldürdi, ýene şonçaragyny ýesir aldy. Galanlary bolsa ýeňlip, gaçyp gitdiler. Buga Sawarykyýýada birnäçe müddet saklandy we gaçyp giden raýatlary Wasygyň hökümine görä, howpsuzlyga-amana çagyrdy. Darkaşa döz gelmän, yza dönen adamlar, bölek-bölek bolup gelmäge başladylar. Buga olaryň ählisini bir ýere üýşürdi we azgynlykda ýakasyny tanadanlary beýlekilerden aýry saklady. Bular müň töweregi adamdy. Galanlarynyň ýoluny açyp, olary erkinlige goýberdi. 230-njy ýylyň boş aýynda ýesirleri we aman soran bozgaklary Medinä alyp gelip, olary tussag etdi we zyndana saldy. Mundan soňra Buga Mekgä tarap rowana boldy.

Buga bu ýerde haç parzyny bitirip, möwsüm gutarandan soň Zaty-Yrk diýilýän ýere ugrady. Hilallara hem edil süleýmlere eden çagyryşy bilen ýüzlendi. Hilallar bu çagyryşy kabul etdiler. Buga olaryň içinden üç ýüz töweregi bozgagy bendi etdi we galanlaryny boşatdy. Soňra Medinä dolandy we tussaglaryň ählisini zyndana saldy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Abdylla ibn Tahyryň ölüminden dokuz gün soňra Eşnas Türkmen aradan çykdy…

## 231-NJI HIJRI ÝYLY
*(07.09.845-27.08.846 ý.)*

## BUGANYŇ ÇARWA ARAPLARYŇ GARŞYSYNA GÖREN ÇÄRESINIŇ BEÝANY

Bu ýyl medineliler Buganyň golastyndaky süleým we hilal taýpalarynyň tussaglaryny öldürdiler. Buga süleým we hilal taýpasynyň bozgaklaryny tussag edeninden soň (olar bolsa bir müň üç ýüz sanydy), Medineden Beni Murra tarap gidipdi. Ýesirler bu ýerden halas bolmak üçin tussaghananyň düýbüni gazdylar. Ýeriň uly deşigine gözi düşen bir aýal uly sesi bilen gygyryp, Medinäniň ilatyny örüzdi. Medineliler ylgaşyp geldiler we bendileriň eýýäm öz wekillerini öldürendigini bildiler. Ýerli ilat olaryň ýaraglaryny ellerinden gaňryp aldylar. Medineliler olaryň daşyna halka boldular we tussaglary daşary çykarmadylar. Garaňky gatlyşdy. Tussaglar tümlükden peýdalanyp, medineliler bilen söweşdiler. Ertesi gün Medinäniň ilaty bularyň ählisini öldürdi. Garamaýak halk gabat gelen islendik çarwa araby duş gelen ýerlerinde öldürdi. Buga dolanyp gelende, köpsanly çarwanyň öldürilendigini bildi we olary öldürenlere muşakgat baryny görkezdi.

Aýtmaklaryna görä, zyndan eýesi olara derwezäni açyp bermek üçin tussaglardan berim (para) alypdyr. Ýöne olar bellenilen wagtdan öň gyssanypdyrlar we bar işi puja çykarypdyrlar. Şondan soň adamlar bu hakda şeýle goşga hiňlenipdiler:

*«Ýigit üçin ölümden agyrdyr namys-ary,*
*Şonuň üçin derwezeban alypdyr müň dinary».*

Şol wagtlar Buganyň bu ýerde bolmazlygynyň sebäbi, fezarylar we murralar[1] Fedegiň üstüne çozup, ony eýeläpdiler. Buga bulara golaý geldi. Serkerdelerinden birini olaryň ýanyna ýollady. Meýletin boýun sunsalar, başlarynyň aman, janlarynyň howpsuzdygyny, aýan etdi. Bu habary ýetirmek üçin ýörite wekil iberdi. Çapar hökmünde giden bu serkerde olaryň habaryny we sözüne ygtybar edilýän birnäçe ýaşulusyny hem getirdi. Fezarylardan bir topar adam Buganyň huzuryna gelende, Buga olary haýbatly hökümi bilen gorkuzdy. Fezarylar ol ýerden basym arany açdylar. Fedegi boşatdylar we Şama tarap yza döndüler.

Buga Haýfada saklandy. Haýfa Hyjaz ýolunyň üstündäki, Şam mülkleriniň çäklerinde ýerleşýän bir obadyr. Buga bu ýerde kyrk gije-gündizläp diýen ýaly saklandy. Soňra beni murradan we fezarydan ýeňip alan zatlary bilen Medinä dolandy.

Medinedäki Buganyň ýanyna gatafan, fezary, eşjag we saglaba taýpalarynyň hersinden birnäçe jemagat adam geldi. Sebäbi Buga olaryň üstüne öz wekilini iberipdi. Taýpa wekilleri gelende, Buga olardan çagyryş eden wagtynda sözden dänmezlik üçin berk ähdi-peýman talap etdi. Olar muny kabul etdiler we garşy gitmejekdiklerine söz berdiler. Soňra Buga beni kilab taýpasyny idäp, Zaryýýa sary ýöriş etdi. Buganyň ýanyna olardan üç müň töweregi adam geldi. Buga olaryň içinden müň töweregi bozgakçylyk edýäni tussag etdi we galanlaryny boşatdy.

---

[1] Arap taýpalary.

231-nji ýylyň oraza aýynda Buga Medinä gaýdyp geldi we tussaglary zyndana basdy. Şu ýylda Mekgä haja gidip gelensoň, Medinä dolandy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl ogrular döwlet hazynasy saklanýan beýtilmaly köwüp, ol ýerden kyrk iki müň dirhem we az mukdarda dinar ogurlapdyrlar. Soňra olary yzarladylar we bu zatlaryň köpüsi yzyna alyndy.

Bu ýyl Wasyf Türkmen Yspyhan, Jebel we Pars sebitlerinden gaýdyp geldi. Ol bu ýerlere şol sebitlerde talaňçylyk edýän kürtleri idäp barypdy. Ýöriş edende Wasyf Türkmeniň ýanynda bäş ýüz adam bardy, aglabasy-da ýaş-ýetginjeklerdi. Kürtleriň köpüsi tussag edildi. Jerime hökmünde Wasyfa ýetmiş bäş müň dinar tölediler we gylyçlaryny hem tabşyrdylar.

## 238-NJI HIJRI ÝYLY

*(23.06.852-11.06.853 ýylla)*

## BUGANYŇ TIFLISDÄKI IŞLERINIŇ BEÝANY

Buganyň Tiflise ýöriş edendigini we ony gabandygyny ýatlapdyk. Buga ol ýere ýöriş edende, ilki bilen Zeýrek (Zirek) Türkmeni ol ýere iberdi. Ol Kür derýasyndan ýüzüp geçdi. Bu örän uly derýa bolup, Tiflis hem şonuň ýakasynda ýerleşýär. Derýanyň gündogar gyrasynda bolsa, Sogdybil şäheri ýerleşýär. Bular derýadan geçenlerinden soňra, Tiflis meýdanynda düşlediler. Olar Tiflise Mirfas derwezesi tarapdan gelipdiler. Beni omeýýa nesilşalarynyň kömekçisi Yshak ibn Ysmaýyl Tiflisden Zeýrege tarap garşylyklaýyn ýörişe çykdy. Olar giň meýdanda duşuşdylar. Bu wagt Buga Zeýrek bilen Abylapbasyň näme edýändigini synlamak üçin, beýik baýryň üstünde

durdy. Şol dem Buga nebitçileri çagyrdy we şähere ot açmaklaryny buýurdy. Şeýdip, olar senuber[1] agajyndan gurlan bu şäheri oda gabsatdylar.

Şähere dolanyp gelýän Yshak ibn Ysmaýyl öz köşgüniň ýanýandygyny, onuň töwerekleriniň ot bilen gurşalandygyny gördi. Türkmenler we magrybylar derrew onuň üstüne döküldiler. Yshagy hem-de ogly Omary ýesir alyp, olary Buganyň ýanyna getirdiler. Buga Yshagy öldürmegi buýurdy we onuň boýnuny kesdiler. Jesedini bolsa Kür deryasynyň ýakasynda haja çüýläp goýdular. Yshak ibn Ysmaýyl küýküräk, uly kelleli we gözi çaşy garry adamdy.

Şäher bilen birlikde elli müň adam hem oda ýanyp wepat boldy. Oda ýanman aman galanlaryň ählisini ýesir aldylar, hatda ölülerini hem şeýle goýman taladylar.

Yshagyň ili (maşgalasy) Sogdybilde abat duran baýlygyny aldy. Sogdybil patyşa Anuşirwanyň Tiflisiň gabadynda guran mäkäm şäheridir. Soňra ony Yshak has-da berkidipdi, ähli baýlygyny hem-de Seririň häkiminiň gyzy bolan aýalyny şol ýerde goýupdy.

Soňra Buga Zeýregi öz goşunyndan birnäçe adam bilen Harazman (Hurman) galasyna gönderdi. Harazman Berzaga bilen Tiflisiň arasynda ýerleşýärdi. Zeýrek bu galany eýeledi, onuň patrigini ýesir aldy. Soňra Buga Baýlakan etrabyndaky Kubeýiş galasya – Isa ibn Ýusubyň üstüne ýöriş etdi. Ol bu galany hem basyp aldy. Onuň ähli mülküni eýeldi we ýany bilen äkitdi. Şeýle hem ol asyl ady Sinbat ibn Eşwat bolan Abylapbas Warysyny hem-de Arranyň patrigi Mugawyýa ibn Sinbady öz ýany bilen alyp gitdi.

[1] Sosna.

## 241-NJI HIJRI ÝYLY
*(22.05.855-09.05.856 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl ýyldyz süýnmeleri örän köpeldi.

Bu ýyl Reý şäherinde örän güýçli ýer titredi, ähli jaýlary ýykyp-ýumurdy. Harabanyň astynda galyp, örän köp adam heläk boldy. Ýer sarsgyny kyrk günläp gaýtalandy durdy.

Bu ýyl Türkmen ýurtlaryndan gelen örän güýçli şemal biçak köp adamyň ölmegine sebäp boldy. Onuň aşa sowuklygyndan ýaňa adamlaryň ählisi diýen ýaly dümewledi. Türkmen ýurdundan gelen bu şemal Saragta, Nyşapura, Hemedana we Reý şäherlerine ýetip, ahyry Hulwanda togtady.

## 248-NJI HIJRI ÝYLY
*(07.03.862-23.02.863 ý.)*

## WASYFYŇ RUMA GARŞY EDEN JEŇINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Muntasyr Wasyf Türkmeni Rum ýurtlaryna ýörişe iberdi.

Aslynda Wasyf bilen Ahmet ibn Hasybyň arasynda ýiti öýke we kine bardy. Ahmet ibn Hasyp Muntasyry Wasyfyň üstüne küşgürdi we esgerlerini hem alyp, ony söweşe ugratmagy maslahat berdi. Muntasyr Wasyfy getirmeklerini buýurdy. Haçan-da ol Muntasyryň ýanynda häzir bolanda, Muntasyr oňa:

– Rum patyşasyndan gelen habara görä, ol biziň serhet ýakalarymyzy basyp almak isläp, bäri gelipdir. Bu çydap bolmajak ýagdaýdyr. Her yslam ülkesiniň degresinden geçende, onuň şol ýerleri haraba öwürjekdiginden, öldürjekdiginden we

ýesir aljakdygyndan ätiýaç etmän duramok. Şonuň üçin onuň garşysyna ýa sen, ýa-da men ugramaly bolaryn – diýdi.

Wasyf oňa:

– Eý, möminleriň emiri! Ygtyýar bolsa, ol ýerlere özüm giderin – diýdi.

Muntasyr Ahmet ibn Hasyba:

– Wasyfyň gerek zatlaryna seret we ony doly üpjün et – diýdi.

Ahmet ibn Hasyp:

– Bolar, möminleriň emiri – diýende, Muntasyr:

– «Bolaryň» bolmaz, derrew tur-da, ugruna çyk – diýdi we Wasyfa garap:

– Gidip-gelýänçäňiz gerek boljak zatlary ýazmagy kätibiňe tabşyr – diýdi. Soňra ikisi hem ýerinden ör turdular.

Ahmet ibn Hasyp zerur zatlary taýýarlap, olaryň ýanyna çykýança, Wasyf eýýäm mynasyp adamlary saýlap bolupdy. Onuň ýanynda on iki müň töweregi adam bolup, olaryň başynda Fethiň[1] dogany Muzahym ibn Hakan durdy.

Muntasyr bu ýagdaýlary mälim edip, Bagdatda gezip ýören Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyra hat ýazdy we adamlary jeňe ugratmagy hem-de olary söweşe ruhlandyrmagy tabşyrdy. Wasyfa bolsa Malatyýa serhetlerine çenli diýen ýerine barmagy buýurdy. Esgerler üçin gerek çykdajylary, azyk-owkatlary we düşýän paýlary bermegi Abylwelit Haryry Bejelä tabşyrdy.

Wasyf ýörişe ugranda, Muntasyr oňa hat ýazdy we tä özi çagyrýança, şol ýakalarda dört ýyl saklanmagy, söweş pursatlary ýüze çykan halaty bolsa söweşmegi buýurdy.

[1] Feth ibn Hakan – meşhur türkmen şahyry, döwlet işgäri, ussat dilewar.

# MUGTAZYŇ WE MUEÝÝIDIŇ TAGTDAN DÜŞÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mütewekkiliň iki ogly Mugtaz bilen Mueýýit tagt mirasdüşerliginden çetleşdirildi.

Muntasyr döwlet işlerini dolandyrmagy ol ikisiniň üstüne ýüklände, Ahmet ibn Hasyp Wasyf bilen Buga garap:

– Biz her wagt ykbal öwrümlerinden ätiýaç etmelidiris. Bir gün möminleriň emiri dünýäden ötende, halypalygyň başyna – onuň ornuna Mugtaz geler we bizi bu ýerden daşlaşdyrar. Bu ýerde bizden hiç bir derek galmaz. Şonuň üçin şu wagtky möhüm pikir: Mugtaz bilen Mueýýidiň çäresini görmeli – diýdi.

Türkmenler bu çäräni bitirmek üçin örän yhlas etdiler we Muntasyryň göwnüni tapyp, ony ynandyrdylar:

– Biz ol ikisini halypalykdan düşüreris we olaryň ornuna ogluň Abdylwahhaby geçireris – diýdiler. Tä Muntasyr şol pikiri kabul edýänçä, bular şeýle alada bilen gezdiler. Şondan kyrk gün soňra Mugtaz bilen Mueýýidi getirdiler we ol ikisini bir howla salyp, gabap goýdular. Mugtaz Mueýýide bakyp:

– Doganym, bizi tagtdan aýyrmak üçin getirdiler – diýende, ol:

– Men-ä beýle ederler öýdemok – diýip jogap berdi.

Olar şeýle ýagdaýda otyrka, bir wekil gelip, olaryň tagt mirasdarlygyndan düşürilendigini mälim etdi. Mueýýit:

– Gözüm we başym üstüne – diýdi.

Mugtaz bolsa:

– Etjek zadym ýok. Öldürmek isleseňizem, öz işiňiz – diýdi.

Bu ýagdaý Muntasyra ýetirilende, ol gahar-gazaba münüp, bu ýere geldi. Mugtazy zorluk bilen süýräp, bir jaýa saldylar, gapyny daşyndan mäkäm bagladylar. Bu ýagdaýy gören Mueýýit saklanybilmän, dogumlylyk we dowamlylyk bilen:

– Bu edýäniňiz näme, haram itler? Eýäňiziň üstüne topular ýaly biziň ganymyza suwsadyňyzmy? Onuň bilen gürleşmegim üçin bizi bir salym günümize goýuň – diýdi.

Töwerekdäki adamlar muny dymmak bilen kabul etdi. Muntasyryň beren rugsadyndan soňra, oňa dogany bilen duşuşmaga idin berdiler.

Mueýýit onuň ýanyna girdi we:

– Eý, nadan agam, olar näme muny ataňdan alandyrlar öýdýärmiň? Olaryň niçikdigini bilibem, ýene olary terk etmeden, tagtdan aýrylyşmadan saklanýarmyň? Sesiňi kes we olara jogap gaýtarma! – diýdi.

Ol:

– Dünýäde (ýazgytda) bolup geçen zady niçik terk edeýin? – diýdi.

Onda Mueýýit:

– Ine, seniň ataňy öldüren hem, seni öldürjek bolýanam edil şu işdir. Allanyň öň ýazan ýazgydynda bolmaly zat hökman geler. Hudaýyň ýazmadygy hergiz hasyl bolmaz – diýdi.

Mundan soňra Mugtaz oňa razylyk berdi.

Mueýýit ol ýerden gaýtdy we Mugtazyň tagtdan çekilmäge razy bolandygyny mälim etdi. Adamlar bu habary Muntasyra ýetirdiler. Soňra dessine yzyna dolanyp geldiler we Muntasyryň adyndan bulara minnetdarlyk bildirdiler. Olaryň ýany bilen kätipleriň biri hem gelipdi. Ol Mugtazyň öňünde çök düşdi we oňa:

– Tagtdan çekilýändigiň hakda öz eliň bilen hat ýaz – diýdi. Emma Mugtaz muny etmekden saklandy. Bu sözleri eşidenden soň, ol ýerde özüne mynasyp ornuň asla bolmazlygyndan ätiýaç eden Mueýýit kätibe bakyp:

– Kagyzyňy bäri ber! Bu ýere men hakda islän zadyňy ýaz – diýdi.

– Soňra men ol ýere onuň, ýagny Mugtazyň bu işi etmekden ejizdigi we ony jogapkär wezipä bellemegiň zerur däldigi hakda ýazgy goýaryn – diýdi.

Ol Muntasyra Mugtazyň bu işi etmekden ejizdigi hakda mälim edip, hat ýazdy. «Ol özüniň jogapkär wezipä bellenmäge mynasyp däldigi hakda beýan etdi we öz islegi bilen tagtdan düşýänligi üçin, ol ýerden çetleşdirilmegini sorady. Adamlar onuň islegini makulladylar» diýdi. Kätip muny ýazandan soňra, Mugtaza hem şeýle ýazmagy buýurdy, emma ol muny etmekden ýene-de ýüz öwürdi. Kätip ýene bir gezek:

– Bagty ýatmyş, gowusy, şeýle diý-de, ýaz. Abat başyňy aman sakla! – diýensoň, ahyry ol muňa boýun boldy. Kätip bu ýerden gitdi. Soňra ol ikisini çagyrdy we bilelikde Muntasyryň ýanyna girdiler. Onuň öňünde Mugtaz bilen Mueýýidi oturtdylar. Muntasyr:

– Şu siziň öz ýazanyňyzmy? – diýdi. Ol ikisi muny makullamak bilen:

– Hawa, möminleriň emiri – diýip, baş atdylar.

Töweregini türkmenleriň gurşap durandygyna garamazdan, Muntasyr ol ikisine: «Men oglumy sizden eý görüp, ony tagta çykarmak tamasy bilen sizi aýrandyr öýdäýmäň. Men beýle zady ömür tama etmändim. Ol ýerde beýle tamakinlik ýok. Ýöne şonda-da tagta doganoglan agamyň ogly çykandan, öz doganymyň ogullarynyň tagta çykanyny gowy görerin – diýdi.

Ol ýanynda oturan we duran mähellä başy bilen ümläp şeýle diýdi:

– Emma, ine, şular sizi tagtdan düşürmek üçin, maňa öz diýenlerini gögertdiler. Eger ony bitirmesem, olaryň käbiriniň ikiňize garşy durup, eli ýaragly üstüňize barmagyndan çekindim. Ýagdaý şeýle bolansoň, meniň eden işimi niçik görýäňiz? Eýsem, men olary öldüreýinmi? Dogrusyny diýsem, olaryň ählisiniň gany, siziň ýekeje damja ganyňyza degenok ahyry. Siz meniň üçin olardan has eziz adam. Şonuň üçin olaryň soran za-

dyny etmek meniň üçin has ýeňil boldy. Şeýdenimde siziň başyňyz aman galjak – diýdi.

Ol ikisi Muntasyryň elinden öpüp, ony gujakladylar. Soňra şol ýerdäki kazylara, haşymylara, serkerdelere, wezipeli adamlara we beýlekilere özleriniň tagtdan çetleşýändigini aýdyp, güwälik berdiler. Soňra Muntasyr bu hakda Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyra we beýlekilere beýan hatyny ýazdy.

## MUSTAGYNYŇ HALYPALYGY DOLANDYRMAGYNYŇ BEÝANY

Şu 248-nji ýylda Mustagyn Ahmet ibn Muhammet ibn Mugtasymyň halypalygyň başyna geçmegi sebäpli, oňa tagta, raýatlara wepaly bolmaga kasam etdirildi.

Muntasyryň aradan çykan gününiň ertesi emeldar hojaýynlar Haruniýede jemlendiler. Olaryň arasynda Uly Buga, Kiçi Buga, Utamyş we beýlekiler bardy. Türkmen serkerdeleri, magrybylar we eşnusniýalylar Uly Buganyň, Kiçi Buganyň we Utamyş tarapyndan teklip edilen adamy biragyzdan goldajakdyklary hakda söz berdiler. Bu zatlaryň ählisi Ahmet ibn Hasybyň tagallasy bilendi. Olar bu hakda, dogrudan-da, söz berdiler, maslahatlaşdylar. Özlerine kast edilmek howpunyň düýbünden aýrylmagy üçin halypalygyň Mütewekkiliň ogullarynyň birine berilmegini islemediler. Olaryň ählisi maslahat edip, halypalygyň başyna Ahmet ibn Muhammet ibn Mugtasymy geçirmegi biragyzdan oňladylar. «Halypalyk biziň hojamyz Mugtasymyň perzentlerinden aýrylmasyn» diýdiler we oňa dört tirkeşigiň ikinji aýynyň altysynda, Başgün gijesi kasam etdirildi. Şol wagt ol ýigrimi sekiz ýaşly ýigit bolup, oňa Abylapbas diýip ýüzlenerdiler. Onuň kätipligine Ahmet ibn Hasyp, wezirligine bolsa Utamyş bellenildi.

Başgüni irden Mustagyn halypanyň bezemen lybasyny geýip, döwlet köşgüne tarap ýöneldi. Ybraýym ibn Yshak hanjar alyp, onuň öňünden çykdy[1]. Wajyn Eşruseni bolsa öz ýoldaşlaryny iki hatara düzüp goýdy. Olaryň arasyndan halypa ötüp gitmelidi. Onuň özi we ýoldaşlarynyň abraýlysy ör turdy. Şol wagt apbasylaryň, talyplaryň we beýleki tire-taýpalaryň belent mertebeli adamlary howla girdiler.

Bular şeýle ýagdaý bilen gümradylar. Şol wagt köçe we bazar tarapdan goh-galmagal eşidildi. Dessine-de şol tarapdan elli töweregi atly-ýaragly adam göründi. Aýtmaklaryna görä, olar Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyryň ýoldaşlary bolup, olaryň arasynda gowgalylardan we sukalardan[2] hem adamlar bardy.

Aljyraňňylyk, gykylyk-galmagal asmana galanda, adamlar gylyçlaryny ýalaňaçlap: «Eý Mansur! Goşunyňy çykar!» diýip gygyryşdylar. Olar Eşruseniň ýoldaşlarynyň üstüne okdurylyp bardylar, olar bilen döwüşmäge we birek-biregiň lybasyndan tutup, çekeläp, ýyrtmaga başladylar. Bu wagt döwlet köşgüniň gapysynda duran mubaýýydalar we şäkiriýeler[3] hem herekete geçdi. Soňra olaryň sany barha köpeldi. Magrybylaryň we eşrusenileriň käbiri bularyň üstüne topulyp, aljyraňňylyga salyp, olary derbi-dagyn etdiler we köçä tarap gysyp çykardylar. Köçede olaryň arasyndaky topalaň gaýtadan möwjedi. Bir niçe adam öldürildi. Bu hadysadan üç sagat geçensoň, şol ýerde bar bolan haşymylar we beýlekiler bilen birlikde türkmenler Mustagyna, ýurda we il-güne wepalylyk kasamyny etdirdiler.

Resmi kasam edişlik dabarasy gidip durka, gowgalylar we talaňçylar döwlet howlusyna kürsäp girdi. Sowut, galkan, gylyç, naýza, hanjar we beýleki ýarag gurallary saklanylýan hazynany taladylar. Talaňçylaryň arasynda gowgalylar, hammam eýeleri, Bakylynyň hyzmatkärleri we fukkaglylar bardy. Uly

---

[1] Bu ýerde: sylag-hormat manysynda.

[2] Gowga we suka - arap taýpalarynyň atlary.

[3] Mubaýýyda we şäkiriýe - taýpa-topar atlary.

Buga[1] birtopar jemagat bilen hazynanyň ýanyna geldi we talaňçylary hazynadan daşlaşdyrdy, olaryň birnäçesini öldürdi. Iki tarapyň hem çeken ýitgisi az bolmady. Şol wagt Samarra zyndanynyň adamlary herekete geçdiler. Birtopar jemagat bulardan gorkusyna gaçyp gitdi. Soňra Ahmet ibn Muhammet ibn Mugtasyma kasam etdirmäge durdular. Kasam haty çapar bilen Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyra ugradyldy. Muhammet Tahyr we onuň ýanyndaky bagdatly adamlar muňa razylyk berdiler we öz gezeginde halypa wepalylyk kasamyny etdiler.

Ibn Miskaweýhiň «Milletleriň tejribesi» atly kitabynda ýatlamagyna görä: «Mustagyn Mütewekkiliň ata tarapdan doganydyr» diýýär. Emma ol beýle däldir. Ol Muhammet ibn Mugtasymyň doganynyň ogludyr.

Anygyny Alla bilýär!

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Uly Buga dünýäden ötdi. Onuň dolandyran işleriniň ählisi ogly Musa ynanyldy. Çaparlyk diwanyny dolandyrmagy hem şoňa berkitdiler.

Bu ýyl Anujur Türkmen Abylamut Saglabynyň üstüne iberildi. Ol dört tirkeşigiň birinji aýynyň bäşi güni Saglabyny Kefertusyda ele saldy we ony öldürdi.

Bu ýyl Ubeýdylla ibn Ýahýa ibn Hakan haj zyýaraty üçin ýola düşende, onuň yzyndan haj parzyny bitirmegine päsgel bermek üçin adam iberildi.

Bu ýyl Mustagyn Mugtaz bilen Mueýýidiň ähli baýlygyny satyn aldy we kazylardyr fakyhlary oňa şaýat etdi. Satyn almak çäresi Mustagyn tarapyndan Hasan ibn Muhalladyň ady bilen geçirildi. Mugtaza 20000 dinar, Mueýýide bolsa 15000 dinar

[1] Bu ýerde ýalňyşlyk gidipdir. Hakykatda Kiçi Buga bolmaly.

tölendi. Soňra ol ikisi galanyň bir hüjresine salyndy. Olara hyzmat eder ýaly ýörite adam bellenildi.

Bu ýyl Şamy-Sagrda gezip ýören Wasyf Türkmen Saýfa tarapyna ýöriş etdi. Ol Rum ülkelerine girdi we Feruriýa galasyny basyp aldy.

Bu ýyl Mustagyn Müsür bilen Magryby dolandyrmagy Utamyş Türkmene tabşyrdy we ony özüne wezir edindi.

Bu ýyl Buga şerapçy Hulwana, Masabazana we Mährijankazaga häkim bellenildi. Mustagyn Şahek Hadymy öz howlusyna, maly-mülküne gözegçi belledi, möhüm işlerini bitirmegi oňa tabşyrdy.

## 249-NJY HIJRI ÝYLY
*(24.02.863-12.02.864 ý.)*

## SAMARRADAKY PITNÄNIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda näbelli adamlar topalaň turzup, Samarra zyndanynda ýatan adamlary azatlyga çykardylar. Bu azgynlary ele salmak üçin birnäçe adam gözlege ugradyldy. Emma ýaňkylar bularyň özlerini gapyl basyp, derbi-dagyn etdiler. Ahyry Buga, Wasyf, Utamyş we beýleki ähli türkmenler aýaga galyp, ol bozgaklaryň birnäçesini gyrdylar. Şol garma-gürmelikde Wasyf Türkmene gönüläp daş zyňdylar. Wasyf daş zyňlan mekany oda gabsatmagy buýurdy, magrybylaryň emlägini taladylar. Şol günüň ahyrynda bu pitne doly basylyp ýatyryldy.

## UTAMYŞYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Utamyş we onuň kätibi Şujag öldürildi. Munuň sebäbi hem Mustagyn döwlet gaznasyny enesiniň, Utamyşyň we

Şahek Hadymyň eline berip, islän işlerini etmäge olara rugsat beripdi. Dürli taraplardan gazna gelýän zatlaryň agramly bölegi şu üçüsiniň elinde aýlanýardy. Döwlet gaznasyndan iň köp peýdalanýan Utamyş bolup, onuň arkasynda Apbas ibn Mustagyn durdy. Has dogrusy, Utamyşyň özgelerden artyk alýan zatlary şonuň çykdajylaryna sarp edilýärdi. Kömekçiler gaznadan alynýan zatlary görüp duransoňlar, bu ýagdaýa howpurgap başladylar. Wasyf bilen Buga bolsa bu wakalardan bihabardy. Kömekçiler olary Utamyşyň garşysyna öjükdirdiler, edýän işlerine höküm çykarmagy talap etdiler. Türkmenler we ferganalylar onuň garşysyna çykdylar. Köşk adamlary hem bulara goşuldylar. Dört tirkeşigiň ikinji aýynda olar esger jemläp, Utamyşa garşy ýöneldiler. Ol bu wagt Mustagyn bilen köşkde otyrdy. Olaryň gelýän habary bulara ýetende, Utamyş gaçmakçy boldy, emma ýetişmedi. Onuň Mustagyndan hemaýat sorandygyna garamazdan, ol Utamyşa ýardam etmedi.

Öçli adamlar bu ýagdaýda iki gün saklandylar. Soňra gala kürsäp girdiler we Utamyşy ele salyp, ony hem-de onuň kätibi Şujagy öldürdiler. Utamyşyň öýüni-howlusyny talaňa saldylar, barça mal-mülküni yzyna aldylar.

Utamyş öldürilenden soňra, Mustagyn onuň deregine Abu Salyh Abdylla ibn Muhammet ibn Ýezdady wezirlige belledi. Fazl ibn Merwany hem hyraç (salgyt, çykdajy) diwanyndan aýyrdy. Bu wezipä bolsa Isa ibn Farhanşany belledi. Wasyf Ahwaza, Kiçi Buga bolsa Palestina häkim bellenildi. Soň bir gün Kiçi Buganyň Abu Salyha gaty gahary geldi. Abu Salyh mundan gorkusyna Bagdada gaçyp gitdi. Şundan soňra Mustagyn Muhammet ibn Fazl Jerjeraýyny özüne wezir edindi, hatýazgylar diwanyna bolsa Sagyt ibn Hamydy belledi. Bu hakda şahyr Hamduny şeýle diýdi:

*«Öňki ýyrtyk jindeli, tobasyz Taňry guly,*
*Sagyt dakdy biline kesgir gylyjy uly.*

*Her ýerde Hak barlygna köpdür şaýat-alamat,*
*Taňryň bir alamaty şaýaty saýyň muny».*

## 251-NJI HIJRI ÝYLY
*(02.02.865-21.01.866 ý.)*

## BAGYR[1] TÜRKMENIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Bagyr Türkmen Wasyf we Buga tarapyndan öldürildi.

Bagyr Mütewekkiliň jellatlarynyň biridi. Onuň gazanan rysgy artdy gitdi, peşgeş berlen mülk ýerleriniň çägi bolmady. Oňa mülk hökmünde berlen ýerleriň biri hem Kufe ýakalarynyň obalarydyr. Ol barusmaly[2] birine iki müň dinar töläp, ony şol ýere hojaýyn-gözegçi belledi. Soň şol etraplardan bolan başga bir adam onuň üstüne topuldy we ony ýaralady. Oňa Bagyryň wekili Ibn Marymma (Ibn Mariýa) hem diýilýär. Ibn Marymmany tussag etdiler. Ol gandala baglanyp goýuldy. Soň bir sebäp bilen halas boldy. Samarrany nazarlap ýola düşdi. Ol bu ýerde Buga şerapçynyň emiri-sahyby we döwlet häkimi Delil ibn Ýakup Nasrana sataşdy. Ibn Marymma onuň dostudy. Bagyr bolsa Buganyň serkerdeleriniň biridi. Şol sebäpli Delil onuň (Bagyryň) Ahmet ibn Marymma zulum etmegine böwet boldy, ondan adalatly bolmagy talap etdi. Bagyryň muňa gahary geldi we öz delillerini Ibn Marymma beýan etdi.

Bagyr şeýle batyr kişidi. Buga we özgeler ondan çekinýärdiler. Iki ýüz ellinji ýylyň gurban aýynyň bir gününde, Buga hammamda otyrka, Bagyr onuň ýanyna serhoş halda giripdir we:

– Delil kimi öldürse özi hem şeýle öldüriler – diýipdir.

---

[1] Golýazmalarda bu at «Ýagyr», «Ýagyz», «Ýowuz» ýaly dürlüçe berlipdir.

[2] Barusma – şol sebitlerdäki ýer ady.

Buga oňa:

– Eger öz perzendimi şeýtmek isleýän bolsaňam, oňa garşy bolmazdym, ýöne sabyr et, halypalygyň işi häzirlikçe Deliliň elindedir. Ýerine başga birini goýanymdan soň isläniňi et – diýdi.

Buga bu hakda Delile hat ýazdy we ýagdaýlary ýaňzydyp, işleriň çylşyrymlaşyp gitmezligini isledi. Delili wezipesinden boşadandyr öýdüp, Bagyr pikir etdi we köşeşdi. Soň bir gün Buga ol ikisini ýaraşdyrmak isledi, ýöne Bagyr Delile haýbat atmagyny bes etmedi. Mundan birnäçe wagt soň, Bagyr nesibesi çekip, Mustagynyň hyzmatyna geldi.

Buganyň nobatçylykdan dynç alyp, öz öýünde galmaly gününde Mustagyn: «Wasyf bu hakda maňa mälim etdi. «Işleriň ählisini Bagyra tabşyrmagyň göwnejaýdygyny» aýtdy» diýdi.

Delil bu bolýan gürrüňleri eşitdi. Bugany habardar etmek üçin, dessine onuň ýanyna atlandy. «Sen öýüňde bihabar otyrsyň, olar bolsa seni aýyrmagyň çäresini edýärler. Bu ýerden aýryldygyň öldürildigiňdir» diýdi.

Şol günüň özünde Buga atlandy-da, halypalygyň köşgüne ýetdi. Ol: «Meni aýyrmagyň hyýalyna mündüňmi?» diýip, Wasyfdan sorady.

Wasyf oňa halypanyň näme etmekçi bolýanyndan gapyldygyny bildirip, kasam etdi. Soň Wasyf bilen Buga ikisi bir hile bilen Bagyry ol ýerden çetleşdirmek üçin, özara äht etdiler. Bu ikisi Bagyryň emir bellenip, öňki emiriň aýryljakdygy, ol ýerde Wasyfa we Buga orun bolmajakdygy hakda howsalaly myşmyşlary ýaýratdylar.

Bagyr we onuň töweregindäkiler bu gürrüňleri ýamanlyk hökmünde kabul etdi. Bagyryň ýanyna Mütewekkiliň öldürilmegine kasam-ýat eden kişileriň ählisi we başga-da birnäçeler jemlendi. Olar bu gezek Mustagyny, Bugany we Wasyfy öldürmek hakda täzeden agyz birikdirdiler. «Mustagyny aýryp, Mugtasymyň ýa-da Wasygyň ogluny tagta mündüreliň. Şonda

ähli işiň jylawynyň şu ikisinde bolşy ýaly, höküm güýji biziň elimize geçer» diýdiler. Şol ýerdäkileriň ählisi bu pikiri oňladylar.

Bu habar Mustagyna ýetende, ol Buganyň hem-de Wasyfyň ýanyna çapar iberip: «Meni halypa bellän hem hut ikiňizdiňiz. Ýeri indi öldürmek isleýärmisiňiz?» diýdi. Ol ikisi bu wakalardan bihabardygyny mälim edip, ant içdiler. Ähli wakalar, gep-gürrüňler bulara ýetirilende, olaryň Bagyry we onuň ýanyndaky iki türkmeni öldürmek hakdaky garaýyşlary has-da berkedi, ony tussag etmek hakda bir çukura tüýkürdiler.

Olar Bagyry getirtdiler we birnäçe adam bolup, oňa baka ýöneldiler. Bagyry hammama tarap idenekledip, gyra çekdiler we şol ýerde hem ol tussag edildi.

Bu wakalaryň habary türkmenlere gelip ýetende, olar halypalygyň teblehanasyna kürsäp girdiler. Ol ýerdäki zatlary taladylar we atlanyp ýola düşdüler. Kemsiz ýaraglanan türkmenler galany gabadylar.

Buga bilen Wasyf bolsa Bagyry öldürmek hakynda buýruk berdi. Höküm şol demde ýerine ýetirildi.

## MUSTAGYNYŇ BAGDADA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Bagyr öldürilenden we onuň ölüm habary gozgalaň turzan türkmenlere baryp ýeteninden soň, Bagyryň ganyna galanlar bir ýerde karar tapmadylar. Mustagyn, Buga, Wasyf, Şahek Hadym, Ahmet ibn Salyh ibn Şirzat we Delil dagylar brander[1] bilen Bagdada tarap gaçdylar.

Türkmen serkerdelerine bagly bolan birnäçe jemagat hem bu gozgalaňçylara goşuldy. Gozgalaňçylar olaryň yza gaýt-

[1] Brander – 1. Öňki wagtlarda duşman gämilerini ýakmak üçin ulanylan üsti partlaýjy okly gämi. 2. Buhta: gämi duralgasyna girilýän agzyň öňüne germew etmek üçin ýörite gark edilip goýulýan gämi.

maklaryny sorasalar-da, olar öz pikirlerinden dänmediler. Mustagynyň, Buganyň we Wasyfyň gämi bilen gaçandyklaryny bilenlerinde, türkmenler özleriniň gijä galandyklaryny bilip, ahmyr etdiler. Soňra Deliliň, onuň maşgalasynyň we goňşularynyň howlusyna tarap ýöneldiler we olary taladylar, hatda agaçlary we mallaryň iýmlerine çenli talap aldylar. Gaçyp gaýdanlar Bagdada gelenlerinde, Ibn Marymma syrkawlady. Delil onuň ýagdaýyny soramaga bardy we oňa:

– Seniň derdiň sebäbi näme? – diýip sorady.

Ol:

– Äht kirşiniň üzülmegi – diýdi.

Delil:

– Äht kirşiniň boýnuňy kertendigine garamazdan, sen halypalygyň tersine gitdiň we pitnäniň küýüne düşdüň. Pitne barça zatdan beterdir – diýdi.

Şol günleriň birinde Ibn Marymma dünýäden ötdi. Bu hakda käbir şahyrlar goşgy goşupdyrlar.

Türkmenler adamlaryň Bagdada tarap gitmegine päsgel berip, gämisi kireýine tutulan deňizçini ele saldylar. Ony gowy ýenjip, ölinçä urdular. Soňra bolsa gäminiň bogaldagyna çüýläp goýdular.

Gämi eýeleri gaty gizlinlik bilen gidäýmeseler, ýola düşmek örän howatyrly boldy. Şol sebäpli hem olaryň köpüsi bu hereketlerinden saklandylar.

Mustagyn Bagdada şu ýylyň aşyr aýynyň başine gidipdi we Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyryň öýünde düşläpdi. Soňra Bagdada Japar Haýýat bilen Süleýman ibn Ýahýa ibn Magazdan özge serkerdeleriň ählisi, kätipdir işgärleriň uzyn hatary, haşymylar, Buganyň we Wasyfyň tarapdarlarynyň birnäçesi gelip ýetdi.

## MUSTAGYNYŇ BAGDADY GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Mundan soňra Mugtaz dogany Abu Ahmet ibn Mütewekkil (ýagny Muwaffak) bilen aşyr aýynyň gutarmagyna ýedi gün galanda, Mustagyna we Muhammet ibn Abdylla garşy uruş etmäge agyz birikdirdi. Ol munuň üçin tiz aladalandy we goşunyň göwnüni tapyp, olary mazaly özüne çekdi. Ähli ünsüni we işini şoňa sarp etdi. Bu çäreleri ýerine ýetirmegi Kelbategin[1] Türkmene tabşyrdy. Türkmenlerden we ferganalylardan elli müň adam bolup ýörişe ugradylar. Ukbera ýetenlerinde, ol ýerde namaz okadylar. Mundan soň şol ýerde Mugtazyň şanyna hutba okaldy. Bu ýagdaýlar hakda Mugtaza hat ýazyp: «Ukbera iliniň Muhammet ibn Abdyllanyň olara eden ýörişinden we söweşinden ýaňa uly howpa düşendigini, Bagdat bilen Ukberanyň aralygyndaky obalaryň talanyp, oturymly ýerleriň harap edilendigini we ýolda duşanlaryň ýesir alnandygyny mälim etdiler.

Abu Ahmet (Muhammet) Ukbera gelip ýetende, Kiçi Buganyň tarapynda duran birnäçe jemagat onuň (Abu Ahmediň) tarapyna geçdi. Abu Ahmet we onuň esgerleri sapar aýynyň ýedisi güni Şemmasiýäniň alkymyna baryp ýetdiler. Bazynjane ady bilen tanalýan basralylaryň käbiri bu hakda şeýle diýdi:

*«Eý, Tahyr ogullary, tanap goýuň bu keşbi,*
*Geldi Taňryň esgerleri, adam öldürmek kesbi.*
*Abu Ahmet bu goşuna ýolbaşçydyr ylaýyk,*
*Gör, neneň gowy hojaýyn hem ýardamçy ajaýyp».*

Abu Ahmet Baby Şemmasiýede düşlän çagy Mustagyn Baby Şemmasiýäni dolandyrmagy Hüseýin ibn Ysmaýyla tab-

[1] Külbetegin bolmagy hem mümkin.

şyrdy. Ol ýerde bar bolan serkerdeleriň ählisiniň oňa tabyn bolmagyny tabşyrdy. Tä olar Enbara gidýänçäler, ol ýerde uly-kiçi hiç hili söweş ýüze çykmady.

Sapar aýynyň ony güni Baby Şemmasiýä tarap gelýän türkmenleriň öňünde pyýada goşun bölümleri peýda bolup başlady. Olar galanyň golaýyna gelip saklandylar.

Muhammet ibn Abdylla Hüseýin ibn Ysmaýyly, Şa ibn Mikaly, Bundar Tabaryny we olaryň ýanyndaky adamlary habar almak üçin türkmenleriň ýanyna iberdi. Şa ol ýerden yzyna dolanyp, ýagdaýy mälim etdi. Haçan-da türkmenler baýdaklary we tuglary görende, öz leşgergählerine dolanyp barýanlara tarap öwrüldiler. Muhammet bu ýagdaýdan soň atlanmagy goýbolsun etdi. Ertesi gün Muhammet öz goşunlaryny olara görkezmek we türkmenleri gorkuzmak maksady bilen ýola düşdi. Onuň ýany bilen polat sowutly Wasyf bilen Buga hem ata mündi. Bularyň ýanynda fakyh-alymlar we kazylar hem bardy. Muhammet bu adamlary olaryň ýanyna iberdi we «azgynlykdan hem-de baş götermekden yza dönmäge» çagyrdy. Mustagyndan soňra Mugtazyň mirasdüşer şazada bolmagyna razylyk berseler, olara aman berjekdigini mälim etdi. Emma türkmenler muny kabul etmedi. Olar Kutrabyl derwezesine tarap gitdiler. Wasyf, Buga, Muhammet üçüsi bolsa Dejläniň[1] kenarynda düşlediler.

Adamlaryň aşa köplügi zerarly mundan öňe gitmek mümkin hem däldi.

Ertesi gün olaryň ýanyna birnäçe ilçiler we serkerdeler gelip, türkmenleriň golaýa gelendigini we olaryň Şemmasiýe derwezesiniň Rakka tarapynda çadyrlaryny gurandyklaryny habar berdiler we söweşe girmezligi, eger olar söweşe başlaýsa hem, jeňe girmän, ara bir gün pursat salmagy tabşyrdylar.

---

[1] Dejle -Tigr derýasy.

Türkmenleriň 12000 sany batyr söweşijisi Şemmasiýe derwezesiniň öňüne geldiler we olara ok ýagdyrmaga başladylar. Emma bärkilerden hiç kim olar bilen söweşmedi. Türkmenleriň ol ýerde durmagy uzak dowam edensoň, manjanykçylar olaryň üstüne daş atyp başladylar. Türkmenlerden bir adam heläk boldy. Olar bu merhumy ýanlaryna aldylar we yza dolandylar.

Wasyf türkmeniň oruntutary Ubaýdylla ibn Süleýman özüniň üç ýüz adamy bilen Mekgeden bäri gelende, Muhammet ibn Abdylla oňa halat-serpaý ýapdy.

Türkmenler bolsa şol gün Şemmasiýanyň girelgesine ýetipdiler. Hüseýin ibn Ysmaýyl bilen serkerdeleriň birnäçesi türkmenler bilen söweşmäge çykdylar. Iki tarap hem söweşe girdi. Iki tarapdan hem birnäçe adam öldürildi, köp sanlysy ýaralandy. Öldürilen we ýaralanan adamlaryň sany barabardy. Bagdadyň ilaty ýeňildi. Bowarlylar ol ýerde mäkäm dursa-da, soňra yza gaýtdylar. Türkmenler atmak üçin manjanyklary orta çykardylar. Emma ilat olaryň üstüne duýdansyz dökülip, manjanygy ellerinden aldylar.

Soňra türkmenleriň bir topary Nehrewan etrabyna tarap gitdiler. Muhammet ibn Abdylla öz ýaranlaryndan bolan iki serkerdäni birnäçe jemagat bilen olaryň yzyndan kowgy iberdi. Bu serkerdeleriň şol etrapda saklanmaklaryny we ol ýeri türkmenlerden goramagy buýurdy. Türkmenler olaryň üstüne ýöriş etdi we olar bilen söweşdiler. Muhammediň ýaranlary ýeňlen halda Bagdada tarap gaçdylar, olaryň mal-esbaplary alyndy. Olar gaçyp, Bagdat derwezesinden girdiler. Türkmenler bolsa öldürilen adamlaryň kellesini kesip, Samarra ugratdylar we Horasana gidýän ýoly basyp aldylar. Şeýlelikde, Bagdatdan Horasana barýan ýoluň arasy üzüldi.

Mugtaz öz goşunyny Bagdadyň günbatar tarapyndan ugratdy. Olar Kutrabile ýetip düşlediler. Bu wagt sapar aýynyň on ikisi günüdi. Ertesi gün Muhammet ibn Abdylla esgerlerini olaryň üstüne söweşe iberdi. Bulara ilki duşan Şa ibn Mikal boldy.

Olar söweşe girdiler we Mugtazyň ýaranlary ýeňildi. Bu wagt Muhammet ibn Abdyllanyň bukuda ýatan esgerleri hem olaryň üstüne döküldiler. Olaryň garşydaşlary gaçyp başladylar. Muhammediň ýaranlary olaryň kellesiniň üstünde gylyç oýnadyp, örän köp adamy öldürdiler. Diňe az sanly adam bolaýmasa, ondan diri sypan bolmady. Ähli esgerler we esbaplar talandy. Ölümden sypanlar bolsa, aňyrky kenara ýüzüp geçip, Abu Ahmediň esgerlerine goşulmak üçin özlerini Dejläniň içine okladylar. Gämiçiler olary tutdular. Ýesirleri we kesilen kelleleri gaýyklara ýüklediler. Olaryň käbirini bolsa Bagdada getirilen dessine, şäheriň içinde asyp ýa-da naýzalaryň ujuna sanjyp goýdular.

Bu söweşde özüni görkezen esgerleri gymmatbaha şaýsepler, halat-serpaýlar we baýlyk bilen sylaglamak hakda Muhammet buýruk berdi. Soňra gaçanlar gözlenilip başlandy. Olaryň käbiri Awana, käbiri bolsa Samarra gidipdi. Mugtazyň dört müňlük goşunyndan iki müňi öldürilip, birnäçesi gark bolupdy, ýene birnäçesi ýesir alnypdy. Bu ýeňiş sebäpli Muhammet ähli serkerdesine halat-serpaý ýapdy. Her serkerdä dört halat, gyzyl bilezik we monjuk bagyşlady.

Sapar aýynyň on ikisi güni Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyr Şemmasiýe derwezesine tarap atlandy. Ol garşydaşy bilen söweşende darlyk etmezligi üçin, galanyň arka ýüzündäki howlularyň, dükanlaryň, bagy-bossanlaryň ählisini Şemmasiýe derwezesinden ýene üç derwezä çenli ýumurtdy.

Menikjür Eşruseniň Parsdan we Ahwazdan birnäçe baýlyk bilen gelýändigini eşiden Abu Ahmet olary talamak üçin goşun iberdi. Muhammet ibn Abdylla bolsa bu baýlygy gorap saklamak üçin birtopar adamy olara tarap gönderdi. Bu adamlar baýlygy türkmenlerden sowup, Bagdada sag-salamat getirdiler.

Mustagynyň Sagur al-Jezeriýäniň emirligi wezipesine bellän adamy Muhammet ibn Halyt ibn Ýezit ibn Mezýet onuň ýanyna geldi. Ol Belet şäherinde bolup, Sagura gitmek üçin go-

şuna we baýlyga garaşýardy. Mustagyn we türkmenler bilen baglanyşykly ýatlap geçen wakamyzdan soň, ol has ýakyn adamlaryny we ýaranlaryny öz ýanyna alyp, Rakka ýoly bilen Beletden Bagdada tarap gitdi. Olar dört ýüz töweregi adamdy. Muhammet ibn Abdylla oňa bäş sany halat ýapdy. Soňra agyr goşuna baş edip, ony Eýýup ibn Ahmet bilen söweşmäge ugratdy. Ol Furat ýoluny amatly görüp, şony saýlap aldy. Ilki duşan az sanly adamlar bilen söweşe girdi. Emma şolaryňam hötdesinden gelebilmän ýeňildi we Sewatdaky mülküne özüni atdy. Muhammet özüniň ikuçsuz ýeňlendigi hakda eşidende, türkmenleri göz öňünde tutup: «Aralarynda Allanyň ýardam berýän Pygamberi bolmasa, araplaryň hiç biri bularyň üstünden ýeňiş gazanyp bilmez» diýdi.

Şondan soň Şemmasiýe derwezesiniň öňünde türkmenler bilen örän agyr söweş boldy. Hatda her görnen gara tarap manjanyk bilen ot we nebit atdylar. Emma garşydaşlaryny ýalyna çabradyp, yza serpikdirip bilmediler. Gapynyň agzy paýhynlyk edip ýören esgerlerden ýaňa hümer boldy. Diňe birnäçe adamy öldürenlerinden we ýaralanlaryndan soňra, olara garşydaşlaryny derwezäniň agzyndan aňry süýşürmek başartdy.

Şondan soň Muhammet gäminiň üstünde gurnalgy ot açyjy enjamlary herekete girizmegi buýurdy. Olar şeýle bir zarba urdular we ýüz töweregi adamy öldürdiler.

Magrybylaryň käbiri gaňyrçak zyňyp, galanyň üstüne dyrmaşmaga başlady. Galanyň üstünde berkidilen saklawdakylar bulary ýokary çykan dessine öldürdiler, kellelerini kesip, ony türkmenleriň üstüne okladylar. Türkmenler mundan soň harby düşelgelerine dolandylar. Gala üstüniň saklawy: «Ýaşasyn Mustagyn we Mansur» diýip gygyrmagyň deregine «Ýaşasyn Mugtaz we Mansur» diýip gygyrdy. Olaryň ildeşleri bulary magryply adamlardyr öýdüp öldürdiler. Türkmenler Şemmasiýe derwezesine tarap gaýtadan öňe süýşdüler. Bu söweşleriň birinde galadakylar magryplylaryň öňbaşçysy Dargamany

manjanyk daşy bilen urup ýykdylar. Ol diýseň edermen kişidi. Magryplylaryň käbiri gygyryp we hyrkyldap ýatan Dargamanyň ýanyna gelip, onuň gan gidip ýatan uýlugyny açyp gördüler. Hiç hili däriniň peýda etmejekdigini bilenlerinden soňra, Dargamana pitiwa etmän yzlaryna dolandylar. Muhammediň ýaranlarynyň käbiri onuň uýlugyny ok bilen ýene urdy. Ol yz tarapyndan ýaralandy we essinden gidip, ýere ýykyldy. Şol dem hem jan berdi.

Garamaýak ilat Samarra tarap sil deý akdy we ol ýerdäki göwherçileriň, serraplaryň[1] hem-de beýleki bezirgenleriň bazarlaryny taladylar. Täjirler bu ýagdaýa nägile bolup, Ybraýym Mueýýide arz edenlerinde, ol: «Muňa özüňiz günäkär. Harytlaryňyzy bu ýerde däl-de, öýüňizde saklamaly ekeniňiz» diýdi, talaýjylaryň hereketlerini oňlamasa-da, olara hiç hili çäre görmedi.

Sapar aýynyň sekizi güni Sagur ilatyna degişli birnäçe jemagat arz-şikaýat bilen Belkajuryň ýanyna geldiler. Mugtaza kasam etmek wagtynyň gelendigini ündediler. Ýol-ýodalara çykyp, adamlary oňa wepalylyk kasamyny etmäge çagyrdylar. Bu çäreden saklanan adamy urdular we tussag etdiler. Şonuň üçinem bu işden saklanan adamlar assyrynlyk bilen bu ýerden çekilip başladylar.

Sapar aýynyň gutarmagyna dört gün galanda Belkajuryň[2] Mugtaza kasam edendigi hakda beýan haty geldi. Ähli işleriň hut şeýledigi dogrusynda Mustagynyň tassykhaty gelende, raýatlar Mugtaza täzeden kasam edip, onuň emr-talabyna tabyndygyny bildirdiler.

Musa ibn Buga Mustagynyň ýanyna gitmek isledi. Emma onuň türkmen ýaranlary Mustagyn bilen ylalaşyk baglaşmakdan sakladylar we talaplaryň üstünde oňşup bilmän, sözüň so-

---

[1] Serrap - pul maýdalaýjy.

[2] Belkajur diýilýän bu şahsyýetiň Bekjür Türkmendigi hakynda hem maglumat bar.

ňuny söweşe ýazdylar. Olaryň arasynda birnäçe adam pida boldy.

Şondan soň Basradan on sany harby deňiz gämisi geldi. Olaryň her biriniň üstünde nebit atyjylar we beýlekiler bilen birlikde kyrk bäş sany adam bardy. Olar Şemmasiýa tarap ugur aldylar. Gäminiň üstündäkiler Abu Ahmediň esgerleriniň üstüne ot atansoň, Abu Ahmediň esgerleri ot täsir etmejek ýere çekildiler.

Sapar aýynyň soňky gijesinde türkmenler Bagdat derwezelerine sary öňe süýşdüler. Ilat olary gazaply söweş bilen garşylady. Iki tarapdanam köp sanly adam öldürildi. Gije başlan söweş ertesi ikindä çenli dowam etdi.

Dört tirkeşigiň birinji aýynda Muhammet ibn Abdylla Käfirkonata häkim bellenildi we onuň ýerlerini haýýarlara paýlap berdi. Muhammet hoş wadalar bilen olary öz ýanyna çekensoň, ählisini ýanyna alyp, Bagdat derwezelerine tarap ýola çykdy.

Dört tirkeşigiň birinji aýynyň on dördünde Rakka etrabyna Muzahym ibn Hakan geldi. Adamlar onuň we ýanyndaky müňe golaý adamyň öňünden çykyp, hormat bilen garşyladylar. Haçan-da ol gelip ýetende, Muzahyma ýedi sany şahany halat serpaý ýapyldy we biline zerrin gylyç dakyldy.

Şondan soň Mugtaz üç müň esgerden ybarat goşunyny ýola saldy. Olar Kutrabil derwezesiniň ýanyndaky Abu Ahmediň esgerleriniň gabat garşysynda düşlediler, çadyr dikdiler. Muhammet ibn Abdylla atlanyp, esgerleriniň arasyna gitdi. Aňtawçylardan örän köp adam öňe çykdy we Abu Ahmediň esgerlerine gapma-garşy durdular. Olaryň arasynda suwdan geçip hüjüm edýänler hem bardy. Abu Ahmediň ýaranlaryndan elliden gowrak adam öldürildi. Aňtawçylar esgerlerden ötüp, ýarym parsah ýaly aňry gitdiler. Golaýlaryna gelen Abu Ahmediň gämilerini taladylar. Soňra Muhammet ibn Abdylla yzyna dolandy we Abu Awna adamlary yzyna gaýtarmagy buýurdy. Ol adamlaryň

yzyna dolanmagyny talap etdi. Emma adamlar muňa gödeklik bilen daraşansoňlar, bularyň arasynda özara oňşuksyzlyk döredi, goh-galmagal, gykylyk göge galdy. Abu Awn gaharyna bäs gelip bilmän, olardan bir adamy urup öldürensoň, halk köpçüligi onuň üstüne okduryldy. Abu Awn bularyň elinden zordan gaçyp gutuldy. Abu Ahmediň ýaranlary bolsa bu aralykda dört sany gämini eýeläp, bagdatlylara degişli bolan, üsti ot açýan ýarag bilen enjamlaşdyrylan gämini ýalyna gabsatdylar.

Adamlar Abu Awnyň oglunyň öýüni talamaga gitdiler we ony türkmenlere boýun bolmakda aýypladylar. Abu Awnyň ýaranlary bu gany gyzanlaryň öňünde durardan asgyndylar. Olar bu ýerden gaçyp gitdiler we mähelläni kowmagy Muhammetden haýyş etdiler. Muhammet olary bu ýerden kowdy, onuň baýlygynyň alynmagyna, talanmagyna böwet boldy.

Dört tirkeşigiň birinji aýynyň on birinji günüňde Ukberadaky dogany Abu Ahmediň esgerleriniň garşysyna ugradylan Mugtazyň goşunlary gelip ýetdi. Ibn Tahyr öz esgerlerini çykaryp, tä türkmenleriň gizlin goşunynyň bolýan ýeri Kutrabyla çenli gitdiler. Ol ýerde şolara sataşdylar. Olaryň arasynda aýgytly çaknyşyk boldy. Birnäçe jemagat öldürildi. Muhammediň ýaranlary Kutrabyl derwezesine sary az-kem öňe süýşdüler. Türkmenler hem olar bilen deň hereket edende, adamlar bularyň üstüne tarap okduryldy. Türkmenler olary hem derýa garşy yza serpikdirdiler.

Soňra Bagdat iliniň üstüne gaýtadan dolandylar we olardan örän köp adamy öldürdiler. Türkmenleriň özünden hem ep-esli adam öldürildi. Mundan soňra türkmenler Katyga derwezesine sary öňe süýşdüler we sütünleri deşip, galanyň içine girdiler. Bagdadyň ilaty gala giren her garanyň kellesini kädi ýaly pyzyp otyrdylar. Şol günki söweşde öldürilen adamlaryň sany boýunça türkmenler, ok bilen ýaralanan adamlaryň sany babatda hem bagdatlylar köp ýitgi çekdi.

Abdylla ibn Abdylla ibn Tahyr adamlara baş bolup, olar bilen ýörişe çykdy. Kutrabyl derwezesiniň goragçysyna ýeňlip yza dönen adamlaryň gorky-ürküsiz gala girmekleri üçin olara gygyrmazlygy, haýbat atmazlygy buýruldy. Birdenkä ýene söweş tutaşdy we Abdyllanyň hemdemleri gaçyp başlady. Eset ibn Dawut tä öldürilýänçä mäkäm söweşdi. Darkaşa döz gelmän, soňky gaçanlaryň gala girmegine päsgel berip gapyny baglamak türkmenler bilen söweşenden hem agyr boldy. Türkmenler olardan meýletin boýun bolan birnäçesini ýesir aldylar, gaňryşyna gaýdanlary bolsa birehimlik bilen öldürdiler.

Ýesirleri we kesilen başlary alyp Samarra döndüler. Samarra golaý gelenlerinde, ýesirleriň kellesini örtdüler. Muny gören Samarranyň ilaty aglaşdylar we ahy-perýada boguldylar. Ýesirleriň we aýallarynyň agy sesleri eşidildi. Bu habar Mugtaza ýetende, ol adamlaryň ýüregini doňdurmak islemedi we her ýesir üçin bir dinar töleseler, olary erkinlige goýberjekdigini jar çekdirdi. Kesilen başlary bolsa ýere duwlamagy buýurdy.

Dört tirkeşigiň birinji aýynyň tamamlanmagyna dört gün galanda, Mekgeden gaýdyp gelýän Abu Saja halat-serpaý ýapyldy.

Dört tirkeşigiň birinji aýynyň ahyrynda birnäçe türkmenler Şemmasiýe derwezesine geldi. Olaryň ýanynda Mugtazdan Muhammet ibn Abdylla ýazylan hat bardy. Muhammediň ýaranlary bu haty kabul etmegi ündände, ol bulara rugsat berdi. Bu hatda köne ähdi saklamak üçin näme etmelidigi hakda Muhammede ýatlatma bardy. Onuň etmeli zady, ol Mugtazyň emr-talabyny bitirmeli we halypalyga tabyndygyny bildirmelidi. Muhammet oňa hatyň jogabyny gaýtarmady. Dört tirkeşigiň ikinji aýynyň ýedinji gününde olaryň arasynda gazaply söweş boldy. Türkmenlerden ýedi ýüz, Muhammediň ýaranlaryndan hem üç ýüz adam öldürildi.

Dört tirkeşigiň ikinji aýynyň ortalarynda Abu Saja, Aly ibn Feraşa we Aly ibn Hafsa Medaýyna ýöriş etmek hakda buýruk berildi. Abu Saj Muhammet ibn Abdylla garap:

– Eger şu adamlaryň boýun sunmagyny isleýän bolsaň, onda garşyňda duran duşmanyňy ýeňýänçäň, serkerdeleriňi aýry tutma-da, olary jemle! Ilki şu işleriň hötdesinden gel, olar saňa batyrynardan ejiz gelerler – diýdi.

Ol:

– Bu hakda meniň öz pikirim, öz çäräm bar. Nesip bolsa bize Allanyň berjek ýardamy ýeterlik bolar. Biz özgeleriň goldawyna we minnetine mätäç däldiris – diýende, Abu Saj:

– Gözüm üstüne! Munyň hem makul gep – diýip baş atdy. Ol Medaýyna gitdi we ol ýerde hendek gazdy. Muhammet üç müň atly we iki müň pyýadany oňa kömege iberdi.

Mugtaz dogany Abu Ahmede hat ýazdy we ony bagdatlylar bilen söweşmekde bärden gaýtmalar edendigi üçin ýazgardy.

## ŞOL DÖWÜRDE ENBARYŇ ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Muhammet ibn Abdylla Nejube ibn Kaýsy Enbara ugratdy. Ol bu ýerde ornaşdy we öz ýanyna iki müňe golaý adam toplady. Muhammet ibn Abdylla hem bir müň bäş ýüz adamy onuň ygtyýaryna berdi. Furat derýasyny böwsüp, olaryň gazan hendeklerine suw goýberdi. Bu suw kenara sygman, sähralara akdy, köprüleri baglady we uly jar emele getirdi.

Mugtaz Aly Yshaky bilen birnäçe goşuny Enbar tarapa iberdi. Olar bu ýere Muhammediň iberen kömekçi goşunynyň gelen wagty gelip ýetdiler we Enbaryň daş ýüzünde düşlediler. Örän gazaply söweşdiler. Muhammet ibn Abdyllanyň kömekçi goşuny ýeňlişe duçar boldy we gelen ýollary bilen Bagdada tarap yza gaýtdylar.

Nejube bu wagt Enbarda bolup, ol ýerden hiç ýere çykmaýardy. Kömekçi goşunyň ýeňlendigi we türkmenleriň ýörişi hakda habar ýetirilende, ol derýanyň günbatar tarapyna geçdi. Köprini ýumurdy we Bagdada tarap ugrady. Muhammet ibn Abdylla bolsa birtopar serkerde hem esger bilen Hüseýin ibn Ysmaýyl ibn Ybraýymy Enbara ibermegi ýüregine düwdi. Olary gerek zatlar bilen üpjün etdi, dört aýlyk azyk-iýmitlerini bölüp berdi. Esgerler ýola çykanda, Hüseýini olara görkezdi.

Dört tirkeşigiň üçünji aýynyň gutarmagyna ýedi gün galanda, hepdäniň sogapgüni ol Bagdatdan çykyp, esgerler, serkerdeler we yzyna eýeren birnäçe jemagat bilen Ýasiriýýä tarap ýola düşdi.

Türkmenler Enbara girende, ol ýeriň ilaty bularyň howpsuzlygyny üpjün edip, olara öz dükanlaryny we bazarlaryny giňden açdylar. Rakkadan gelen un-ýag we gaýry zatlar ýüklenen gämileri olara berdiler. Türkmenler bu zatlardan geregini aldylar we Samarradaky öýlerine äkitdiler. Ýesirleri we kesilen kelleleri hem şol goşlaryň ýanyna goşup iberdiler.

Hüseýin Dimemmada düşleýänçä ýöredi. Dimemmanyň ýokarsynda olara aňtawçy türkmen goşuny sataşdy. Hüseýin öz ýaranlaryny türkmenleriň garşysyna nyzama düzdi. Bularyň arasynda diňe däliräp akyp ýatan derýa bardy. Hüseýiniň esgerleriniň sany on müň adamdan ybarat bolup, Dimemmanyň ýokarsynda hatara düzülen türkmenler bolsa müň adam töweregidi. Olar birek-birege ýaý dartyşyp, ok atyşdy. Iki tarapdan hem birnäçe adam ýaralandy. Türkmenler Enbara dolandy. Hüseýin bolsa Katyga diýilýän giňiş ýerde düşledi. Ol ýerde bir gününi geçirenden soň, Enbaryň golaýyna barmagy ýüregine düwdi. Serkerdeler oňa esgerleri goranyş we giňişlik taýdan amatly ýer bolan Katygada ýerleşdirmegi, özüniň we ýakyn esgerleriniň bolsa Jeridä gitmegini, eger esgerleri ol ýere geçirmek başartsa, şeýle etmegi, bolmasa yza, esgerleriň ýanyna dolanmagy we duşmana öňki ýaly daramagy maslahat berdiler.

Emma ol muny kabul etmedi we öz gepini gögerdip, bu ýerden ugrady.

Ol düşlemek isleýän ýerine ýetende, adamlara goşlaryny ýazdyrmagy buýurdy. Türkmenleriň ýanyna olaryň jansyzlary geldi we duşmanyň ýakyn gelendigini hem-de dar jülgede ornaşandygyny mälim etdiler. Türkmenler olaryň üstüne duýdansyz dökülende, olar ýaňy bir goşlaryny düşürip durdular. Ähli esgerler gozgalaňa düşdi we olar bilen söweşe girdiler. Iki tarapdan hem örän köp adam öldürildi. Hüseýiniň ýaranlary olara tarap okduryldylar we köp sanly adamy öldürdiler, birnäçesini suwa gark etdiler.

Bu wagt türkmenleriň bukuda ýatan esgerleri goşuna kömege geldi. Hüseýiniň goşunlaryna özlerini Furata oklamakdan başga çykalga galmady. Onuň ýaranlaryndan biçak köp adam gark boldy, köp sanlysy öldürildi, birnäçesi bolsa ýesir alyndy.

Hüseýiniň batyr ýigitleri hem hiç zada üns bermän gaçyp gitdiler. Serkerdeler: «Dolanyň! Yzyňyza gaýdyň!» diýip, her näçe gygyrsalar-da, olaryň yzyna geleni bolmady. Soňra bu ýagdaý zerarly, olaryň özlerini gorky gaplady, janlaryny halas etmek üçin ýeke çykalga – söweşden yza tesmek galypdy. Türkmenler Hüseýiniň esgerlerine degişli bolan we olaryň ellerindäki ähli baýlygy, halat-serpaýlary aldylar. Diňe deňizçileriň ätiýaç edip, aňyrda goýan gämilerindäki ýaraglar we beýleki zatlar ellenmän galdy.

Ýeňlişe sezewar bolan esgerler dört tirkeşigiň dördünji aýynyň altynjy gününde Ýasiriýýä gelip ýetdiler. Hüseýin ol ýerde, baýlygy bihuda giden täjirleriň biri bilen sataşdy we oňa garap: «Seniň ýüzüňi nurana eden Alla şükür. On iki aýda gazananyňy bir günde gideräýdiňmi?» diýdi we onuň ýagdaýlaryny bilmediksirän boldy.

Esgerleriň ýeňlendigi hakdaky habar Muhammet ibn Abdylla Tahyra gelip ýetende, gany depesine urdy. Ol ýeňlişe duçar bolanlaryň Bagdada aýak basmagyna garşy çykdy we jar

çekdirip: «Üç günden soňra Hüseýiniň esgerlerinden kimdir birini Bagdadyň içinde göräýsek, oňa üç ýüz gamçy urlar we diwandan (döwlet işinden) düşüriler» diýdi.

Adamlar tamakinlik bilen Ýasiriýýä, Hüseýiniň ýanyna tarap gitdiler. Ibn Abdylla olaryň yzyndan başga bir goşuny gönderdi. Azyk-owkat bilen üpjün etdi. Käbir adamlara bolsa öldürilen, gark bolan we diri galan adamlary anyklamak tabşyryldy.

Enbardaky käbir jansyzlardan olara öldürilen adamlaryň sanynyň türkmenleriňkiden iki ýüz adam köpdügi, ýaraly bolanlaryň dört ýüz töweregidigi, türkmenleriň ähli ýesir alanlarynyň bolsa iki ýüz ýigrimi adamdygy hakda hat geldi. Öldürilenleriň başy sanalanda olar ýetmiş sany çykypdyr. Bular birnäçe bezirgeni tutdular we gerekli maglumatlary alyp, ýene-de yzyna goýberdiler.

Dört tirkeşigiň soňky aýynyň gutarmagyna on iki gün galanda Hüseýin ýola düşdi we Arbak derýasyny kesip geçdi. Rejep aýynyň sekizinji gününde olaryň ýanyna bir adam gelip, türkmenleriň derýanyň ýalpak ýerlerinden bu tarapa geçmekçi bolýandygyny mälim etdi. Hüseýin öz serkerdelerinden Hüseýin ibn Aly ibn Ýahýa Ermeni diýilýän kişini iki ýüz adama baş edip, derýanyň ýalpak ýerlerini goramaga ugratdy. Türkmenler ýalpak ýere ýetenlerinde, ol ýere berkidilen adamlary gördüler we bu ýeri terk edip, başga bir ýalpak ýere gitdiler. Bu ýeriň hem eýelenendigini gördüler. Türkmenler gara güýje we syrma gylyja daýanyp, ol kenara aşaýmasalar, başga geçelge galmandy. Olaryň arasynda çaknyşyk boldy. Hüseýin ibn Aly türkmenlere berk gaýtawul berdi we türkmenleriň ýalpaklyga ýetendigini mälim etmek üçin, Hüseýin ibn Ysmaýylyň ýanyna çapar iberdi. Bu çapar üçin Hüseýiniň janpenalary hojaýynlarynyň ukusyny bozmak islemediler. Olar çapara emiriň ýatandygyny aýdyp, ony kabul etmediler. Munuň yzysüre ýene bir çapar iberildi. «Emir daşary çykjak bolup dur. Az-kem tagapyl

ediň!» diýip, muny hem uzak sakladylar. Şol wagt üçünji çapar gelip ýetdi. Oňa emiriň yzyna dolanyp, ýene ýerine geçip ýatandygyny aýtdylar.

Türkmenler bolsa bu aralykda derýany kesip, bäri tarapa geçdiler. Hüseýin ibn Aly başyny gutarmak üçin gämä mündi we çaltlyk bilen bu ýerden gaçmaga başlady. Onuň ýoldaşlary hem ýeňlendiklerine göz ýetirdiler we başly-barat dagadylar. Türkmenler olaryň birnäçesini öldürdiler, iki ýüze golaýyny ýesir aldylar. Diňe derýada ýüzüp başlan gämiler we onuň üstündäki adamlar aman galdy. Türkmenler gylyçlaryny oýnadyp, gury ýerde galan birnäçe adamy gyrdylar, gylyç tagnasyndan gaçyp, özüni derýa uran adamlaryň köp bölegi suwa gark boldy.

Ýeňlişe duçar bolanlaryň bir bölegi gijäniň ýarymynda Bagdada bardylar. Galanlary bolsa ol ýere ertesi gündiz ýetdiler. Türkmenler olaryň jeň meýdanynda galdyran ähli goşlaryny we baýlyklaryny eýelediler. Bu garpyşykda Hüseýiniň serkerdelerinden birnäçesi öldürildi.

Şol ýerdäki kätiplerden, serkerdelerden we beni haşymdan bolan birnäçe jemagat Mugtazyň ýanyna geldi. Olaryň arasynda Wasygyň iki ogly Aly we Muhammet bilen birlikde beni haşymdan ýene-de birnäçe kişi bardy. Soňra olaryň arasynda dörän käbir jenjel zerarly gandöküşme bolup geçdi, iki tarapdan hem birnäçe adam öldürildi. Şol söweşleriň käbirinde türkmenler Bagdadyň içine-de girdiler, ýöne olara garşy aýgytly aýaga galan jemende türkmenleri bu ýerden yzyna serpikdirdi.

Abu Saj bilen türkmen jemagatyň arasynda bolup geçen çaknyşykda Abu Saj üstün çykdy. Aryny köýdürmegi ar bilýän türkmenler soňra onuň üstüne başga bir tarapdan dökülip, Abu Sajyň leşgerini derbi-dagyn etdi. Ýaranlarynyň käbiriniň mundan halas bolandygyna garamazdan, Abu Saj gürrüňsiz ýeňlişe duçar bolupdy. Türkmenler Medaýyn şäherine kürsäp girdiler. Enbardaky ähli türkmenler hem Bagdadyň günbatar tarapyndan

çykyp, tä Sarsara we Ibn Hubeýranyň köşgüne çenli baryp ýetdiler.

Boş aýynda ýene bir gazaply çaknyşyk boldy. Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyr ähli serkerdeleri we esgerleri bilen ýörişe çykdy. Söweşe oňaýly meýdanda çadyr dikdi we düşledi. Muhammet Tahyryň esgerleri duşmana ýowuz darasa-da, bu gezek olara ýeňiş nesip etmedi. Bagdadyň ilaty bu esgerleriň üstüne dökülip, olardan san-sajaksyz adamy gyrdylar. Ýeňlişe duçar bolanlar hiç ýere garaman, ýüzleriniň ugruna gaçdylar. Her gezek kesilen kelle getirilende Buga: «Ýene bir hökümdar gitdi» diýdi durdy. Emma onuň bu sözi Buganyň we Wasyfyň ýanynda duran türkmenlere ýaramady.

Abu Ahmet ibn Mütewekkil türkmenleri yzyna gaýtarmaga durdy, haýbat atdy, eger yzyna dolanmasalar olardan hiç bir at-soruň, nam-nyşanyň galmajakdygyny habar etdi we ýygyn jemläp, türkmenleriň üstüne ýöredi. Bagdatlylar hem onuň yzyna eýerip, Samarra gitdi. Emma uzak menziller ötülmänkä, bularyň käbiri kem-kemden yza galdy we olja-çapawul tamasy bilen başga ugra ýöneldi. Alysdan tugly, baýdakly leşger göründi. Bular ony yzyna dolanyp gelen türkmenlerdir öýdüp, dowla düşdüler we agyr goşun bolup yzlaryna – Bagdada dolandylar. Türkmenler hem kem-kemden öz leşgergähine gaýdyp bardylar. Olar entek bagdatlylaryň ýeňlendiginden bihabardylar.

Gurban aýynda Abu Ahmet iýmitden we undan mazaly ýüklenen bäş sany gämini Muhammet Tahyra iberdi. Gurban aýynda adamlara Muhammet Tahyryň ýüregine düwen niýeti aýan boldy. Ol Mustagyny wezipesinden boşadyp, Mugtazy tagta mündürmekçi bolýardy. Muhammet Tahyr öz serkerdelerini Abu Ahmediň ýanyna ýollady. Olar Mugtazyň halypalygyny ykrar etdiler. Garamaýak halk bu bolýan zatlary özüçe ýordy, Mustagyn halypa bellenip, Mugtaz onuň mirasdüşeri hökmünde yglan edilendir öýtdüler. Aslynda welin beýle däldi.

Gurban aýynda Afşiniň dogany, Salamat derwezesine wekil bellenen Reşit ibn Käwis türkmenleriň ýanyna tarap ýola düşdi we olar bilen birigip, Abu Ahmediň ýanyna gitdi. Soňra Bagdat derwezelerine dolandy we adamlara garap: «Mömінleriň emiri, elbetde, Mugtazdyr. Abu Ahmet ikisi bolsa size salam ýollady we olar: «Bize boýun bolanlara mähir bilen gararys, tabynlygymyzdan ýüz öwreniň ýagdaýyny özleri biler» diýýärler» diýdi.

Bu sözler köpçülik ilatyň maňzyna batmady. Olar paýyş sözler bilen galmagal turuzdylar. Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyryň niýetini anyk bildiler. Garamaýak ilat onuň howlusynyň gabat garşysyndaky ada geçdiler we oňa iň erbet paýyş sözleri diýdiler. Soňra onuň howlusynyň gapysyna baryp, edil öňküleri ýaly sögündiler. Birdenkä-de, bat bilen öňe omzadylar we gapynyň öňündäki saklawçylar bilen söweşip, onuň howlusynyň dälizine kürsäp girdiler. Howlyny otlamakçy boldular. Emma her näçe gözleseler-de, ot syçradar ýaly çakmak daşyny tapyp bilmediler. Bularyň arasyndan birnäçe adam bütin gijesini şol ýerde Mugtaza sögünip geçirdi. Mugtazyň özi hem bu sözleri eşidip durdy. Ahyry adamlar Mugtazyň degnasyna degmek üçin, onuň enesiniň adyny tutup sögünenlerinde, ol güldi-de: «Enemiň adyny niçiksi bilendiklerini akylyma salyp bilemok. Çünki kakamyň örän köp gyrnaklary hem onuň adynyň nämedigini bilmeýärdiler» diýdi. Ertesi gün hem adamlar şol hereketlerini gaýtaladylar.

Mundan soň Muhammet ibn Tahyr Mustagynyň ýanyna gitdi. Mustagynyň adamlara görünmegini hem-de olary köşeşdirmegini sorady. Mustagyn bu haýyşy bitirdi. Daşary çykdy we olara garap: «Muhammet meni wezipeden boşatmady we ony haýsydyr bir zatda aýyplar ýaly, mende nägilelik ýok» diýdi. Soňra olar bilen namaza durmaklyga söz berdi. Mähelle diňe şundan soň köşeşdi we yzyna dolandy.

Soňra Muhammet Tahyr bilen Abu Ahmediň we Hammat ibn Yshak ibn Hammat ibn Ýezidiň arasynda çaparlar gatnady.

Pyýada goşundan bolsa birnäçe esgerler we köp sanly garamaýak ilat öz azyk paýlaryny sorap, gozgalaň etdi. Köpçülik öz ýagdaýlarynyň ýaramazlygyndan arz etdi. Bahalar ýokary galdy we adamlar: «Ýa-ha daşary çyk-da, bizi kabul et. Bolmasa-da, degerli jogap berip, bizi yzymyza gaýtar» diýdiler. Ol bularyň ýanyna çykmaga we ýaraşyk gapysyny giňden açmaga söz berdi. Jeziredäki köprülere we öz howlusynyň gapysyna adam baryny berkidip, bedew baryny örkletdi. Mundan soňra Jezirä örän köp halaýyk geldi, ol ýerde öňden oturymly adamlar bilen söweşip, olary bu ýerden kowdular.

Muhammet Tahyr esgerlere wada beren iki aýlyk ryzk paýyny iberdi hem-de şol ýerde düşlemegi buýurdy. Emma olar mundan boýun towladylar we: «Biz garamaýak ilat, biziň bu ýerde näme maksat bilen saklanýandygymyzy bilýänçäk, ol buýrugy ýerine ýetirmeris» diýişdiler. Şondan soň olaryň ýanyna onuň özi çykdy. Adamlar muňa: «Halaýyk seni Mustagyny aýryp, Mugtazy ykrar etmekde we serkerde yzyna serkerde ibermekde günäkärleýär. Olar türkmenleriň we magryplylaryň ýanlaryna girmekden gorkýarlar. Eger olar Medaýyndaky we Enbardaky eden işlerini gaýtalasalar nätjek? Siz bolsa öz janyňyzdan, perzentdir baýlygyňyzdan howatyr edýärsiňiz» diýdiler. Jemendäniň ählisi halypanyň görünmek üçin daş çykmagyny we özlerine gelip ýeten habaryň hakykat ýa däldigini mälim etmegi soradylar. Muhammet bu talaplary diňläninden soň, Mustagynyň daşary çykmagyny sorady. Ol köpçülik howlusyna[1] çykanda, birtopar jemagat hem oňa girdi we ony görenlerinden soňra, daş çykyp Mustagynyň aman-esendigi hakda adamlara habar berdiler. Emma bu peýda bermedi. Mustagyn derwezeleri baglamagy buýurdy. Soňra ýanyna Muhammet ibn Abdyllany alyp, köpçülik howlusynyň üçegine tarap ýokary galdy. Adamlar Mustagyny görenlerinde onuň egninde burda

[1] Köpçülik howlusy – patyşalaryň halk köpçüligini, garamaýak halky kabul edýän ýeri.

(don) we elinde patyşalyk hasasy bardy. Ol adamlara bakyp gürledi we burda (don) sahybynyň haky üçin tabynlykdan boýun towlamazlygy, yza dönmezligi sorady. Muhammet tarapdan hiç hili ýamanlygyň ýokdugyny, ondan aman-howpsuzdygyna kasam etdi. Soňra adamlaryň özi bilen atlanmagyny we Muhammediň howlusyndan çykyp gitmekligi haýyş etdi.

Muhammet Tahyr olaryň eden ýykgynçylykly işlerini görende, Bagdatdan Medaýyna göçmekligi ýüregine düwdi. Şol ýeriň abraýly adamlary onuň ýanyna gelip, ötünç soradylar, bu işleriň bihepbe we bozuklaryň etmişidigi üçin ötünç islediler, bu ýerden göçüp gitmezligi ündediler. Muhammet Tahyr bularyň ähliisini örän hoşamaýlyk bilen ret etdi. Mustagyn hem onuň howlusynda uzak oturmady. Gurban aýynda ol ýerden Rusafedäki Ryzkyl Hadymyň howlusyna göçdi. Ertesi gün adamlar Rusafe ýygnanyşdy. Serkerdeler we haşymylar «Muhammet ibn Abdyllanyň howlusyna barmagy we eger göwnedip bolsa, ony hem alyp gelmegi» buýurdylar. Olar şeýle hem etdiler. Muhammet hem bulara goşulyşyp atlandy. Adamlaryň öňünde durup, nälaýyk hereketleri, soňuny saýmazlygy üçin, olary ýazgardy. Mustagyna, özüniň ýakynlaryna, emirlere we welilere, adamlaryň hiç birine ýaman niýetiniň ýokdugyna kasam etdi, ol diňe adamlaryň bähbidi üçin olaryň hal-ahwallarynyň gowulaşmagy üçin çalyşýandygyny nygtady. Muny diňläp duran adamlar, hatda gözýaşa gark bolup, oňa ýagşy dogalar etdiler.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN KÄBIR WAKALAR

Bu ýyl Belkajur Türkmen Ruma ýöriş etdi we Matmurany eýeledi. Ummasyz oljany we örän köpsanly rumlyny ýesir aldy.

## 252-NJI HIJRI ÝYLY
*(22.01.866-10.01.86ý.)*

## TÜRKMENLER BILEN MAGRYBYLARYŇ ARASYNDAKY PITNÄNIŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynyň başlarynda türkmenler bilen magrybylaryň arasynda çaknyşyk boldy.

Içlerinde galan ahmyr zerarly türkmenler Isa ibn Farhanşanyň üstüne hüjüm edip, ony gowy ýençdiler. Ähli baýlygyny we mallaryny elinden aldylar. Muhammet Ibn Reşidiň we Nasr ibn Sagdyň baştutanlygyndaky magrybylar bir ýere ýygnandy we galanyň eteginde türkmenleriň üstüne duýdansyz çozup, olardan üstün geldiler. Türkmenleri ol ýerden çykardylar we olara garap: «Siz nähili halk? Her gün bir halypany öldürýärsiňiz, beýlekisine serpaý ýapýarsyňyz, özüňizem şolara wezir bolýarsyňyz» diýdiler.

Şondan soň gala we beýtilmal magrybylaryň elinde saklandy. Olar türkmenleriň taşlap giden mallaryna hem eýe çykdylar.

Türkmenler bir ýere jemlendiler, Kerhde we şol töwerekde gezip ýören ýakynlaryna çapar ýolladylar. Bu wakadan habarly bolan her bir türkmen bellenilen ýere üýşdüler we magrybylardan ar almaga çykdylar. Bu ýerde gezip ýören gowgalylar we şakiriýeler hem magrybylara goldaw berensoň, türkmenler ejiz geldi we mekirlige ýüz urdular. Japar ibn Abdylwahydyň üsti bilen gaýdyp, hiç bir pitnäni oýarmazlyga we her bir wezipe üçin iki tarapdan hem deň adamyň saýlanmagyna razylaşyp, olar bilen ýaraşdylar. Olar bu ýagdaýda az salym saklandylar. Soňra türkmenler bir ýere jemlenişip: «Şu ikisiniň kellesi girewimize düşmese, biz rahatlykdan binesip bolarys. Eger ol ikisini ele salyp bilsek, gaýdyp hiç kim bize batyrynyp bilmez» diýdiler. Türkmenleriň bir ýere ýygnandygy hakdaky habar

Muhammet ibn Reşide we Nasr bin Sagda gelip ýetdi. Ol ikisi Muhammet ibn Garunyň ýanyna geldiler we türkmenler köşeşýänçä şol ýerde bolup, soňra öz toparlarynyň arasyna dolanmakçy bolýandygyny aýtdylar. Muhammet ibn Garun bu hakda olara bildirmän, türkmenlere habar ýetirdi. Türkmenler ol ikisini tutdular we ikisini hem öldürdiler.

Bu waka Mugtaza gelip ýetende, ol Ibn Garuny ölüme hokum etdi. Bu hakda onuň ozüne ýaňzytdy we soň bu pikirinden el çekip, ony Bagdada sürgün etdi.

## 253-NJI HIJRI ÝYLY
*(11.01.867-31.12.868 ý.)*

## WASYF TÜRKMENIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Wasyf Türkmen öldürildi.

Özleriniň dört aýlyk haklaryny talap edip, türkmenler, ferganalylar we eşruseniler gozgalaň turuzdy. Buga, Wasyf we Sima üçüsi olaryň ýanyna bardy. Wasyf olara:

– Paýyňyza derek, gum garbaýmasaňyz, size siňdirere baýlyk ýok – diýdi. Buga hem bu sözi tassyklady:

– Gynansagam ýagdaý şeýle, ýöne häzir möminleriň emiri bilen bu bergi-borç hakda ymykly gürrüň ederis we Eşnasyň howlusynda onuň bilen ýüzbe-ýüz duşuşarys – diýip, Eşnasyň howlusyna girip gitdiler.

Sima bilen Buga Mugtazyň ýanyna girdi. Wasyf hem olar bilen içeri girmek isledi, emma adamlar ony girew hökmünde alyp galdylar. Gaharyna bäs edip bilmedik birnäçe adam onuň üstüne topuldy. Biri gylyç salsa, ýene biri pyçagyny sünçdi. Wasyf mejalsyz halda bir ýana agsa-da, urgudyr-depgiden aman galmady. Ony ölýänçä aýpalta bilen urdular. Kellesini kesip, ony tamdyryň kesewesine ildirip goýdular.

Bu wakalardan soň Mugtaz Wasyfa degişli ähli wezipäni Buga şerapça, ýagny Kiçi Buga tabşyrdy. Oňa täç we zerrin lybas geýdirdi.

Bu ýyl Musa ibn Buga bilen Köwkebi Alawynyň arasynda Kazwinde söweş boldy. Bu söweşde Köwkebi ýeňildi we zordan özüni deýlemileriň arasyna atdy.

Onuň ýeňilmeginiň sebäbi, deýlemiler türkmenler bilen söweşmek üçin nyzama düzüldiler. Köwkebiniň esgerleri bularyň üstüne peýkamdyr oklary asmandan inýän jala ýaly ýagdyrýardylar. Musanyň ýoldaşlarynyň atýan oky bolsa, şol oklara degýärdi we oklardan goraýar diýäýmeseň, Köwkebiniň ýoldaşlaryna baryp ýetenokdy. Her näçe jan edip atsalar-da, oklarynyň olara ýetmeýändigini gören Musak öz ýanlaryndaky ähli nebiti, şol gury ýere dökmegi buýurdy. Öz ýoldaşlaryna bolsa bu ýerden yza çekilmegi tabşyrdy. Olar bu tabşyrygy ýerine ýetirip, yza çekilmäge başladylar. Köwkebi we onuň ýoldaşlary «Türkmenler ýeňlip, yza gaçýandyr» öýtdüler we olaryň yzyna düşdüler. Olar nebit dökülen ýeriň ortasyna baranlarynda, Musa ibn Buga olaryň üstüne ot ýagdyrmaklygy buýurdy. Ot olaryň astyndaky nebite düşende, ýalyn daş-töwerege çabrap gitdi. Köwkebeliler ýanmaga başlady. Olar şeýdip, ýeňlişe sezewar boldular. Musa ibn Buga olaryň yzyndan kowdy we Kazwine girdi.

## 254-NJI HIJRI ÝYLY
*(01.01.868-19.12.868 ý.)*

## AHMET IBN TOLUNYŇ ÝAGDAÝLARYNYŇ BEÝANY

Müsür diýary Babkyýala mülk ýer hökmünde berlipdi. Babkyýal iň uly türkmen serkerdeleriniň biri bolup, Hadarada ýaşaýardy.

Tolun Ahmet ibn Tolunyň kakasydyr. Ol hem türkmenlerden bolup, atasyndan soňra dogry ýolda, gözel ahlakda önüpösdi. Babkyýal Müsürde öz ornuny tutjak kimdir biriniň aladasyny edip ýörkä, oňa ajaýyp ahlakly, gaýduwsyz we syrdam syratly Ahmet ibn Toluny görkezdiler. Babkyýal ähli işleri dolandyrmagy şoňa tabşyrdy.

Ol ýerde ýurda hökümini ýöredýän we salgytlary ýygnaýan Ibn Mudebbir atly biri bardy. Ahmet ol ýere baranda, Ibn Mudebbiriň ygtyýaryny aldy we ýurda özi eýe boldy. Babkyýal Müsüriň Isgenderiýeden başga ýerlerine Ahmet ibn Toluny häkim belledi. Mühtedi Ibn Mudebbiri öldüreninden soňra, Müsür Ýargaç[1] Türkmeniň eline geçende, Babkyýal bilen Ahmet ibn Tolunyň arasynda birek-birege berk ynam emele geldi. Ýargaç ony Müsür diýarynyň ähli ýerine häkim belledi. Onuň täsiri has-da güýçlendi we şöhrat-şany belende galdy. «Bu Allanyň fazly-merhemeti bolup, ony öz islän kişilerine bagyş eder. Alla beýik fazly merhemet sahybydyr»[2]

## 255-NJI HIJRI ÝYLY
*(20.12.868-08.12.869 ý.)*

## MUGTAZYŇ TAGTDAN AGDARYLMAGYNYŇ WE ONUŇ ÖLÜMINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynyň gutarmagyna üç gün galanda, hepdäniň hoşgüni Mugtaz tagtdan düşürildi. Meret aýyndan iki gije geçenden soň, onuň ýogalandygy aýan boldy.

---

[1] Bu söz aslynda «ýargajy», «ýargujy» şekillerinde ýazylyp, ol «hak bilen nähagyň arasyny ýaryjy, açyjy» diýmekdir. Bu emin, kazy wezipesini hem aňladýar.

[2] Gurhanyň 57-nji süresiniň 21-nji aýaty.

Mugtazyň tagtdan düşürilmeginiň sebäbi türkmenler olardan hiç hili aýlyk alyp bilmänlerinden soňra, öz haklaryny talap edip, Mugtazyň ýanyna gitdiler we oňa garap: «Salyh ibn Wasyfy öldürendigimiz üçin, bize hakymyzy ber» diýdiler. Emma onuň ýanynda bulara berere närse ýokdy. Türkmenler talap edýän haklaryny keme-keme elli müň dinara çenli aşak düşdüler. Mugtaz hadymlarynyň birini enesiniň ýanyna iberdi we talapkärlere berer ýaly baýlyk sorady. Enesi: «Meniň ýanymda berere hiç zat ýok» diýip, bu ýumuşçyny yzyna gaýtardy. Türkmenler Mugtazdan hem, onuň ejesinden hem hiç zat alyp bolmajakdygyna, beýtilmalda hem berere zadyň ýokdugyna göz ýetirenlerinden soň, Mugtazy wezipesinden düşürmek üçin, magrybylar we ferganalylar bilen agyz birikdirdiler. Olar ala-goh bolup, onuň dergähine tarap ýörediler. Salyh, Abu Nasr ady bilen tanalýan Muhammet ibn Buga we Babkyýal Türkmen dagy ýarag bilen onuň gapysyny gallap durdular hem-de derwezeden daşary çykmagyny talap etdiler. Mugtaz: «Düýnki içen dermanym has çökder düşdi. Süňňümde mydar goýmady. Iş örän möhüm bolsa, käbiriňiz içeri giriň» diýdi. Çünki ol öz işleri öňki ýagdaýynda durandyr öýdüpdi. Olardan bir topary Mugtazyň ýanyna girdiler we ony gapynyň agzyna çenli süýrediler. Mugtazy taýak bilen urup, egin-eşigini ýyrtdylar. Howlynyň içinde jyzyrdap duran Günüň astynda dik duruzdylar. Topragyň gyzgynlygyndan ýaňa onuň aýagyna ot basylan ýalydy. Görgüli bir aýagyny ýokary göterip, beýleki aýagy bilen gezekleşdirip durdy. Käbirleri onuň ýüzüne şarpyk çalýardy. Ol bende eli bilen goranýardy. Soňra ony hüjresine saldylar. Ibn Abu Şawaryby we bir topar adamy getirip, onuň wezipesinden düşürilendigine güwälik talap etdiler. Olar Salyh ibn Wasyfa garap, Mugtaza, onuň enesine, gyzyna, ogluna we gyz uýasyna aman berýändiklerine güwä geçdiler.

Onuň enesi mundan öň ýer astyndan ötük gazypdy we Mugtazyň uýasy bilen birlikde ol ýerden çykyp gitdi. Olar

ötükden hiç kim geçmez ýaly ony gömdüler. Mugtazy bolsa azap-ejir çekdirjekleriň eline berdiler. Olar üç günläp, Mugtaza ne nahar, ne-de suw berdiler. Mugtaz olardan bir owurt guýy suwuny sorady. Emma oňa suw bermediler. Ony guýa saldylar we guýynyň agzyny bagladylar. Mugtaz şol ýerde amanadyny tabşyrdy. Onuň ýogalandygyna haşymylar we serkerdeler şaýat boldy. Mugtazyň jesedinde hiç bir gymyldy-hereket, dem-düýt ýokdy. Ony Muntasyryň ýanynda jaýladylar.

Onuň ähli ýaşan ömri ýigrimi dört ýyl bolup, şonuň dört ýyl alty aý ýigrimi üç gününi halypa bolup oturdy. Ol ak ýüzli, gür gara saçly, owadan gözli, syratly, alýaňak, uzyn boýludan gelşikli, syrdam adamdy. Süýji dilli bolan Mugtaz Surra-Men-Rae[1] şäherinde doguldy. Mustagyn Bagdada baranda, birtopar adamlar Mugtazy Mustagyna görkezmek üçin, onuň huzuryna alyp geldiler. Şol kabul edilişikde onuň aýdan sözleri hemmelerde ýiti täsir galdyrdy: «Eýsem, siz mynapyklygy dolup-daşan bu derdeserlere seretmeýärmisiňiz? Olar hiç derde ýaramaýan zir-zibil, pitneçi we bihepbelerdir. Ne olaryň ýagşy işlere ýarawy, ne-de ruhy tämizligi bar. Ýalňyş işlere batyrlyk etmeleri, olaryň gözlerine ýaramaz işlerini oňat edip görkezýär. Her näçe köpelseler-de, olaryň akyly azdyr, her ýadyna salan zadyň, olara käýinç ýaly görler. Men şu häsiýetleri özünde jemläp bilmedik adamyň goşuna buýruk bermäge, gowuz ýerleri doldurmaga, işleri kemsiz bitirmäge we yklymlary dolandyrmaga ýaramajakdygyny bildim. Il başynda durmak üçin şu häsiýetler gerek:

— işler aljyradan wagty hakykat bilen goranmagy başarýan gaýrat;

— amatly wagty gelmedik zatlara oýlanyşyksyz we güýje baýrynyp çemeleşmeden saklaýan ylym;

---

[1] Surra-Men-Rae — bu bir şäheriň ady bolup, onuň manysy "Gören şatlanar" diýmekdir. Soňra bu söz gysgaldylyp «Samarra» şekilinde ulanylypdyr.

— mätäçlik derdiniň we şowsuzlyklaryň öňünde ejizlemeýän, soralan wagty baýlyklary saçmagy ýeňilleşdirýän sahylyk;
— haýyr-yhsan edýänleriň gadyryny bilip, ýagşy sylagyny gijikdirmän bermek;
— bibaşlary we duşmanlary mäkäm basmak;
— zamananyň hadysalaryndan arkaýyn bolmaýşy ýaly, her hili hadysanyň ýüze çykmagyna hüşgär bolup gezmek;

Şeýle hem raýatlaryň öňünde ýüzüň perdesini syryp, ejize we güýçlä deň hököm çykarmagy başarmaly, ähli işlere hüşgär bolmaly. Men siziň azat eden gullaryňyzyň içinden birini saýlap tutdum. Ol boýun egmezek we öte gaýratly, keýpi-sapalara özüni aldatmaýan, süýji lezzetler azdyrmaýan, kynçylyklar aljyratmaýan ýigitdir. Ne arkada galan, ne-de öňden gelen ony dowla salar. Ol edil kyrkaýak ýalydyr. Dürtseler çydar, ýöne çaksa öldürýändir. Ol her işe hemişe taýyndyr, döwlet sütünleri mäkämdir. Isläni elden gitmez, gaçan ondan sypmaz. Ne haýhöwes onuň nebsini açar, ne bela-beter ony güýçden gaçyrar. Başyna baran işi şowlar, bereketi artar. Söweşse, arslan bolup topular, söz berse, wadasynda tapylar. Şöhratda bäsleşseler, üstün geler, garşysyna giden asgyn bolar. Bäsleşmäge dokunan ýadar, arkasynda durany arşa galar».

## 258-NJI HIJRI ÝYLY
*(18.11.871-06.11.872 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň oraza aýynda Ýargujy Türkmen aradan çykdy. Onuň jynazasyny Abu Isa ibn Mütewekkil okady. Ol Müsüriň hökümdarydy. Ol bu ýere Ahmet ibn Tolundan öň çagyrylypdy. Ýargujy aradan çykandan soň, Müsüre Ahmediň ýeke özi häkimlik etdi.

Bu ýyl Musa ibn Buga Türkmen bilen Hasan ibn Zeýt Alawynyň arasynda çaknyşyk boldy. Bu çaknyşykda Hasanyň tarapdarlary ýeňildi.

## 259-NJY HIJRI ÝYLY
*(07.11.872-26.10.873 ý.)*

## MUSA IBN BUGANYŇ HÜNNILERIŇ ÜSTÜNE ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň boş aýynda Mugtamyt Musa ibn Buganyň hünni hökümdaryna garşy ýörişe ugramagyna buýruk berdi. Ol Abdyrahman ibn Muflihy Ahwaza, Yshak ibn Gundajygy Basra, Ybraýym ibn Simany Bazewerde sary ugratdy we hünni häkimi bilen söweşmegi tabşyrdy.

Abdyrahman Ahwaza golaý sebitde Aly ibn Aban bilen söweşdi. Bu söweşde Abdyrahman ilki yza çekildi. Soňra ol täze söweşe berk taýýarlandy we Alynyň üstüne gaýtadan çozdy. Olaryň arasynda bolan bu gazaply çaknyşykda hünnilerden biçak köp adam öldürildi, niçeme jemagat ýesir alyndy. Aly ibn Aban we onuň hünni ýaranlary ökje göterdi. Aly olary her näçe yza gaýtarmak islese-de, Abdyrahmandan ýaňa ýüreklerine ornan gorky sebäpli, olardan hiç kim yzyna dolanmady. Bu ýagdaýy görenden soňra Aly olaryň islän ugruna gitmeklerine ygtyýar berdi. Hünniler öz hökümdarlarynyň şäherine ugradylar.

Abdyrahman çadyr dikmek (düşlemek) üçin, Mäti galasyna ýetdi. Hünnileriň häkimi bolsa onuň üstüne Aly ibn Abany iberdi. Olar garpyşdylar. Emma Aly olara hötde gelmedi. Soň ol Dekke tarapa yza çekildi. Bu wagt Bazawerdde Ybraýym ibn Sima bardy. Ol hem Aly ibn Aban bilen garpyşdy we Aly bu gezek hem ýeňlişe duçar boldy.

## 299-NJY HIJRI ÝYLY
(*29.08.911-17.08.912 ý.)*

## IBN FURATYNYŇ TUSSAG EDILMEGINIŇ WE HAKANYNYŇ WEZIRLIK MERTEBESINE GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynda Muktadyr wezir Abylhasan ibn Furatyny tussag etdi. Onuň tussag edilmeginiň öňüsyrasynda, asmanda üç sany guýrukly ýyldyz göründi. Olaryň biri oraza aýynyň ahyrlarynda Eset burçunda, beýlekisi boş aýynda gündogarda, üçünjisi hem şol boş aýynda Akrap burçunda günbatar tarapda peýda boldy.

Wezir tussag edilende, onuň aýallarynyň namysyna degildi, baýlygy talandy, ýakynlarynyň we ilen-çalanlarynyň ählisiniň öýlerini taladylar. Weziriň tussag edilmegi sebäpli, bagdatlylaryň kalby gozgalaňa düşdi. Üç günläp alasarmyk ýagdaýda gezen halk soňra köşeşdi.

Onuň bu wezirlik işi, has dogrusy birinji wezirlik wezipesi, üç ýyl sekiz aý on üç gün dowam etdi. Soňra onuň wezipesine Abu Aly Muhammet ibn Ýahýa ibn Ubaýdylla ibn Ýahýa ibn Hakan bellenildi. Hut şonuň özi hem diwan işgärlerini saýlap aldy.

Mundan soň Ibn Furat Abylhüseýin Ahmet ibn Ýahýa ibn Abylbaglyň basdaşlygy has-da güýçlendi. Onuň dogany Abylhasan ibn Abylbagl Yspyhanda ýaşaýardy. Agasy we Ümmi Musa Gahrymana ikisi Ibn Furatyň wezirlik wezipesine dolanyp gelmegi üçin yhlas etdiler. Muktadyr wezirligi dolandyrmak üçin, oňa ýanyna gelmäge idin berdi. Ibn Furat köşge dolandy.

Bu habar Hakana mälim bolanda, ol işlerini tabşyryp, halypanyň ýanyna girdi we bu zatlar hakda oňa habar berdi. Halypa Abylhasan bilen onuň agasy Abylhüseýini tussag etmek hakda buýurdy. Abylhasan tussag edilenden soň, halypa Abyl-

hüseýiniň tussagy hakda aýratyn perman ýazyp berdi we ol hem saklanyldy, ýöne Gahrymanadan ätiýaç edip, ol ikisini azatlyga goýberdi we wezipeli orna belledi.

Soňra Hakany wezipesinden boşadyldy. Ol ähli işleri degişli adamlara tabşyrdy. Hakan ganygyzgyn we dargursak kişidi. Işgärleriň ýazgylaryny okamaga, mallardan ýygnalýan salgydy çöplemäge biperwaý garardy. Muňa garamazdan, wezipeli we garamaýak adam onuň üçin des-deňdi. Soltanyň hyzmatkärleri we ýakyn ýaranlary onuň gullar bilen gürleşmegini her näçe gadagan etselerem, deňizçiler bilen garamaýak ilatyň jem bolup namaz okaýandyklaryny görende, atdan düşüp, olar bilen namaza durardy. Kimdir biri ondan kömek sorasa, gursagyna kakyp görüp: «Tagzym bilen baş üstüne» diýip, jogap bererdi. Şonuň üçin ilat oňa «Gursagyny kakar» diýip at berdi. Hakany baýlygyň esgerlere we batyrlara bimöçber akyp durmasyny azaldansoň, olar Hakanydan nägile boldular. Wezirlik bolsa, öň aýdyşymyz ýaly, ýönekeý halda galdy.

Onuň perzentleri hem häkimlik wezipesinde oturyp, kim para berse, şoňa ýykgyn ederdiler. Şu sebäpli hem sanaýmaly günüň içinde birnäçe emeldar çalşyp durardy, hatda ýigrimi günüň içinde Kufäni ýedi sany emeldar dolandyrdy. Soň bu ýedisi ýol üstünde jem bolup, oňa gol çeken permanlaryny görkezdiler. Olaryň biri yzyna dolansa-da, galanlary Hakanydan ogullaryna eden hyzmatynyň hakyny sorap ýüz tutdular we şeýle diýdiler:

*Nadanlygy kämil bolan weziriň*
*Synlaň görüşini, emel hözirin.*
*Pul mesi, ýalynjaň üýşse ýanyna,*
*Baýlygy bol – eziz görner janyna.*
*Geň görmäň halyny, bir zady aňýas,*
*Eýerläpdir ony albassy hannas.*

Soňra işler çylşyrymlaşdy. Olar özleriniň ýakynlaryny häkim belledi. Baýlyk-maly bisarpa sowup, ýagdaýlaryň has-da ýitileşmegine sebäp boldular. Düzgün-nyzamlar bozuldy, niýetler zaýalandy. Halypa mundan soň wezirleriň boşadylmagy we tussag edilmegi üçin çynlakaý alada edip başlady. Aýallaryň we hyzmatkärleriň sözüne gidip, olaryň haý-höwesine görä, özüni alyp barmasy, olary şu derejä ýetiripdi. Gullar ýola çykdy, häkimler çar ýana tamakin göz bilen garadylar. Soňra bolsa hälki aýdan ýagdaýlarymyz ýüze çykdy.

Halypa wezir Ibn Furaty tussaglykdan boşadyp, oňa hormat-sylag bilen garady. Häkimleriň we beýlekileriň işlerine gözegçilik etmegi tabşyrdy.

## 316-NJY HIJRI ÝYLY
*(09.04.924-28.03.925 ý.)*

## NÄZIK BILEN HARUN IBN GARYBYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl şurta[1] başlygy Näzik bilen Harun ibn Garybyň arasynda çaknyşyk boldy. Munuň sebäbi hem Harun ibn Garybyň teblehanasynyň seýisleri bilen Nägiziň atbakarlary bir ýigide yrsarap, ony taýaklap urupdyrlar. Şurta başlygy Näzik Harunyň atbakarlaryny uranyndan soňra, olary tussag etdi. Harunyň ýaranlary bu wakany eşidenlerinde, şurtanyň tussaghanasyna gelip, oruntutarynyň üstüne döküldiler. Öz adamlaryny tussaghanadan güýç bilen çykardylar. Näzik muňa nägile bolup, dessine atlandy we bu hakda Muktadyra arz etdi. Muktadyr: «Ikiňiz hem meniň üçin eziz adam. Araňyza goşulasym gelenok. Özüňiz çözlüşiň» diýdi. Näzik yzyna dolandy we öz adamlaryny toplady. Harun hem edil şonuň ýaly öz ýaranlaryny

[1] Şurta - polisiýa.

jemlemäge başlady. Näzigiň dost-ýary Harunyň howlusyna tarap ýöneldiler. Harunyň ýakynlary derwezäni mäkämläp ýapanlarynda, ýaranlarynyň käbiri daşynda galypdy. Näzigiň dost-ýarlary olaryň käbirini öldürdiler, köpüsini bolsa ýaraladylar, ýençdiler.

Daşarda galan hemşerileriniň gözgyny halyna çydam edip bilmedik we garşy giderden asgyndygyna göz ýetiren Harun şondan soň derwezäni açdy we ähli ýaranlary bilen daş çykyp, Näzigiň ýakynlarynyň öňünde ýaraglaryny goýdular. Näzigiň ýoldaşlary bu boýun egmä pitiwa etmän, harunlylaryň köpüsini gylyçdan geçirdiler, ençemesini ýaraladylar. Harun hem bu kemsidilmä biperwaý garamasyny bes edip, ýaragyny garbap aldy we öňe okduryldy. Bularyň arasyndaky söweş möwjedi. Şonda Näzik öz ýaranlaryny alyp, gaýra çekildi. Halypa olaryň bu ýagdaýy bes etmegini sorap, çapar iberdi. Mundan soňra gyra çekilişen taraplar az-kem köşeşdiler.

## 329-NJY HIJRI ÝYLY
*(06.10.940-25.09.941 ý.)*

## BERIDINIŇ WASYTA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Beridi öz esgerlerini halypadan baýlyk talap etmäge küşgürýärdi. Halypa olara ýatlanylan mukdardaky baýlygy bereninde, esgerleriniň tamakinligi halypadan Beridä tarap öwrüldi. Beridiniň oýlap tapan hilesi öz başyna dert boldy. Esgerler oňa garşy gitdiler. Deýlemiler Körtegin Deýlemini, türkmenler bolsa Bejkemiň ýigidi Tegin Türkmeni özlerine ýolbaşçy saýladylar.

Deýlemiler gozgalaň turzup, Beridiniň howlusyna ýöneldiler, ol ýerde düşlän agasy Abu Hüseýiniň[1] howlusyny oda

[1] Beridiniň agasy.

berdiler. Berididen içi kitüwli adamlar hem Tegin Türkmene goşulyp, Beridiniň kastyna çykmak we onuň ähli baýlygyny talamak hakda dil birikdirdiler. Olar Nejmä ýöneldiler we özleri bilen pikirdeş garamaýak ilatyň goldawyndan peýdalanyp, Beridiniň üstüne hüjüm etdiler. Beridi derýanyň üstünden geçýän köprini ýumurdandan soňra, söweş suwuň içinde dowam etdi. Garamaýak ilatyň günbatar tarapdan Beridiniň ýaranlarynyň üstüne dökülmegi söweşe aýgytly täsir etdi. Beridi we onuň agasy, ogly Abdylkasym we onuň ýaranlary gaçmaga başladylar, olar derýanyň içi bilen Wasyta ýöneldiler. Beridiniň we onuň serkerdeleriniň Nejmidäki howlulary talandy. Ol oraza aýynyň ahyrlarynda gaçyp gitdi. Ol bu ýerde baryýogy ýigrimi dört gün saklanypdy.

## KÖRTEGIN DEÝLEMINIŇ EMIRLIGINIŇ BEÝANY

Beridi gaçyp gidenden soň, Bagdadyň işlerini dolandyrmak Körtegine ynanyldy. Muttaky Lilläniň ýanyna girende, ol Körtegini emirleri dolandyrmak wezipesine belledi. Gymmatbaha serpaý ýapyp, wezipesi bilen mübärekledi.

Muttaky Lillä Aly ibn Isa bilen onuň dogany Abdyrahman ibn Isany ýanyna çagyrdy we wezirlik derejesini bermezden, bu wezipäni dolandyrmagy şolara tabşyrdy.

Amatly pursaty peýläp ýören Körtegin baýram aýynyň bäşi güni Tegin Türkmeni tutdurdy we ony suwa gark edip öldürtdi. Şeýdip, özüniň esasy bäsdeşini ýok eden Körtegin emirlik işini ýeke özi arkaýyn dolandyrdy.

Baýram aýynyň bäşinde jemlenen mähelle deýlemileriň zulumyndan we olaryň öýlerine dökülmesinden bez bolup, arz-şikaýat etdiler. Nägile raýatlaryň goh-galmagalyny basyp ýatyrmak başartmady. Hatda ilat hatyba namaz okamaga-da

pursat bermedi. Deýlemiler bilen garamaýak ilat garpyşyga girdi. Iki tarapdan hem birnäçe adam öldürildi.

## IBN RAÝYGYŇ BAGDADA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Abu Bekr Muhammet ibn Raýyk Şamdan Bagdada geldi we emirlerbaşy wezipesine bellenildi.

Bejkemiň türkmenleri Mosula baranda, Hamdandan göwün eden zatlaryny görmänsoň, Şama — Ibn Raýygyň ýanyna gitdiler. Olaryň arasynda birnäçe meşhur serkerdeler: Tozan, Hajhaj, Nuştegin, Saýgun (Saýgyn) we beýlekiler bardy. Onuň ýanyna baranlarynda, Ibn Raýygyň Yraga gaýdyp gelmegini isleýändiklerini ýaňzytdylar. Muttakynyň öz ýanyna çagyrýandygy hakdaky hatlar gelensoň, ol oraza aýynyň ýigrimisi gününde Şamdaky işlerini Abylhasan Ahmet ibn Aly ibn Mukatyla tabşyryp, Damaskdan Bagdada tarap ýola düşdi. Mosula ýetende, Nasyreddöwle ibn Hamdan ony ýoldan sowup alyp galdy we biri-biri bilen ylalaşandygy hakda hat alşyp-berişdiler. Ibn Hamdan ýüz müň dinar peşgeş bereninden soňra, Ibn Raýyk Bagdada tarap ýola düşdi.

Körtegin bolsa wezir Kararytyny tussag etdirip, boş aýynda Abu Japar Muhammet ibn Kasym Kerhini özüne wezir edindi. Kararytyň wezirligi kyrk üç gün dowam etdi.

Ibn Raýygyň habary Abu Abdylla Beridä gelip ýetende, ol doganlaryny Wasyta gönderdi we olar bu ýere gelip ýetdiler. Deýlemileri ol ýerden kowup çykaryp, Wasytda onuň adyna hutba okadylar.

Körtegin bolsa Bagdatdan çykyp, Ukbera tarap ýöneldi. Ibn Raýyk onuň yzyndan ýetdi we ol ikisiniň arasynda söweş başlandy. Bu söweş birnäçe güne çekdi.

Gurban aýynyň gutarmagyna dokuz gün galanda, hepdäniň sogapgün gijesi, Ibn Raýyk öz goşuny bilen gijäniň tümlügine duwlanyp, Ukberadan çykdy we säher bilen Bagdada ýetdi. Ol öz goşuny bilen Bagdadyň günbatar tarapyndan girip, Nejmi diýilýän ýerde düşledi. Bir güni ötüreninden soňra halypanyň ýanyna baryp, onuň bilen duşuşdy. Muttaky Lillä onuň bilen Dejläni gämili gezdiler. Soňra öz düşelgelerine ýöneldiler.

Şol gün öýleden soňra Körtegin hem ähli goşuny bilen gündogar tarapyndan Bagdada girdi. Olar Ibn Raýygyň ýaranlaryny ýaňsylap: «Şamdan gelen kerwen nirede düşledikä?» diýişýärdiler. Körteginiň ýaranlary bolsa Bagdadyň gündogar tarapynda düşlediler.

Körteginiň Bagdada gelmegi Ibn Raýygyň ýolbaşçylyk işine bolan umydyny üzdi. Ol goşlary ulaglara ýüklemek we Şama dolanmak hakda buýruk berdi. Adamlar goş-golamlary ýüklemäge başlanlarynda, Ibn Raýyk gitmezinden owal, Körtegin bilen söweşde garpyşyp görmegi ýüregine berk düwdi. Ol esgerleriniň bir bölegine Dejläniň aňry ýüzüne geçmegini, türkmenleriň bolsa olaryň arkasyndan urmagyny buýurdy.

Soňra onuň özi we ýaranlaryndan ýigrimi sanysy sumeýriýä[1] münüp ugradylar. Türkmenler bolsa duşmanyň arkasyndan ok-ýaý atmaga durdular. Olaryň derýanyň aňry ýüzünden gelen ýaranlary bellenilen ýere ýetende, garamaýak ilat bilen Ibn Raýygyň esgerleri belent sesleri bilen gygyryp, duşmany dowla salmaga başladylar. Körtegin bu ahwalaty gördi we özüniň öňünden we arkasyndan esgerler gabawa salandyr diýip pikir etdi. Körtegin bilen onuň ýaranlary gaçyp başlady. Körteginiň özi bir ýerde gizlendi. Garamaýak adamlar kerpiç we beýleki zatlar bilen olary daşlamaga durdular.

Şeýdip, Ibn Raýygyň hökümi güýçlendi. Ol deýlemilerden aman soranlary azatlyga goýberdi. Galan dört ýüz töweregi

[1] Sumeýriýe – gaýygyň bir görnüşi.

adamy bolsa öldürtdi. Olaryň arasyndan, ölüleriň astynda gizlenip galan ýekeje adamdan özgesi aman sypmady. Haçan-da adamlar olaryň jesetlerini arabalara ýükläp, Dejle derýasyna oklanlarynda, ol derýanyň aňry tarapyna ýüzüp geçdi. Ol adam şondan soň hem ep-esli ýaşady.

Deýlemi serkerdelerinden ýesir alnan ondan gowrak adamy hem öldürdiler.

Muttaky bu görkezen hyzmaty üçin, Ibn Raýyga gymmatbaha serpaý ýapdy we ony emirbaşy wezipesine belledi. Abu Japar Kerhini bolsa öý tussaglygyna hököm etdi. Onuň wezirligi otuz üç gün dowam etdi. Soňra bu işleri dolandyrmak Ahmet Kufä tabşyryldy.

Az wagt soňra Ibn Raýyk Körtegini hem ele saldy we ony halypalyk köşgünde tussag etdi.

## 331-NJI HIJRI ÝYLY
*(15.09.942-03.09.943 ý.)*

## SEÝFEDDÖWLÄNIŇ WASYTDAKY ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Beridileriň ol ýerden gaýtmagyndan soňra, Seýfeddöwle ibn Hamdanyň Wasytdaky ýagdaýyny ýatlap geçipdik. Ol Beridini ele salmak üçin, Basra ugramak isläpdi, ýöne maliýe ýagdaýlarynyň pesligi üçin, bu niýeti başa barmandy. Ol oturyp, doganyna hat ýazdy. Oňa hiç hili tabşyryk bermedi. Diňe Tozan bilen Hajhajyň özlerini alyp barşynyň ýaramazlaşandygyny we diňe öz hökümlerini ýöredýändigini beýan etdi.

Nasyreddöwle türkmenleriň agzyny alartmak üçin, Abu Abdylla Kufiniň ýany bilen doganyna zerur baýlygyny iberdi. Bu gürrüňden habardar edilen Tozan bilen Hajhaj bu waka zerarly gozgalaňa düşdüler. Seýfeddöwle bolsa ol baýlygy bu ikisinden gizläp, Bagdada gönderdi. Tozana Jamyda gitmegi

we şol ýeriň hasylyny ýeke özi almagy, Hajhaja bolsa Mezara gitmegi, ol ýeri gorap saklamagy we baýlygyny almagy tabşyrdy.

Seýfeddöwle Yrakdaky türkmenler bilen arasyny sazlap, olaryň özi bilen Şama ýöriş etmegini, ol ýeri we Müsüri eýelemeklerini ýagşy ündeýärdi. Olaryň ýanynda agasyny peselden bolup görkezýärdi. Türkmenler bolsa onuň agasy hakdaky «garaýşyna» ynansalar-da, Şama ýöriş etmek pikirine oňyn jogap bermeýärdiler. Ony agasyndan artyk tutýardylar. Seýfeddöwle hem türkmenleriň göwnüni tapjak bolup, olaryň isleýän zatlaryny kabul edýärdi.

Meret aýynyň ahyrlary bolanda, türkmenler birdenkä Seýfeddöwlä garşy gitdiler we gije onuň üstüne duýdansyzlykda çozdular. Ol öz esgerleri bilen Bagdada gaçyp gitdi. Onuň ähli baýlygy talandy, ýaranlaryndan birnäçe adam öldürildi.

Nasyreddöwle bolsa, Abu Abdylla Kufi onuň ýanyna gelip, ähli habarlary mälim edende, Mosula gitmek üçin erjellik bilen çalyşdy. Muttaky onuň ýanyna baryp, bu ýörişden saklanmaklygy sorady. Nasyreddöwle onuň haýyşyny kabul etdi we niýetinden el çekdi.

Soňra ol barybir Mosula – talanan howlusyna tarap gitdi. Deýlemiler we türkmenler bolsa munuň bäri dolanmagyny oňlaman, gozgalaň etdi. Dolandyryjylyk işi wezirlik ady berilmezden, Abu Yshak Kararyta tabşyryldy.

Nasyreddöwle Abu Muhammet Hüseýin ibn Abdylla ibn Hamdanyň Bagdatdaky emirligi on üç aý bäş gün dowam etdi. Abylapbas Yspyhanynyň wezirligi bolsa elli bir gün dowam etdi.

Şondan soň Seýfeddöwle hem Bagdada geldi.

## SEÝFEDDÖWLÄNIŇ ÝOKARY GALMAGYNDAN SOŇ TÜRKMENLERIŇ HAL-ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Seýfeddöwle Wasytdan gaçyp gidende, türkmenler goşlaryna tarap dolandylar. Şundan soň Tozan bilen Hajhajyň arasyna tow düşüp, ol ikisi emirlik wezipesiniň üstünde çekeleşdiler. Soňra ýagdaýlar bir kaddyna geldi we Tozanyň emir bolmagy, Hajhajyň goşunbaşy wezipesine bellenilmegi bilen bu wakalar köşeşdi. Ara düşen bu towy kemsiz ýuwup-ýylmamak üçin soňra ol ikisi guda garyndaş boldular.

Beridi Wasytyň öz elinde bolmagyny küýseýärdi. Tozan öz nökerlerine Eban derýasyna tarap ýörişe ugramagy buýurdy. Beridi bolsa Wasytyň özüne birikdirilmegini talap edip, Tozanyň ýanyna çapar iberdi. Tozan bu haýyşy örän sypaýyçylykly ret etdi we bitirmedi. Haçan-da çapar yzyna gaýdanda, Tozan onuň yzyndan bir jansyz gönderdi we onuň Hajhaj bilen edýän gürrüňini özüne ýetirmegi tabşyrdy. Jansyz dolanyp geldi we çaparyň Hajhaj bilen duşuşandygyny, olaryň arasyndaky söhbetiň uzak dowam edendigini, Hajhajyň Beridiniň tarapyna geçmek isleýändigini aýtdy.

Tozan özüniň iki ýüz sany ýigidi bilen onuň ýanyna gitdi. Oraza aýynyň on ikinji gijesinde onuň ýatan ýerine duýdansyzlykda hüjüm etdiler. Hajhaj bu hüjümi duýdy we dessine atyny eýerläp, gaçmak isledi. Şol wagt ony ele salyp, Tozanyň ýanyna — Wasyta getirdiler. Wasyta eltilen ikinji gününde, dönükligi üçin onuň gözüni oýdular.

## SEÝFEDDÖWLÄNIŇ BAGDADA DOLANMAGYNYŇ WE ONDAN GAÇYP GITMEGINIŇ BEÝANY

Ýokarda ýatlap geçişimiz ýaly, Seýfeddöwle gaçyp, agasynyň ýanyna baranda, Tozan bilen Hajhajyň arasyndaky agzala-

lyk hakdaky habar hem gelip ýetdi. Seýfeddöwle indi Bagdat hakda göwün ýüwürtdi we yza dolanyp söweş meýdanynda düşledi. Ol Muttaky Lilläniň ýanyna çapar iberip, Tozan Bagdada ýöriş etse, onuň bilen garpyşmak üçin pul-baýlyk bermegini sorady. Muttaky dessine oňa dört ýüz müň dirhem pul iberdi. Seýfeddöwle olary ýaranlarynyň arasynda paýlady. Bu wakany eşidip, Bagdatda gizlenip ýören öňki ýaranlary hem kem-kemden üýşüp ugradylar. Olar oraza aýynyň on üçi güni Bagdada bardylar.

Seýfeddöwläniň Bagdada baranlygy hakdaky habar Tozana gelip ýetende, ol Gaýaglygy üç ýüz adama baş edip, özüniň Wasytdaky ornunda oturtdy. Özi bolsa Bagdada sary ugur aldy.

Tozanyň ugrady habaryny eşiden Seýfeddöwle, özüne goşulan Bagdat goşunlaryny alyp, söweş meýdanyndan göterilmek bilen boldy. Gaçyp gidenleriň arasynda Hasan ibn Harun hem bardy.

## TOZANYŇ EMIRLIGINIŇ BEÝANY

Seýfeddöwläniň Bagdatdan çekilendigini ýokarda ýatlapdyk. Ol Bagdatdan çykan dessine, Tozan şähere girip başlady. Ol oraza aýynyň ýigrimi bäşi güni Bagdada girdi. Bu türkmenden göwni suw içmeýän Muttaky üçin başga sypalga, çykalga galmady. Muttaky ony ýagşy garşylap, Tozana gymmatbaha serpaý ýapdy we emirlerbaşy wezipesine belledi. Abu Japar Kerhä bolsa, edil Kufi ýaly, işlere gözegçilik etmek wezipesi ynanyldy.

Tozanyň Wasytdan giderine mähetdel, Beridi şol ýere tarap goşun sürdi. Tozanyň ol ýerde goýup giden ýaranlary Bagdada tarap ökje göterdiler. Bagdatdaky işler birýüzli bolup, hemme zat ýerli-ýerine gelýänçä, Tozana Wasyta aşmak başartmady. Ol boş aýynyň hem ep-esli bölegi geçýänçä şol ýerde boldy.

Tozan Seýfeddöwläniň ýakynlaryndan bolan Seman diýilýän bir hormatly ýigidi ýesir alypdy. Ol muny boşadyp, hezzet-hormat etdi we Seýfeddöwlaniň ýanyna iberdi. Şol sebäpli hem Tozanyň Beni Hamdanyň (Hamdan neberesiniň) arasyndaky hormaty belent boldy.

Soňra Tozan Beridini ele salmak üçin Wasyta gaýtdy. Şol wagt hem Abu Japar ibn Şirzat Berididen gaçyp, Tozanyň tarapyna geçdi. Tozan muny ýagşy kabul etdi we gelenine şatlandy. Ähli işlerini hem şoňa ynandy.

## 333-NJI HIJRI ÝYLY
*(24.08.944-12.08.945 ý.)*

## ABYLHÜSEÝIN BERIDINIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE ODA ÝAKYLMAGYNYŇ BEÝANY

Şu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Abylhüseýin Beridi Tozandan aman sorap, Bagdada geldi. Tozan oňa aman berdi. Abu Japar ibn Şirzat bolsa ony öz howlusynyň gapdalynda ýerleşdirdi, hezzet-hormat etdi. Doganoglanynyň garşysyna elini mäkäm düwmegi sorady. Eger Basrany eýelese, oňa köp mukdarda baýlyk eçiljekdigini, elmydama goldap we ýardam berip durjakdygyny söz berdi. Doganynyň oglunyň Basradan iberen baýlygy bilen ol Tozana we Ibn Şirzada hyzmat etdi. Bular hem oňa halat-serpaý ýapdylar we ony öz wezipesinde galdyrdylar.

Abylhüseýin bu zatlary bilende, Ibn Şirzadyň tutulmagyny talap edip, Tozana hat ýazdy. Ibn Şirzat muny dessine duýdy we onuň özüniň tutulmagy üçin şeýle bir jan etdi. Soňra ony ýüpe daňdylar we erbet urdular.

Abu Abdylla ibn Abu Musa Haşymy Nasyreddöwläniň hökümdarlyk eden döwründe onuň ganyny dökmäge rugsat berýändigi hakda fakyhlardan we kazylardan pitiwa alypdy.

Ony, kazylary hem-de fakyhlary paýtagta ýygnadylar. Abylhüseýini orta çykardylar we fakyhlardan pitiwanyň dürslügi ýa-da nädürslügi hakda soradylar. Olar bir agyzdan şeýle pitiwa berendiklerini boýun aldylar. Onuň kellesini kesmek hakda buýruk berlen dessine, ony öldürdiler we germesatan edip, daňyp goýdular. Soňra aşak düşürdiler we otladylar. Onuň howlusyny taladylar. Ine, şu hem Beridileriň iň soňkusydyr. Şunuň bilen olaryň häkimligi tamam boldy. Ol gurban aýynyň ortalarynda öldürildi.

## 334-NJI HIJRI ÝYLY
*(13.08.945-01.08.946 ý.)*

## TOZANYŇ DÜNÝÄDEN ÖTMEGINIŇ WE IBN ŞIRZADYŇ EMIRLIGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Tozan özüniň Bagdatdaky howlusynda dünýäden ötdi. Onuň emirligi iki ýyl dört aý on dokuz gün dowam etdi.

Tozan dünýäden ötende, Ibn Şirzat oňa degişli ähli baýlygy öz adyna geçirdi. Tozanyň emirlik wezipesini Nasyreddöwle ibn Hamdana bermek niýeti äşgär bolanda, esgerler topalaň turuzdylar. Olar özleriniň başynda Ibn Şirzadyň durmagyny islediler. Ol sapar aýynyň başynda gelip, söweş meýdanynda düşledi. Goşunlaryň ählisi onuň öňünden çykyp, jem boldular we oňa kasam etdiler. Müstekfi Billäniň hem oňa kasam etmegi üçin çapar iberdiler. Müstekfi muny kabul etdi we kazylaryň hem-de adalatly adamlaryň öňünde ony ykrar etdi. Ibn Şirzat onuň ýanyna bardy we hormatly ýagdaýda emirlerbaşy wezipesi bilen dolanyp geldi.

Mundan soň goşunlaryň sany şeýle bir köpeldi welin, olara harçlanylýan baýlyk ýetmezçilik edip ugrady. Ol Mosulda gezip ýören Nasyreddöwläniň ýanyna Abu Abdylla Muhammet

ibn Abu Musa Haşymyny iberdi we esgerlere harçlar ýaly baýlyk ibermegini sorap, ýüz tutdy. Onuň deregine bolsa ýolbaşçylyk wezipesiniň gaýtarylyp beriljekdigine kepil geçdi.

Nasyreddöwle oňa bäş ýüz müň dirhem we örän köp mukdarda azyk ýollady. Ibn Şirzat iberilen baýlygyň ählisini esgerlerine paýlap berdi. Emma bu ýeterlik bolmady. Ondan soň ol işgärleriň, kätipleriň, täjirleriň we beýlekileriň hakyny gijikdirip, olary hem esgerleriň paýyna goşdy. Muny eşiden adamlar Bagdatda topalaň turuzdy.

Ogrular peýda bolup, mal-baýlyklary talamaga başladylar. Täjirler hem bu ýerden göterilmek bilen boldular. Ýagdaýlary täze bellenilen ýolbaşçylar bilen kadalaşdyrmak üçin, ol Wasyta Ýynal Köşäni, Tekrite bolsa Leşgerini häkim belledi.

Ýynal hakda aýtsak, ol Muyzzyddöwle ibn Buweýhiň kätibidi. Ol Ýynaly ýanyna çagyrdy we şonuň bilen bile işleşdi. Feth Leşgeri bolsa Nasyreddöwläniň ýanyna Mosula gitdi.

## MANSUR IBN GARATEGINIŇ HORASANA HÄKIM BELLENILMEGINIŇ BEÝANY

Emir Nuh Buhara dolanyp, ýurt işlerini ýola goýanda, Saganyýada Abu Aly, Merwde bolsa Abu Ahmet Muhammet ibn Aly Kazwini otyrdy. Nuh Mansur ibn Garategini Horasan esgerleriniň serkerdeligine bellemegi makul bildi. Onuň ýanyna Abu Ahmedi hem goşup, Merwe ugratdy. Merw bilen Amulyň arasyndaky çeşmeler bu wagt gowy dolup-daşypdy. Abu Aly muňa gabatlaşdy we soňra ondan yza çekildi.

Mansur ol ýere iki müň söweşijisi bilen ýöneldi. Emma Kazwini Merwden bäş parsah uzaklykdaky Kuşmähinde[1] düşleýänçä, Mansur dagydan bihabar galdy.

---

[1] Kuşmeýhan bolmagy hem mümkin.

Mansur Merwe geldi we ony eýeledi. Abu Ahmet Kazwini ony ýagşy garşylady, hezzet-hormat etdi. Soňra ony ýaranlary we goş-golamy bilen Buhara ugratdy. Bu ýere gelip ýetende emir Nuh oňa köp ýagşylyk etse-de, ýerine başga birini häkim belledi. Ol birnäçe günleri Kazwininiň özüni inkär edip ýazan ýazgylaryny gözläp geçirdi. Soň ony ýanyna getirtdi, eden günäleri üçin gözýaş dökdürdi, toba etdirdi. Emma dyza çökmeler we gözýaşlar ony halas etmedi. Ahyrsoňunda hem Nuh ony öldürtdi.

## 339-343-NJI ÝYLLARDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

339-njy ýylda belli hekim we pelsepeçi, birnäçe eserleriň ýazary Abu Nasr Muhammet ibn Muhammet Faraby Damaskda dünýäden ötdi. Ol Ýuhanna ibn Haýlanyň şägirdidir. Ýuhanna Muktadyr Billäniň hökümdarlyk eden döwründe aradan çykypdy.

341-njy ýylda Rukneddöwle Reýden Tabarystana we Gürgene, ol ýerden bolsa Nusaý etraplaryna ýöriş etdi. Rukneddöwle Nusaýy eýeledi we ol ýerden ýene Reýe dolandy. Ol Hasan ibn Firuzany we Aly ibn Kämi Gürgende öz ornuna belledi. Rukneddöwle ol ýerden yzyna dolananda, Wuşmegir oňa garşy söweşe çykdy we ýeňildi. Wuşmegir lapykeç yzyna dolandy.

343-nji ýylda Ebreajy Bagdat şurtalygyndan (ýasawulbaşy wezipesinden) boşadyldy we onuň üç ýüz müň dirhemlik sermaýasy elinden alyndy. Onun ornuna bolsa türkmenleriň aksakgaly Begbeýik bellenildi.

343-nji ýylyň rejep aýynda Muyzzyddöwle Söbükteginiň baştutanlygyndaky goşuny Şährizura iberdi.

Söbüktegin şol welaýatlarda 344-nji ýylyň aşyr aýyna çenli saklandy. Ýöne ony basyp almak mümkin bolmansoň, yzyna

dolandy. Horasan esgerleriniň Reýe tarap ýörişe çykmagy, onuň dolanmagyna sebäp bolan zatlaryň biridir. Yzyna dolanan Söbüktegin aşyr aýynda Bagdada gelip ýetdi.

## 344-NJI HIJRI ÝYLY
*(27.04.955-14.04.956 ý.)*

## HORASANLYLARYŇ REÝE WE YSPYHANA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Horasan esgerleri Reýe ýörişe çykdy. Olaryň başynda aşyr aýynyň ilki günlerinde Gürgenden gelen Rukneddöwle bardy. Ol agasy Muyzzeddöwlä hat ýazyp, özüni goldamagyny sorady. Muyzzyddöwle Hajyp Söbükteginiň baştutanlygyndaky esgerlerini onuň ygtyýaryna berdi. Çöl ýollarynyn üsti bilen Horasandan ýene birnäçe esgeri Yspyhana gönderdi. Olaryň başynda bolsa emir Abu Mansur Buweýh ibn Rukneddöwle durdy.

Bularyň habary gelip ýetende, ol atasyna degişli ähli hazynalary we aýal-gyzlary alyp, Yspyhandan çykdy we Han Lenjan diýlen ýerde düşledi. Horasan esgerleriniň goşunbaşysy Muhammet ibn Makandy. Olar Yspyhana ýetdiler we şähere girdiler. Soň Muhammet ibn Makan Buweýhi gözläp, ol ýerden çykdy we hazynalaryň üstünden bardy. Hazynalara eýe çykansoň, ýene-de Buweýhiň yzyna düşdi. Allanyň bagyş eden lutfykeremi bilen Rukneddöwläniň weziri Ussat Abylfazl ibn Amyt bulara gabat geldi. Muhammet ibn ýüzbe-ýüz bolan wezirini girewine aldy we uzak wagt geçmänkä hem ony öldürtdi. Ibn Amydyň ýaranlary ýeňlişe sezewar bolup, çar ýana gaçmaga başladylar. Muhammet ibn Makanyň nökerleri bolsa, ýeňiş badasyndan serhoş boluşlaryna talaňçylyga ýüz urdular.

## 349-361-NJI ÝYLLARDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

349-njy ýylda Horasanyň we Mawerannahryň häkimi Abdylmälik özüniň serkerdeleriniň we emirleriniň iň ekabyry Nejtegini tutdurdy we ony öldürtdi. Bu ýagdaýy eşiden horasanlylar gozgalaň etdi.

Bu ýyl Müsürden baran hajylar haj möwsüminden gelýärkäler, bir jülgede düşlediler we gijesini şol ýerde geçirmekçi boldular. Ýary gijeler töweregi güýçli sil gelip, olaryň ählisini goş-golamy we düýeleri bilen düýrüp äkidip, deňze oklady.

351-nji ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Horasanyň we Mawerannahryň häkimi emir Mansur ibn Nuh, özüniň käbir uly serkerdeleriniň ýanyna çapar iberip, ýanyna gelmegini talap etdi. Emma Alptegin atly serkerde ondan boýun towlady.

Emir onuň üstüne goşun gönderdi. Olar bilen söweşe giren Alptegin, olary derbi-dagyn etdi, has tanymal we wezipeli serkerdelerini ýesir aldy. Olaryň arasynda emir Mansuryň öz daýysy hem bardy.

354-nji ýylda türkmenleriň bir taýpasy Hazar ýurduna hüjüm etdi. Hazarlylar Horezm illerinden kömek soradylar. Emma olar ýardam bermediler we: «Siz kapyr kowum, eger musulman bolsaňyz, size kömek ederdik» diýdiler. Şonda olaryň patyşasyndan galany yslama girdi. Horezmliler olara kömek etdi, olary türkmenleriň ezýetinden sowdular. Mundan soň hazarlylaryň patyşasy hem yslamy kabul etdi.

361-nji ýylda Horasanyň we Mawerannahryň häkimi emir Mansur ibn Nuh Samanly bilen Rukneddöwle hem-de ogly Adudeddöwläniň arasynda ýaraşyk baglaşyldy. Bu ýaraşyga görä, Rukneddöwle we Adudeddöwle her ýylda oňa ýüz elli müň dinar tölemäge borçlandylar.

Nuh Adudeddöwläniň gyzyna hem öýlendi we galyň hökmünde oňa görlüp-eşidilmedik derejede sowgat-serpaý

gönderdi. Olaryn arasynda ylalaşyk hakdaky şertnama gol çekildi. Bu möhür basylyşyna Horasanyň, Parsyň we Yragyn ýokary wezipeli, mertebeli adamlary hem gatnaşdy.

Bu şertnamanyň baglaşylmagy üçin esasy alada-yhlas eden, Horasan goşunlarynyň serkerdesi Muhammet ibn Ybraýym ibn Simjür bolup, ol emir Mansuryň tarapyndandyr.

## 362-NJI HIJRI ÝYLY
*(12.10.972-01.10.973 ý.)*

## KERHIŇ ODA ÝAKYLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Kerh şäheri örän uly ýangyna duçar boldy.

Gämi hojaýynynyň pukaraja birini öldürmegine birtopar jemagatyň we türkmenleriň aşa gahary geldi. Bu hojaýyn gaçyp, bir türkmeniň howlusyna özüni atdy. Emma ony gözden sypdyrmadylar we üstünden baryp, howludan süýräp çykardylar, öldürdiler we jesedini otladylar. Onuň ölümi bilen il-günüň gazaby köşeşibermedi. Beýle adalatsyzlyga jany ýanan mähelle zyndanlaryň gapylaryny açyp, içindäkileriň ählisini çykardylar.

Wezir Abylfazl bu wagt jenaýatkärleri tutmak üçin ýola düşüpdi. Ol Safy diýilýän derwezebanyny Kerhiň ähli ilatyny gyrar ýaly ýygyn toplamaga ugratdy. Ol sünni mezhebine uýýan aşa ýňdarma adamdy.

Soňuny saýmazlyk bilen ýakylan ot tiz tutaşdy we Kerhiň birnäçe ýerlerinde örän uly ýangyn peýda boldy. Otdan halas bolup bilmän, köýen ynsanlaryň sany on ýedi müň adama ýetdi. Üç ýüz sany dükan, birnäçe howlular, otuz üç sany metjit we bihasap baýlyk oduň içinde galdy.

## 363-NJI HIJRI ÝYLY
*(02.10.973-20.09.974 ý.)*

## BAGTYÝARYŇ WE ONUŇ ÝARANLARYNYŇ ARASYNDAKY ÇAKNYŞYGYŇ BEÝANY

Bu ýyl Ahwazdaky türkmenleriň we deýlemileriň arasynda gozgalaň boldy. Bu çaknyşyk soňlugy bilen ähli Yragy gurşap aldy we has güýçlendi.

Onuň sebäbi hem Yzzaddöwle Bagtyýaryň baýlygy azalanda, esgerleriň oňa bolan garaýşy üýtgedi, onuň üstüne sürnüp başladylar we garşysyna gitdiler. Olara hökümini ýöretmek Yzzaddöwlä kyn düşdi. Şol sebäpli ol dalda gözläp, Mosula gitdi. Ýöne bu ýerde hem mesele çözülmedi. Ol Ahwaza Bahtegin Azat Ruweýhiň ýanyna gitmegi we öz ýagdaýyny mälim etmegi göwnejaý bildi. Sebäbi Bahtegin şol ýeriň dolandyryjysydy. Bu sebäpleri oňa ýaňzydyp, ondan we beýlekilerden karzyna baýlyk almagy niýet edipdi. Söbüktegin Türkmeni öz ornuna goýup, ähli işleri oňa tabşyranyndan soňra, Bagtyýar esgerleri bilen ýola çykdy.

Ol Ahwaza ýetende, deýlemileriň birnäçesi Ahwazdaky käbir öýlerde düşlediler. Bularyň käbiriniň golaýynda bolsa türkmenler ýerleşipdi. Deýlemilerden bir ýigit türkmenler bolýan mähellede atlar üçin agyl gurmakçy bolanda, türkmen ýigidi oňa garşy boldy. Türkmenler öz ýerleriniň alynmagyny ýokuş gördüler we ata münüp, jylawyny dartdylar. Deýlemiler hem, edil türkmenler ýaly, ata mündüler we ýaraglaryny ýalaňaçlap, ele aldylar. Olaryň arasynda bolup geçen çaknyşykda türkmen serkerdeleriniň käbiri öldürildi. Türkmenler bolsa öz serkerdeleriniň aryny talap edip, edil şonçarak deýlemi serkerdesini gylyçdan geçirdiler. Soňra olaryň ählisi şäheriň daşyna ala meýdana çykdylar.

Bagtyýaryň pitnäni ýatyrmak üçin, yhlas edenligine garamazdan, bu oňa başartmady. Deýlemiler ondan näme etmelidigi hakda maslahat soranlarynda, ol ýurdy arassalamak üçin türkmen ýolbaşçylaryň käbirini tutmagy maslahat berdi.

Olar Azat Ruweýhi we onuň kätibi Sehl ibn Beşeri, Söbükteginiň gaýynatasy Horezm goşunbaşysy Bektijury getirdiler. Olary tussag etdiler we gandallap goýdular. Deýlemiler bu pursatdan peýdalanyp, türkmenleriň üstüne döküldiler. Baýlyklaryny, goş-golamlaryny, mallaryny taladylar. Iki arada örän köp adam öldürildi. Türkmenler bu söweşde asgyn gelip, yza çekilmäge mejbur boldular. Bagtyýar Söbükteginiň bu ýerdäki mülk ýerine eýe çykdy we ony öz adyna geçirdi. Ol Basrada jar çekip, islendik türkmeniň ganyny dökmäge rugsat berýändigini yglan etdi.

## BAGTYÝARYŇ HILESINIŇ ÖZ BAŞYNA DÜŞMEGINIŇ BEÝANY

Bagtyýar öz ejesi we gyz uýalary bilen dilleşdi. Ol ekabyr türkmenleri tutup, şolaryň aladasyndan belli-külli dynmak üçin «Bagtyýar öldi» diýip hat ýazdyrdy. Adamlara agy-yza edip oturmagy, Söbüktegin ýanlaryna gelen dessine hem ony tutmaklaryny tabşyrdy.

Bagtyýar hälki türkmenleri tussag edende, şu ýagdaýy mälim edip, guşlaryň ganatyna hat gysdyryp ugradypdy. Ýazgy ele düşen dessine, onuň howlusyndan agy sesleri, goh-galmagal eşidilip başlandy. Eşiden dessine Söbüktegin ýanlaryna geler diýip, onuň öldi habaryny ýaýratdylar.

Söbüktegin bu hakda eşidende, ol habary we habaryň nähili gelendigini anyklamak üçin çapar iberdi. Emma ýürekden ynam edere zat tapmadylar we muňa şübheli garadylar.

Mundan köp wagt geçmänkä, türkmenleriň bir jansyzy gelip, ähli wakalaryň takygyny habar berdi. Söbüktegin şonda

Bagtyýaryň hile gurandygyny aňdy. Türkmenler bir ýere jem bolup, Söbüktegini özlerine emir bellemekçi boldular. Emma Söbüktegin bu teklipden boýun towlady. Abu Yshak ibn Muyzzyddöwlä hat ýazyp, agasy bilen arasyndaky ýagdaýyň ýaramazlaşandygyny we ony düzeltmek islemeýändigini, gadyryň bilinmän, özüňe ýamanlyk edilen ýerinde, tabynlykdan boýun gaçyrmagyň aýyp däldigini, dolandyryjylyk işleriniň bolsa özüne berilmegini ýaňzydyp hat ýazdy.

Abu Yshak bu haty ejesine görkezende, ol beýle erk-ygtyýaryň bir türkmene berilmegine garşy çykdy.

Bu ýagdaýlardan habarly Söbüktegin türkmenler bilen atlandylar we gelip, iki günläp diýen ýaly Bagtyýaryň howlusyny gabap sakladylar. Soňra ony otladylar we içine girdiler. Muyzzyddöwläniň iki ogly – Abu Yshak bilen Abu Tahyry, olaryň ejesini we ýanyndakylaryň ählisini tussag etdiler.

Olar suw üsti bilen Wasyta aşmaga mümkinçilik döretmegini soranlarynda, Söbüktegin bular bilen deň bolup durmady. Olaryň haýyşyny bitirdi we gämi bilen ýola saldy. Mutyg Lillä hem bular bilen ugrapdy. Emma Söbüktegin onuň yzyndan adam iberdi we ony öz öýüne sary yza gaýtardy. Bu wakalar şol ýylyň boş aýynyň dokuzynjy güni bolup geçdi. Söbüktegin Bagtyýaryň Bagdatdaky ähli mülküni eýeledi. Türkmenler deýlemileriň howlularyna inmäge başladylar we olaryň baýlyklaryny agtaryp almaga durdular. Sünnileriň Söbükteginiň tarapyny tutýanlygy üçin, beýleki adamlar gozgalaňa düşdi. Çünki beýleki adamlaryň aglabasy şaýylar bolup, Söbükteginiň özi sünnileriň däp-dessuryny tutýardy. Söbüktegine halat-serpaý ýapdylar, goşunbaşylaryny we serkerdelerini bellediler. Esgerler şaýylara garşy baş göterip, söweşe girdiler. Olaryň arasynda gandöküşikli uruş bolup geçdi. Kerh ikinji gezek örän uly ýangyna — oda gabsaldy. Bu söweşde sünniler üstün çykdy.

# 366-NJY HIJRI ÝYLY
*(30.08.976-18.08.977 ý.)*

## SÖBÜKTEGIN NESILŞALYGYNYŇ DÖREMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Söbüktegin Gaznany we oňa tabyn ýerleri basyp aldy. Ol aslynda samanlylaryň Gaznadaky goşunynyň serkerdesi Abu Yshak ibn Alpteginiň ýigitlerinden bolup, köp halatda işlerini hem şol dolandyrýardy. Emir Mansur ibn Nuhuň döwründe ol Abu Yshak bilen Buhara bardy. Emirler ony akylly, namysjaň, gaýratly we dürs garaýyşly adam hökmünde tanaýardylar.

Söbüktegin Gazna dolanyp geldi. Emma Abu Yshak uzak wagt geçmänkä aradan çykdy. Abu Yshak aradan çykmanka, ýolbaşçylyk wezipesine ne öz öýünden, ne-de garyndaşlaryndan birini saýlady. Onuň esgerleri bir ýere jemlenip, Abu Yshagyň işini alyp gitjek we agyzlaryny bir etjek adam hakda pikirlendiler. Dürli pikirlerden soňra olaryň nazary Söbükteginde jemlendi. Söbükteginiň akylyny, dindarlygyny, gaýratlylygyny, haýyr işdäki kämilligini görenlerinde, ony özlerine öňbaşçy saýladylar, işleri şoňa tabşyrdylar we oňa wepalylyk kasamyny etdiler, Söbüktegine gulak asdylar. Şeýdip, Söbüktegin olaryň hökümdary boldy we olaryň işini kemsiz alyp bardy, döwlet işlerini iň ýagşy syýasat bilen dolandyrdy. Halu-malda[1] özüni edil olaryň biri ýaly alyp bardy. Her hepdede iki gezek özüne degişli mülk ýerden olar üçin azyk-owkatlyk getirderdi.

Soňra Söbüktegin esgerlerini ýygnady we Hindistan tarapa jihada ugrady. Onuň bilen hindileriň arasynda şeýle bir aýylganç uruşlar bolup geçdi, hatda şony görse, ýaş çaganyň hem saçy agarardy. Söbüktegin olaryň ýurtlaryny basyp alyp, talaň-

---

[1] ähli ýagdaýda we baýlykda.

çylygy olaryň üstünden musallat etdi. Olar bilen söweş etmeklige şeýle bir suwsady welin, hindiler ondan gorkusyna öz ýurtlarynyň galalaryny we hazynalaryny giňden açmaga başladylar. Söbüktegin olardan sanlaryň hasabyna sygmajak derejede örän köp adamy öldürdi.

Şeýle söweşleriň birinde hindiler örän köp goşun bilen söweşiň dowamlylygyny artdyryp, barha uzaga çekýärdiler. Musulmanlaryň bolsa azygy gutaraňkyrlapdy. Ätiýaçlyk azyk edinmäge bolsa ýagdaýlary ýokdy. Esgerler bu ýagdaý sebäpli Söbüktegine arz edenlerinde, ol: «Men elmydama ýanyma ybrat hökmünde ýarma göterýärin. Tä Alla bizi begendirýänçä, men häzir şony siziň araňyzda deňme-deň paýlamakçy» diýdi. Ol şeýdip, her ynsana ýetdiginden, bir käse dolusyndan ýarma paýlady we özüne hem edil şolaryňky ýaly aldy. Söbüktegin şeýdip, gije-gündiz esgerlerine ýarma paýlap geçdi. Esgerler şol iýmit bilen kapyrlara garşy aýgytly söweşe girdiler. Alla olara ýeňiş we üstünlik bagyş etdi. Musulmanlar olardan birnäçesini öldürdiler, örän köpüsini ýesir aldylar.

## SÖBÜKTEGINIŇ KUSDARY WE BUSTY DOLANDYRMAGYNYŇ BEÝANY

Mundan soňra Söbüktegininiň şan-şöhraty beýgelip, gadyrgymmaty göge galdy, il içindäki abraýy arşa göterildi. Her kim ýardam-kömek isläp onuň synyndan ýapyşdy. Hatda uly emirleriň hem käbiri, mysal üçin Bustuň häkimi Dogan atly emir hem ondan ýardam-kömek isläp gelipdi.

Munuň kömek soramagynyň sebäbi, Baby Tur ady bilen tanalýan emir oňa garşy çykyp, Bust şäherini eýeläpdi. Güýçli çaknyşykdan soňra Dogany ol ýerden çykarypdy. Söbüktegin Dogana ýardam bermek niýeti bilen ýola düşdi. Ol eden kömegi üçin belli bir möçberdäki baýlygy we özüne boýun bolmagy

Dogandan talap etdi. Ýarag-esbabyny şaý edip, onuň bilen ýola düşdi we Bustuň öňündäki meýdanda düşledi. Söbüktegin Baby Tur bilen agyr söweşe girdi. Baby Tur ýeňildi we onuň ýaranlary dumly-duşa pytrady. Dogan öz ýurduny yzyna gaýdyp aldy.

Ýagdaýlar durgunlaşandan soň, Söbüktegin ondan boýnuna goýan baýlygyny talap etdi. Emma Dogan ony bermegiň möhletini yza çekdi. Munuň üçin Söbüktegin oňa gaharlandy. Dogan özüniň nadanlygy sebäpli, gylyjyny syryp, Söbükteginiň elinden saldy we ony ýaralady. Söbüktegin hem gylyjyny aýlap saldy we ony ýaralady. Esgerler ol ikisiniň arasyna böwet boldular. Dogan dyza çökdi, Söbüktegin bolsa Busty doly öz adyna geçirdi.

Mundan soňra Söbüktegin Kusdara ýöriş etdi. Baryp-gelmesiniň, ýollarynyň agyrlygy sebäpli bu ýeriň häkimi Söbüktegine boýun bolmakdan ýüz dönderipdi. Galalarynyň mäkämligi we ýollary aşmagyň kynlygy ony Söbükteginden gorar diýip güman edýärdi. Söbüktegin bu ýere gizlin goşuny yhlas bilen çekdi. Hatda atyň üstünde duranlygyna garamazdan, Kusdaryň häkimi bularyň geleninem duýmady. Ony howlusynyň içindekä ele saldylar. Soňra oňa ýagşylyk edip, ýene öňki wezipesine belledi we bermeli salgydyň mukdaryny kesgitlediler.

## HINDILERIŇ YSLAM ÜLKELERINE ÝÖRIŞI WE OLARYŇ SÖBÜKTEGIN BILEN ARALARYNDA BOLAN WAKALARYŇ BEÝANY

Söbüktegin Bust we Kusdar şäherleriň işlerini birýüzli edensoň, hindileriň üstüne söweşe gitdi. Olaryň daglaryň depesinde bent edilen mäkäm galalarynyň birnäçesini basyp aldy we yzyna ýeňiş bilen sag-salamat dolandy.

Hindileriň patyşasy Jibal Söbükteginiň öz ýurdunyň çar tarapyny basyp alandygyny göreninden soň, gyssagly köp sanly

esger we pil toplamaga girişdi. Şeýde-şeýde Söbükteginiň welaýatyna çenli bardy. Sebäbi onuň gulagynda şeýtanyň guzlan ýumurtgasy eýýäm jüýjeläpdi. Söbüktegin Gaznadan dolanyp, munuň bilen söweşe girdi. Bu darkaş örän köp günläp dowam etdi. Iki tarap hem sabyr-takat, çydamlylyk we gaýrat görkezdiler.

Şol ýeriň golaýynda Gowrak diýen dag geçelgesi bolup, onuň goýnundan hiç hili hapa durumsyz çeşme çogup çykýardy. Eger hapa zatlaryň biri çeşmä oklanaýsa, asmanyň ýüzüni duman tutup, ýeller öwsüp başlardy. Gök gürrüldisi, ýyldyrym, ýagyn-ýagmyr köpelip, bu hadysalar tä şol hapa zat çeşmeden çykarylýança dowam ederdi[1].

Söbüktegin hapa-nejasady şol çeşmä oklamaklaryny buýurdy. Şondan soň birdenkä gara bulutlar asmany gaplap, gök gürrüldisi we ýyldyrymlar peýda bolup başlady. Hindileriň başynda kyýamat gopana döndi. Sebäbi olar ömründe görmedik gorkunç hadysalaryna nazar salyp durdular. Asmanyň zenzelesi we ýagyş-ýagmyry dowam edýärdi. Howanyň sowamagy güýçlendi, hatda adamlaryň köpüsi heläk bolup, olaryň gider ýollary hem baglanypdy.

Hindileriň patyşasy ýaraşyk isläp, Söbükteginiň ýanyna çapar iberdi. Iki arada çaparlar gatnady we ogly Mahmydyň garşy çykmagyna garamazdan, ummasyz baýlygyň, ýurduň tabşyrylmagy we elli sany daýaw söweşjeň piliň salgyt hökmünde tölenmegi bilen ýaraşyk baglaşdylar. Ýurt tabşyrylýança, patyşanyň ýakyn adamlaryndan birnäçesini girew hökmünde aldy. Söbüktegin galanlary bilen ýurdy kabul etmäge ýöneldi. Baýlyklar we piller dessine getirildi. Emma Jibal ol zatlary almaga giden musulmanlaryň köpüsini, girew goýan adamlarynyň deregine alyp galdy we uzak wagtlap saklady.

---

[1] Bu çeşme hakda «Ajaýybul-mahlukat», «Ajaýybed-dünýä» ýaly tebigy täsinlikleri beýan edýän ýene birnäçe kitaplarda agzalýar.

Söbüktegin bu hakda eşidende, esgerlerini jemledi we Hindistana gaýtadan ýöriş etdi. Her geçen ýurduny haraba öwürdi. Olaryň iň mäkäm galalarynyň biri bolan Mugana tarap ýola düşdi we ony rehimsizlik bilen basyp aldy. Buthanalaryny ýer bilen ýegsan edip, olaryň ýerine yslam baýdaklaryny dikdi. Soňra olaryň ýurtlaryny basyp almak we ilatyny gyrgyna bermek üçin, söweşini dowam etdirdi. Göwün diýen maksadyna ýetensoň, Gazna dolandy.

Bu habarlar Jibala gelip ýetende, ol näme ederini bilmedi. Esgerlerini jemledi. Ýüz müň sany söweşijisi bilen urşa ugrady. Onuň bilen garpyşmaly bolanda, Söbüktegin öz esgerlerine söweşi gezekleşip alyp barmagy buýurdy. Olar şeýle hem etdiler. Hindileriň ählisi birlikde söweşe girse, musulmanlar gezekleşip, ýadasa, orunlaryny çalşyp söweşýärdiler. Söweşiň dowamlylygy zerarly hindiler ysgyndan gaçyp, bizar bolup başladylar. Hindileriň ählisi birdeň bat alyp, hüjüme geçdi. Ýagdaý ýitileşdi we dartgynlaşdy. Şonda musulmanlaryň hem ählisi birlikde öňe okduryldy. Bir-birleri bilen garym-gatym boldular. Uzak wagtdan bäri dynuwsyz söweşip duran hindiler ýeňlişe duçar boldular. Syrylan gylyçlar olary çar tarapdan daraýardy. Bihasap baýlyk we adamlar ýesir alyndy. Örän köp goş-golam, baýlyk we mallar ele salyndy.

Hindiler bu söweşden soň örän pese düşdi. Mundan soňra olarda tugdur baýdak bolmady.

Bu söweşden soňra Söbükteginiň güýç-kuwwaty artdy we owganlylar hem halaçlylar onuň tabynlygyna girdiler.

# 372-NJI HIJRI ÝYLY
*(26.06.982-14.06.983 ý.)*

## BEKJÜRÜŇ DAMASKY DOLANDYRMAGYNYŇ BEÝANY

366-njy ýylda Abylmagaly ibn Seýfeddöwle ibn Hamdan tarapyndan Bekjürüň Hymsy dolandyrandygyny ýatlapdyk. Ol Hymsy dolandyranda ony gowy dikeldipdi.

Kassamyň dolandyran döwründe Damask şäherini araplar hem-de wagşyýana we bozgak adamlar haraba öwrüpdi. Onuň ilaty Hymsa tabyn ýerlere göçüp, şol ýerlerde ornaşdy. Bu sebitleriň ilaty we azygy barha artdy, ykdysady ýagdaýy gowulandy. Damaska bolsa gymmatçylyk we gurakçylyk indi. Şonda Bekjür agyr kerwen bilen Hymsdan Damaska azyk-owkatlary alyp geldi. Adamlar bu ýere galla daşap, ýollary gorap we abat saklap, birnäçe gezek gidip-gelipdiler.

Eziz Billä Müsürdekä Bekjüre hat ýazyp, onuň bilen arasyny sazlapdy. Damask welaýatyny oňa bermeklige wada berse-de, şu ýyla çenli yza çekip gelýärdi.

Birdenkä, Sagdeddöwle Abylmagaly ibn Seýfeddöwle bilen Bekjürüň arasyna tow düşdi.

Sagdeddöwle onuň ýanyna çapar iberdi we ýurtdan çykyp gitmegini tabşyrdy. Bekjür bolsa Eziz Billäniň ýanyna çapar gönderip, wada beren Damask emirligini bermegini sorady. Wezir Ibn Kellis bolsa bu derejedäki welaýaty Eziziň oňa bermegine garşy çykýardy.

Kassamdan soň Damasky serkerde Ýeltegin dolandyrdy. Ýeltegin şol ýerde hem ýaşaýardy. Şeýle alasarmyk döwürlerde Müsürdäki magrybylar wezir Ibn Kellisiň üstüne hüjüm edip, ony öldürmek üçin bir ýere jemlendiler. Şol ýagdaýda Ýelteginiň Damaskdan bäri gelmegine hakyky zerurlyk ýüze çykdy.

Eziz onuň bäri gelmegini, Damaskyň bolsa Bekjüre tabşyrylmagyny buýurdy. Ýöne Bekjür ony dolandyraýsa, özüne garşy gider öýdüp çekinýärdi. Her näme-de bolsa, Eziz kalbynyň bu sözüne gulak gabartmady. Ýelteginiň Müsüre ugramagyny, Damaskyň bolsa Bekjür Türkmene tabşyrylmagyny buýurdy. Şeýle hem etdiler.

Şeýdip, şol ýylyň rejep aýynda Bekjür Damaskyň häkimi wezipesine girişdi. Wezir Ibn Kellisiň ýaranlaryna we oňa dahylly adamlara zabun darady. Hatda olaryň käbirini atanaklaýyn asyp goýdy. Ol şäheriň beýleki adamlaryny hem şeýdýärdi. Ilata zulum edip, hatda olaryň baýlygyny almakdan, gaňryşyna gaýdan adamy öldürmekden, asmakdan ýa-da jezalandyrmakdan hem gaýtmaýardy. Ol tä 380-nji ýyla çenli şeýle ýagdaýda gezdi. Nesip bolsa, biz şol ýyla ýetenimizde onuň wezipesinden aýrylyşyny hem ýatlap geçeris.

## ADUDEDDÖWLÄNIŇ ÖLÜMINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda Adudeddöwläniň derdi has beterleşdi. Ol wagtal-wagtal gozgaýan guduzlyk tutgaýyndan ejir çekýärdi. Güýji ejizläp, tapdan düşüpdi. Guduzlyk derdi ony bogýardy. Şeýdip, ol şol ýylyň baýram aýynyň sekizi güni dünýäden ötdi. Adudeddöwläni möminleriň emiri Aly alaýhyssalamyň şehit bolan ýerine äkitdiler we şol ýerde hem jaýladylar.

Onuň Yragy dolandyrmagy bäş ýarym ýyl dowam etdi. Haçan-da ol hak rahmetine gowşanda, ogly Samsameddöwle Abu Kelejar atasynyň ýasynda oturdy. Halypa Talyg Lillah ýanyna gelip, oňa göwünlik berdi. Adudeddöwläniň ömri 47 ýaşdyr. Ol derdiniň güýjemeginiň öňüsyrasy ogly Şerefeddöwle Abylfawarysy Kermanyň tagtyna ugradypdy. Şerefeddöwle merhum atasynyň ýanyna getirilende, onuň dili «Maňa muşakgatlar bilen tapan mal-dünýäm hem kömek berip bilmedi-le.

Mülk-soltanatym hem heläk bolup gitdi-le» diýmekden başga sözlere öwrülmeýärdi. Adudeddöwle akylly, dana, ýerlikli syýasatly, jaýdar pikirli, göwnüçökgünlikden uzakda, garaýşy durnukly bolan, ýagşy häsiýetleri we ýagşylary halaýan, bermeli ýerinde gysganman eçilýän, aýgytly ýerlerde dogumly durýan, işleriň netijesini ölçerip bilýän adamdy.

Aýtmaklaryna görä, Adudeddöwle aradan çykanda, bu habar käbir alymlara baryp ýetipdir. Alymlaryň has ekabyrlary hem eýýäm şol ýere jemlenen ekenler. Şonda olar Isgender aradan çykanda aýdylan sözleri ýatdan gaýtalapdylar. Men bu zatlary öz ýerinde aýdyp geçipdim.

373-nji ýylda Eziz Billä halypa Agawyny Damaska, oňa tabyn ýerlere bolsa Seýfeddöwle ibn Hamdanyň ýigitleriniň biri Garaguweýhiň kömekçisi Bekjür Türkmeni häkim belledi. Mälim bolşuna görä, Hyms hem şoňa degişlidi. Ol bu ýerden Damaska bardy we onuň ilatyna zulum etdi, jebir-sütem görkezdi, özüni alyp barşy ýaramazlaşdy.

Şol ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda asmanda, dünýäni ýagtylandyryp duran örän äpet ýyldyz peýda boldy. Ondan erbet gök gürrüldisine meňzeş güwwüldi hem eşidilýärdi.

374-nji ýylda Şerefeddöwle karmatylaryň üstüne ilçi iberdi. Ilçi gaýdyp gelende şeýle diýdi: «Karmatylar menden patyşamyz hakda soranlarynda, men patyşamyzyň örän ýagşy gylykly adamdygyny aýtdym. Şonda karmatylar: «Şonuň üçinem ol hiç bir sebäpsiz bir ýylda üç wezirini çalşypdyrmy?» diýip ýaňsyladylar.

Şerefeddöwle şondan soň weziri Abu Mansur ibn Salyhany wezipesinden boşatmandyr.

375-nji ýylda Oman deňzinden örän uly, hatda pildenem uly guş suwdan çykyp şol ýerdäki depäniň üstüne gondy. Ol örän güýçli sesi bilen: «Kad karub, kad karub, kad karub» (ýakynlaşypdyr, ýakynlaşypdyr, ýakynlaşypdyr) diýip, üç gezek gygyrandan soňra, ýene suwa çümüp gidýän ekeni. Ol bu

hereketini üç günläp dowam edipdir. Soňra bolsa gözden ýitipdir we gaýdyp görünmändir.

## 376-NJY HIJRI ÝYLY
*(13.05.986-02.05.987 ý.)*

## TÜRKMENLER BILEN DEÝLEMILERIŇ ARASYNDAKY PITNÄNIŇ BEÝANY

Bu ýyl Bagdatda Şerefeddöwläniň ýanyndaky türkmenler bilen deýlemileriň arasynda çaknyşyk bolup geçdi.

Onuň sebäbi hem Şerefeddöwläniň ýanyndaky deýlemiler jemlenişip, uly topary emele getirdi welin, olaryň sany on bäş müň adama ýetdi. Türkmenler bolsa bary-ýogy üç müň adamdy. Deýlemiler olara adalatsyzlyk bilen garap başladylar. Howlularda we teblehanalarda olaryň arasynda çekeleşikler döredi we munuň yzy gapma-garşy urşa getirdi. Deýlemiler şonda özleriniň köplüginden peýdalanyp, Samsameddöwläni tussaglykdan çykarmagy we patyşalygyna gaýtaryp getirmegi islediler.

Bu habar Şerefeddöwlä gelip ýetende, ol Samsameddöwläni öldürmek üçin ýörite adam belledi.

Deýlemiler özleriniň köplügine buýsanyp, türkmenleriň söbügine münenlerinde, olaryň hatarlary bozulyp, bulam-bujar boldy. Türkmenler yzyna dolanyp, olaryň öňünden-yzyndan şeýle bir hüjüm etdiler welin, deýlemiler gaçmaga başladylar. Türkmenler olaryň üç müňden gowragyny öldürdiler we şähere girdiler. Şäheriň içinde gabat gelen deýlemini öldürip, olaryň malyny-baýlygyny taladylar. Şundan soň deýlemiler büs-bütin dargamaga başladylar. Kimler Şerefeddöwleden haraý isläp, onuň ýanyna barsa, käbirleri ondan ýüz öwrüp, başga ýerlere gitdiler.

Ertesi gün Şerefeddöwle haraý isläp gelen deýlemileri ýanyna alyp, Bagdada geldi. Talyg Lillä onuň öňünden çykyp

garşylady we ony sag-salamat gelendigi bilen gutlady. Şerefeddöwle onuň öňünde ýer öpdi. Deýlemiler bolsa Samsameddöwläni ýatlamaga başladylar we Şerefeddöwlä garap: «Ýa ony öldür, ýa-da ähli işi şoňa tabşyr» diýdiler.

Şerefeddöwle soňra bu iki toparyň arasyny sazlap, olaryň birek-birege ýaran bolmagyny gazandy. Samsameddöwle bolsa Pars ýurduna alnyp gidildi we şol ýerdäki galalaryň birindäki zyndana taşlandy. Şerefeddöwle soňra Şerif Muhammet ibn Omaryň elinden nähak alnan ähli baýlygyny we mülküni özüne gaýtaryp berdi. Onuň mal-mülküniň her ýylky hyrajy iki million bäş ýüz müň dirhemdi. Ol emeldar Abu Ahmet Musewä hem mülküni gaýdyp berdi. Adamlara olaryň mal-mülküni talamagy gadagan etdi. Şeýdip, Bagdatda asudalyk höküm sürdi, il-gün köşeşdi. Abu Mansur ibn Salyhan bolsa wezirlige bellenildi.

## 377-NJI HIJRI ÝYLY
*(03.05.987-20.04.988ý .)*

## BEDR IBN HUSNAWEÝH BILEN ŞEREFEDDÖWLÄNIŇ ESGERLERINIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Şerefeddöwle Garategin Jehşiýaryň baştutanlygynda örän agyr goşuny taýýarlap, olara Bedr ibn Husnaweýhiň üstüne ýöriş etmegi hem-de onuň bilen söweşmegi buýurdy. Garategin onuň goşunbaşysy we esasy adamlarynyň biridir.

Sebäbi Bedr onuň tabynlygyndan ýüz öwrüp, agasy Fahreddöwlä ýykgyn edipdi. Bu bolsa Şerefeddöwläniň ýüreginde agyr kine döredipdi.

Bagdatdaky hökümet işleri ugrugyp, bir kaddyna gelende, adamlar hökümdara gulak asdylar. Şerefeddöwle şondan soň Bedrli meselä girişip başlady. Garategin bolsa eýýäm höküm

edip, buýruk bermekde, Şerefeddöwläniň oruntutarlaryna ýardam-hemaýat etmekde çäkden çykypdy. Şonuň üçinem Şerefeddöwle bu iş üçin Garategini gurbanlyk geçi ýaly öňe çykarmagy maslahat bildi. Eger bu söweşde Garategin Bedri ýeňse, Şerefeddöwle ýüreginde berç baglan kinesinden saplanjakdy. Eger Bedr Garategini ýeňse, onda ýene-de Şerefeddöwläniň ýüregi ynjalyk tapjakdy.

Şeýdip, olar Bedr tarapa ýörişe çykdylar. Bedr hem söweşe taýýarlandy we goşunlaryny jemledi. Olar Karmysynyň ýanyndaky jülgede sataşdylar. Söweşde Bedr ýeňildi. Garategin we onuň ýoldaşlary Bedr ýüzüniň ugrunda gaçyp gidendir diýip güman etdiler, atlaryndan düşüp, öz çadyrlaryna ýöneldiler. Şol mahal Bedr yzyna dolandy we olaryň üstüne hüjüm etdi, çar tarapdan darady. Olar atlaryna münüp ýetişmänkä, öňürtdiler we olardan biçak köp adamy öldürdiler. Garategin az sanly ýigidi bilen gaçyp, Nehriwan köprüsine ýetdi. Gaçyp gutulanlar gelip ýetýänçä, şol ýerde jem bolup durdular we Bagdada girdiler.

Mundan soň Bedr Jebel welaýatlaryny we oňa ýanaşyk ýerleri eýeledi. Güýç-kuwwaty mäkämleşdi.

Garategine bolsa, gyjalatlar we günä ýöňkemeler artyp başlady. Birnäçe günden soň Şerefeddöwle wezir bilen Garategini ylalaşdyrdy we Garateginiň garşysyna hile-pirim ulanmaga girişdi. Köp wagt geçmänkä, ony, onuň ýaranlarynyň we kätipleriniň ençemesini tussag etdiler, mal-mülklerini ellerinden aldylar. Bu ýagdaý sebäpli esgerler gozgalaň etdiler. Emma Şerefeddöwle Garategini öldürenden soň, gozgalaňyň netije bermejekdigine gözleri ýetip, olar köşeşdiler.

Şerefeddöwle Garateginiň ornuna hajyp Dogany belledi we ol bu wezipäni gowy dolandyrdy.

Bu ýyl Kazwiniň häkimi emir Abu Mansur Körigenç Fahreddöwlä boýun bolmakdan ýüz öwürdi. Fahreddöwle onuň

göwnüni tapdy, janyna aman berdi, haýyr-yhsanyny eçildi. Soňra ol Fahreddöwläniň tabynlygyna gaýdyp geldi.

## 379-NJY HIJRI ÝYLY
*(11.04.989-30.03.990 ý.)*

## BAGDATDA TÜRKMENLER BILEN DEÝLEMILERIŇ ARASYNDAKY PITNÄNIŇ BEÝANY

Bu ýyl Bagdatdaky türkmenler bilen deýlemileriň arasyna tow düşüp, işler has çylşyrymlaşdy. Olaryň arasyndaky uruş bäş günläp dowam etdi. Bahaeddöwle öz köşgünde oturan ýerinden iki tarapy ýaraşyga çagyryp, birnäçe hat ýollanam bolsa, bu tagallalar netije bermedi. Onuň sözüne gulak asman, gaýta iberen çaparlarynyň käbirini öldürdiler.

Soňra Bahaeddöwle türkmenleriň garşysyna aýaga galdy we olar bilen söweşe girdi. Söweş has dartgynlaşdy. Erbetligiň derejesi artdy. Türkmenleri basyp bilmejekdigine gözi ýetenden soň, Bahaeddöwle olar bilen ýaraşyk baglaşmaga başlady we soňlugy bilen türkmenlere dost boldy. Ol deýlemilere hat ýollady. Olaryň arasyndaky ýagdaýy belli bir kada-karara getirdi. Birek-birege garşy durmazlyk hakda ant içirdi. Bularyň arasyndaky söweş on iki gün dowam etdi.

Soňra deýlemiler dargaşdylar, bölündiler. Topar yzyna topar tutup, şäherden gitmäge başladylar. Käbirleri bolsa mejbury ýagdaýda çykaryldy, käbirleri tussag edildi. Deýlemileriň bu ýerdäki täsiri örän gowşady. Türkmenleriň sözi-güýji berkäp ugrady we olaryň Bagdatdaky ýagdaýy has-da güýçlendi.

# 383-NJI HIJRI ÝYLY
*(26.02.993-14.02.994 ý.)*

## TÜRKMENLERIŇ BUHARANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Kaşgardyr Balasagundan tä Hytaý serhetlerine çenli ýaýylyp ýatan giňişlige hökümdarlyk edýän Bugra han Türkmen ady bilen tanalýan Şyhabeddöwle Harun ibn Süleýman Ilek Buhara şäherini eýeledi.

Abu Hasan ibn Simjür dünýäden ötüp, oňa derek ogly Abu Aly Horasana hökümdarlyk edende, Nuh ibn Mansur kakasynyň dolandyran ýerleriniň özüne berilmegini sorap, emir Razyýa hat ýazypdy. Munuň haýyşy kanagatlandyryldy we oňa birnäçe halat-serpaý ugradyldy. Ol şol ýeriň oňa degişlidigi hakda asla şübhelenmeýärdi. Ilçi Hyrat şäherine ýetende, şol ýerde gezip ýören Faýyk ilçini ýolundan sowdy we halat-serpaýu-ähtnamany Horasana – öz ýanyna getirtdi. Abu Aly olaryň mekirlik edendigini duýdy we bu hadysany olaryň özüne edýän ýamanlygydyr diýip ýordy. Faýyk bolsa bu gymmatbaha halatlara beslenip, Hyratdan Abu Aly tarapa ýöriş etdi we gelip, bu habarlary oňa ýetirmekçidi. Faýyk özüniň saýlama adamlaryndan ýörite topar düzdi we öňe ýöneldi. Bu wakanyň hakykaty Abu Ala baryp ýetýänçä, bular birnäçe menzil ýoly aşdylar. Buşenç bilen Hyradyň arasynda Abu Alynyň goşunlary Faýygyň üstüne döküldiler. Faýyk we onuň ýaranlary ýeňlip, Merweruda tarap gaýra tesdiler.

Abu Aly Horasan welaýatyny talap edip, emir Nuha täzeden hat ýazdy we bu haýyş kanagatlandyryldy. Hyrat Faýyga degişli bolanyndan soňra, Horasan welaýatynyň ähli̇si Abu Alynyň tabynlygynda jem boldy. Abu Aly üstün çykyjy halda Nyşapura gaýdyp geldi. Horasan mülküniň ähli salgydyny özüne aldy. Nuh oňa hat ýazdy we esgerleriniň hakyny tölemek

üçin salgydyň mukdaryny peseltmegi haýyş etdi. Emma ol bu haýyşy bitirmedi. Ýöne ondan howatyr edip, Bugra hany Buhara ýöriş edip, samanlylaryň üstünden hökümini ýöretmeklige çagyrdy. Onuň işdäsini oýardy. Mawerannahryň ählisiniň Bugra hanyň elinde, Horasanyň bolsa Abu Alynyň elinde bolmagyna ylalaşdylar. Bugra han bu ýurtlary öz eline geçirmegi arzuw edip, söweşe taýýarlandy.

Faýyk bolsa, ýeňişden soňra, tä ýaranlary ýanynda jem bolýança, Merwerutda saklandy. Soňra hiç hili idin bolmazdan, Buhara tarap ýöriş etdi. Emir Nuh bir zady syzýan ýaly, esgerlerini onuň garşysyna iberdi we onuň öňüne böwet bolmaklaryny buýurdy. Olar ýüzbe-ýüz bolup, söweşe girdiler. Faýyk we onuň ýaranlary ýeňlip, yzlaryna tarap ökje göterdiler we Termize tarap gitdiler.

Emir Nuh bolsa Gürgeniň häkimi Abylhars Ahmet ibn Muhammet Fariguna özi tarapyndan hat ýazyp, Faýygyň söbügine münmegi tabşyrdy. Ol örän köp mukdarda goşun jemledi. Faýyk olar bilen garpyşdy we olary ýeňdi hem-de ummasyz olja eýe boldy.

Ol ýurda eýe bolmak höwesini oýaryp, Bugra hana hem hat ýazypdy. Ol Buhara tarap ýöneldi we samanlylaryň ýurduna ýöriş etdi. Az-azdan olaryň mülküne eýe çykyp başlady. Nuh onuň üstüne agyr goşun iberdi we Anj atly özüniň iň uly serkerdeleriniň birini goşunbaşy edip belledi. Bugra han olar bilen garpyşdy we olary ýeňdi. Anjy we serkerdelerden bir toparyny ýesir aldy.

Bulary ýeňenden soňra, Bugra hanyň ýurdy eýelemek höwesi has-da güýçlendi. Nuh we onuň ýaranlary ejizläp, tapdan düşdi. Emir Nuh kömek sorap, Abu Aly Simjüre hat ýazdy we esgerleri bilen bäri gelmegini buýurdy. Emma ol muňa hiç hili jogap bermedi we onuň haýyşyny bitirmedi. Gaýta, Horasana bütinleý eýe çykmak höwesini artdyrdy.

Bugra han Buhara tarap ýönelende, Faýyk oňa gabat geldi we Bugra hanyň topary bilen bile Buharada düşlediler. Bugra han ol ýeri eýeledi. Nuh bolsa ol ýerden gizlinlik bilen gaçdy we Amul derýasynyň beýleki kenaryna özüni atdy. Şol ýere Nuhuň ýaranlary hem kem-kemden üýşüp başlady. Şeýdip, onuň ýanynda örän köp adam jemlendi we olar şol ýerde mesgen tutdular.

Nuh yzly-yzyna hat ýazyp, çapar ýollap, Abu Alynyň özüni goldamagyny we buýrugyna boýun bolmagyny tabşyrdy. Faýyk bolsa, Balha ýöriş etmek we ony eýelemek üçin, Bugra handan rugsat sorady. Razylyk alandan soň, Faýyk Balha gitdi we şol ýerde düşledi.

## NUHUŇ BUHARA DOLANMAGYNYŇ WE BUGRA HANYŇ DÜNÝÄDEN ÖTMEGINIŇ BEÝANY

Bugra han Buharada düşläp, ol ýerde ýerleşenden soň, örän agyr kesele ýolukdy. Şonuň üçin ol bu ýerden türkmen ýurtlaryna tarap gitdi. Ol bu ýerlerden arany üzende, halk gozgalaň etdi we esger onbaşylarynyň käbirini heläk etdi, baýlyklaryny talady. Oguz türkmenleri hem Bugra hanyň esgerlerini öldürmäge we olary talamaga gatnaşdy.

Bugra han dünýäden ötdi. Bugra hanyň Buharadan bäri ýöriş edendigini eşiden dessine, emir Nuh öz ýaranlaryny ýanyna alyp, howlukmaçlyk bilen Buhara tarapa gaýtdy we şähere gelip ýetdi. Ol özüniň we atasynyň patyşalyk mülküne dolandy. Halk Nuhuň gaýdyp gelendigine begendi.

Bugra han dünýäden ötensoň, onuň ýaranlary öz ýurtlaryna gaýtdylar.

Bugra han örän dindar, asylzada, adalatly, ýagşy gylykly, alymlary we din adamlaryny halaýan hem sylaýan adamdy. Ol

özi hakda «Resulallanyň kömekçisi» diýip ýazmaklaryny, ýüzlenmeklerini gowy görýärdi.

Mundan soňra ol ýerdäki türkmenleriň işini Ilek han dolandyrdy.

## 384-NJI HIJRI ÝYLY
*(15.02.994-04.02.995 ý.)*

## MAHMYT IBN SÖBÜKTEGINIŇ HORASANY DOLANDYRMAGYNYŇ WE ABU ALYNYŇ OL ÝERDEN AÝRYLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl emir Nuh Horasanyň işini dolandyrmagy Mahmyt ibn Söbüktegine tabşyrdy.

Nuh Buhara dolanyp gelende, Abu Aly näderini bilmedi. Zerur bolan ýerinde oňa kömek bermeden ýüz öwrendigine puşman etdi.

Faýyk bolsa Nuhuň Buharadaky işleri ýerbe-ýer bolanda, ol ýere täzeden ýöriş edip, bu sebitleri eýelemegiň we onuň döwletine öz hökümini ýöretmegiň hyýalyna mündi. Şeýdip, Balhdan Buhara ýöneldi. Bu zatlar Nuha mälim bolanda, Faýyggy pälinden gaýtarmak üçin, şol tarapa goşun iberdi. Bular garpyşdylar, olaryň arasynda örän dartgynly söweş boldy. Faýyk we onuň ýaranlary ýeňlişe duçar bolup gaçdylar we Abu Alynyň ýanyna bardylar. Bular özleriniň birek-birege duşandyklaryna şatlandylar we emir Nuha garşy bilelikde baş götermegiň pikirini etdiler. Emir Nuh bolsa, Gaznada gezip ýören Söbüktegine hat ýazyp, kömek üçin bäri gelmegini haýyş etdi, ýagdaýlar bilen tanyşdyrdy we Horasany dolandyrmagy şoňa tabşyrdy.

Nuhuň iberen haty we çapary oňa baryp ýetende, Söbüktegin onuň islegini kabul etdi we atly goşun bilen şol tarapa ýöneldi. Baryp Nuh bilen birleşdi we etmeli işleri ara alyp maslahatlaşdylar. Söbüktegin esgerlerini jemläp, nyzama düzdi.

Bu habarlar Abu Aly bilen Faýyga gelip ýetende, ol ikisi jemlenip, Fahreddöwle ibn Buweýhden kömek sorap, hat ýazdylar, esger ibermegini soradylar. Ol bu ikisiniň haýyşyny kanagatlandyryp, agyr goşuny olaryň ýardamyna iberdi. Bu goşunyň hereket ediş düzgünini salgy beren bolsa onuň weziri Sahyp ibn Abbatdy.

Söbüktegin ogly Mahmydy hem alyp Gaznadan Horasan tarapa ýöneldi. Nuh hem söweşe şaýlanyp çykdy we Söbüktegin bilen birleşip, Abu Aly bilen Faýygyň üstüne ýöriş etdiler. Bular Hyrat töwereklerinde duşuşdylar we söweşe girdiler. Abu Alynyň esgerlerinden Dara ibn Kabus ibn Wuşmegir esgerleri bilen Nuhuň tarapyna geçenlerinden soňra, Abu Alynyň ýaranlaryna ýeňlişden başga nesibe galmady.

Söbükteginiň esgerleri olaryň söbügine münüp, birnäçesini ýesir aldylar, öldürdiler, olja edindiler. Abu Aly bilen Faýyk dagy zordan özlerini Nyşapura atdylar. Söbüktegin bilen Nuh bolsa Hyratda birnäçe gün saklanyp, dem-dynç alanlaryndan soňra, Nyşapura ýöneldiler. Bularyň habary Abu Ala mälim bolanda, ol Faýyk bilen Gürgene tarap gaýtdy we ýagdaýlary beýan edip, Fahreddöwlä hat ýazdylar. Fahreddöwle bu ikisine sowgat-serpaý, mal-mülk peşgeş iberdi, ikisini-de Gürgende ýerleşdirdi.

Nuh Nyşapury eýeländen soň, oňa we Horasan esgerlerine Mahmyt ibn Söbüktegini häkim belledi. Mertebe hökmünde Mahmyda Seýfeddöwle[1] lakamyny berdi. Mahmydyň atasy Söbüktegine bolsa Nasyreddöwle[2] lakamy berildi. Olar döwleti gowy dolandyrdylar. Nuh Buhara, Söbüktegin Hyrada gaýtdy. Mahmyt bolsa Nyşapurda galdy.

---

[1] Seýfeddöwle— döwlet gylyjy.

[2] Nasyreddöwle— döwlet ýardamçysy.

# AHWAZYŇ BAHAEDDÖWLÄ GAÝTARYLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Bahaeddöwle ýedi ýüz adamly esgerini Ahwaza iberdi we Dogan Türkmeni olara goşunbaşy belledi. Ol ýeriň aglabasy türkmenler bolup, olaryň bu ýerdäki täsiri deýlemileriňkiden güýçlüdi. Samsameddöwle öz ýanyna deýlemilerden, temimlerden we esetlerden düzülen esgerlerini alyp, Ahwaza ýüzlendi. Olar Tustara ýetenlerinde, Bahaeddöwläniň esgerleriniň bir bölegi türkmenleriň üstüne gije duýdansyz çozmak üçin olardan aýryldylar. Emma ýolbeletler ýollaryny azaşdylar we öz toparlaryndan örän uzaga düşdüler. Türkmenleriň öňden ýöreýän gizlin goşuny bulary gördi we yzlaryna habar ýetirip, häzir bolmagy duýdurdylar. Olar jem bolup, maslahat etdiler, hatara-nyzama düzüldiler. Goşunbaşylyga bolsa Dogan atly serkerdäni belläp, ony bukuda goýdular. Olar birek-birege duşup, söweşe girişenlerinde, bukuda ýatan goşun birden hüjüm edip, deýlemileriň üstüne döküldi. Şeýdip, olar ýeňlişe duçar boldy. Samsameddöwle we onuň ýanyndaky deýlemilerden düzülen goşun gaçyp gitdi. Olaryň sany örän köpdi. Bu goşundan azyndan iki müň adam aman sorady. Türkmenler olaryň mal-mülküni, goş-golamlaryny talap, örän köp mukdarda olja edindiler.

Aman berlenleriň ýörite ýerde saklanmagy üçin, Dogan olara pürslerden çadyr gurup bermegi buýurdy. Olary bu çadyra salanlarynda, türkmenler jem bolup, öz aralarynda maslahat etdiler. «Bularyň sany biziňkiden örän köp. Baş göterip, gozgalaň ederinden çekinmän duramzok» diýdiler. Olaryň pikiri bu ýesirleri öldürip dynmakda jemlendi. Birdenkä agyr pürslerden gurnalan çadyryň üstlerinden indirilendigini deýlemileriň hiç biri duýman galdy. Türkmenler muny bilgeşländen şeýtdiler we olaryň ählisinden şeýdip, dyndylar.

Bu habar Wasytda gezip ýören we öz hajaty üçin Muhezzibeddöwleden pul karz alan Bahaeddöwlä baryp ýetdi. Entek Bahaeddöwle dolanyp gelmänkä, Dogan we onuň türkmen esgerleri eýýäm ol ýerleri eýeläpdi.

Samsameddöwle bu wakalary eşidip, gara geýindi we Şiraza geldi. Enesi oglunyň bu gara geýimini üýtgetdi. Ol Huzystandaky agasy Bahaeddöwläniň ýanyna ugramaga taýýarlanyp başlady.

## 385-NJI HIJRI ÝYLY
*(05.02.995-24.01.996 ý.)*

## ABU ALYNYŇ HORASANA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Emir Nuh Buhara, Söbüktegin Hyrada dolanyp, Mahmyt Nyşapurda galanda, Abu Aly bilen Faýyk Horasany eýelemegiň kül-külüne düşdüler we dört tirkeşigiň birinji aýynda Gürgenden Nyşapura tarap gitdiler. Bularyň habary Mahmyda gelip ýetende, ol bu hakda kakasyna hat ýazdy. Mahmyt munuň bilen çäklenmedi. Goşunyny alyp, Nyşapuryň daşyna çykdy we geljek kömege garaşmaga başlady. Emma ol ikisi (Faýyk bilen Abu Aly) öňürtdiler we Mahmydyň ýeke özi bu ikisine döz gelmeli boldy. Ol ikisi Mahmydyň az sanly goşuny bilen söweşe girdiler. Sanynyň azlygy sebäpli ol ýeňildi we kakasyna tarap ökje göterdi. Ol ikisiniň esgerleri bolsa örän köp olja aldylar. Abu Aly öz ýaranlaryna yşarat edip, olaryň yzyndan kowup, kakasy bilen birleşmegine böwet bolmagy buýurdy. Emma olar muňa göwnemediler.

Abu Aly Nyşapurda düşledi we ýalňyşlardan hem-de säwliklerden saklanyp, öz tarapyna geçmegi üçin, emir Nuha hat ýazdy. Ol şeýle haty Söbüktegine hem ýazdy we Faýyk bilen

bolan wakany oňa ýetirdi. Emma bularyň hiç biri Abu Alynyň teklibini kabul etmediler.

Söbüktegin esgerlerini jemledi. Abu Alynyň üstüne gitdiler. Dört tirkeşigiň dördünji aýynda Tusda duşuşdylar we şol günüň özünde söweşe girdiler. Mahmyt ibn Söbükteginiň örän agyr goşun bilen arkadan urmagy Abu Aly bilen Faýygyň ýeňlip gaçmagyna, örän köp ýoldaşlarynyň, adamlarynyň bolsa öldürilmegine sebäp boldy. Abu Aly bilen Faýyk zordan aman sypyp, Abywerde gaçyp gitdiler. Ogly Mahmydy Nyşapurda goýanyndan soňra, Söbüktegin olaryň yzyndan kowga gitdi. Ol ikisi bolsa ilki Merwe, ondan hem çykyp kenarýaka Amula gaçdylar. Bular özlerine geçirimlilik etmegini sorap, emir Nuha hat gönderdiler. Ol eger-de Faýykdan aýrylyp, Gürgençde[1] düşlese, Abu Alynyň soran ötünjini kabul etjekdigini bildirdi. Abu Aly şeýle hem etdi. Emma Faýyk oňa hile-pirimlerden ätiýaçly gezmelidigini ýatlatdy, soňy näbelli bu zatlardan birahatlanýandygyny aýdyp gorkuzdy. Emma Abu Aly Allanyň takdyryna biperwaý garady we Faýykdan aýrylyp, Gürgenje tarap gitdi hem-de Horezmiň golaýyndaky Hazarasp obasynda düşledi. Abu Abdylla Horezmşa ol ýerde düşlänleriň ählisine zyýapat berdi we onuň bilen birleşmek isleýändigini wada etdi. Olar şol ýerde hem ornaşdylar.

Şol ýylyň oraza aýynda garaňky gatlyşyp başlanda, Horezmşa esgerleriniň bir toparyny olaryň üstüne iberdi we olar bularyň daş-töwerigini gabadylar, ýesir aldylar we olary käbir kişileriň öýüne baglap, tussaglykda goýdular. Iň görnükli adamlaryny ýesir aldylar. Galanlaryny bolsa öz ugruna goýberdiler.

Faýyk bolsa şol ýerden Mawerannahra, Ilek hanyň ýanyna ugrady. Ol muny hödür-kerem, sylag-hormat bilen garşy aldy. Ol oturyp, Nuha hat ýazdy, Faýyga şepagat etmegini we Sa-

[1] Köneürgenç.

markandy dolandyrmagy şoňa tabşyrmagy sorady. Ol bu haýyşy kabul etdi. Şeýdip, Faýyk şol ýerde düşledi.

## ABU ALYNYŇ HALAS BOLUP, HOREZMŞANY ÖLDÜRMEGINIŇ BEÝANY

Abu Aly ýesir alnanda, onuň habary Gürgenjiň häkimi Mamun ibn Muhammede baryp ýetdi we ol bu wakalar sebäpli gaty ynjalyksyzlanyp başlady. Ol esgerlerini jemledi we Horezmşanyň üstüne ýörişe gitdi.

Horezmşanyň golastyndaky şäherleriň biri Käse ýetdi we ony gabap, şäheriň ilaty bilen söweşdi. Käs şäheri rehimsizlik bilen dyza çökerilenden soňra, Abu Abdylla Horezmşany ýesir aldylar. Abu Alyny getirdip, onuň gandallaryny we tanaplaryny çözdüler hem-de ýanlaryna alyp, Gürgenje geldiler. Mamun Horezme gelende, özüniň käbir ýaranlaryny bu ýere häkim belledi, Horezmşany getirdi we ony Abu Aly ibn Simjürüň gözüniň alynynda öldürtdi.

## 387-NJI HIJRI ÝYLY
*(14.01.997-02.01.998 ý.)*

## SÖBÜKTEGINIŇ DÜNÝÄDEN ÖTMEGINIŇ WE OGLY YSMAÝYLYŇ PATYŞA BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Nasyreddöwle Söbüktegin dünýäden ötdi. Ol Balhda ýaşaýardy we bu ýerde köşk, howly hem-de ençeme jaýlar gurupdy. Ol bu ýerde syrkawlady. Söbükteginiň bu derdi uzaga çekdi. Gaznanyň howasyna teşne bolup, Balhdan ol ýere ugrady. Barmaly ýerine ýetmänkä, ýolda dün-

ýäden ötdi. Onuň jesedi Gazna getirildi we şol ýerde hem jaýlanyldy. Onuň patyşalyk müddeti ýigrimi ýyldyr.

Söbüktegin örän adalatly, haýry-yhsany köp, aşa köp jihat ediji, ýagşy ygtykatly, kämil gaýratly, beren sözüne wepaly, munuň üstesine hem, öýüne Taňrynyň bereketi eçilen ynsandy. Onuň patyşalyk müddeti uzak dowam edip, samanlylaryň, seljuklylaryň we beýlekileriň hökümdarlyk eden müddetinden hem aşyp gitdi.

Onuň ogly Mahmyt «Soltan» lakamy berlen ilkinji adamdyr. Mundan öň bu lakam hiç kime berilmändi[1].

Ol patyşalygyň özünden soň ogly Ysmaýyla berilmegini wesýet edipdir. Dünýäden ötende, esgerler Ysmaýylyň patyşadygyny ykrar etdiler we oňa wepaly bolmaga kasam etdiler. Ysmaýyl bular üçin ummasyz baýlyk eçildi. Esgerler onuň döwlet işlerine ejizdiginden peýdalanyp, tä iň soňky derejä ýetýänçä, atasyndan miras galan hazynalaryny ýele sowurdylar we onuň soňuna çykdylar.

## ONUŇ AGASY MAHMYT IBN SÖBÜKTEGINIŇ PATYŞALYGY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Söbüktegin dünýäden ötüp, bu habar Nyşapurda gezip ýören Ýemineddöwle Mahmyda gelip ýetende, ol atasynyň ýasyny tutmaga oturdy. Soňra inisi Ysmaýyla hat ýazyp, atasynyň ölümine gynanç bildirdi hem-de atasynyň döwleti özünden soň oňa ynanandygyny bildirip, hat ýazdy. Uly doganyň öňe sürlüp, wezipä ilki bellenilýändigini ýatladyp, muňa kiçileriň razy bolmalydygyny, atasyndan özüne galan tereke paýynyň iberilmegini talap etdi. Bularyň arasynda çaparlar birnäçe ýola gatnasa-da, hiç hili oňyn netije gazanylmady. Şonda Mahmyt Gaznada gezip ýören inisiniň üstüne çozmak üçin, Nyşa-

[1] Megerem, bu musulman älemindäki «Soltan» adyny göteren ilkinji şahsdyr.

purdan Hyrada sary ýola düşdi. Ol Hyratda agasy (kakasynyň dogany) Bugrajyk bilen birleşdi. Ol Mahmydyň inisi Ysmaýyly basmakda oňa kömek etjekdigini bildirdi we Bustda gezip ýören dogany Nasryň ýanyna gitdi. Ol hem muňa eýerdi we olar bilen Gazna tarap ýöriş etdiler.

Bu habar Balhda gezip ýören Ysmaýyla gelip ýetende, ol çaltlyk bilen bu ýerden göterilmegiň aladasyny etdi. Emma dogany Mahmyt mundan öňürtdi we onuň Gaznadan gaçyp gitmegine böwet boldy. Ysmaýylyň ýanyndaky emirler Mahmyda hat ýazyp, özleriniň onuň tarapyna geçjekdiklerini mälim etdiler. Şonuň üçin Mahmyt bu ýere çaltlyk bilen gelip ýetdi. Ol Ysmaýyl bilen Gaznanyň etegindäki meýdanda duşuşdy. Örän gazaply söweşe girdiler. Ysmaýyl ýeňlip, yzyna gaçdy we Gazna galasynda mäkäm gorandy. Dogany Mahmyt galanyň daşyny gabady, oňa aman berjekdigini aýtdy we aşak düşmegini sorady. Ol muňa tabyn bolup galadan aşak düşende, Mahmyt oňa hezzet-hormat etdi, sylady, wezipesini beýgeltdi. Patyşalyk tagtyny oňa şärikli ýagdaýda goýdy we Balha dolandy. Döwlet işlerini şol ýerden dolandyrdy.

Ysmaýylyň patyşalyk eden müddeti ýedi aýa barabardyr. Ol hormatly, ylym-bilimi güýçli adam bolup, ýazan eserleri we düzen goşgulary hem bardyr. Ol käbir juma namazlarynda halypa üçin ajaýyp hutbalar okadardy.

## 388-NJI HIJRI ÝYLY
*(03.01.998-22.12.998 ý.)*

## MAHMYT IBN SÖBÜKTEGINIŇ NYŞAPURY EÝELEMEGINIŇ WE ONDAN YZYNA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Inisi bilen baglanyşykly işler sabaşyp, Gaznany eýeländen soň, Mahmyt Balha dolandy we eýýäm Begtozanyň Horasany

eýeländigini gördi. Ol emir Mansur ibn Nuha hat ýazyp, onuň özüne tabynlygyny we döwleti goramaga borçludygyny ýatlatdy, Horasanyň yzyna gaýtarylmagyny talap etdi. Emma emir Nuh Horasany yzyna alyp bilmeýändigi üçin ötünç sorady we Termezi, Balhy hem-de olaryň arasyndaky Busta we Hyrada degişli welaýatlary eýelemegi üstüne alýandygyny ýaňzydyp, hatyň jogabyny ýazdy.

Mahmyt munuň bilen kanagatlanman, ony gaýtadan talap etdi. Emir muňa jogap bermäninden soň, onuň bu işden saklanýandygyny anyk bildi we Mahmyt Nyşapura ýöriş etdi. Begtozan hem şol ýerdedi. Ol Mahmydyň özüne tarap gelýändigini eşidende, bu ýerden garasyny saýlady. Mahmyt ýeňillik bilen şäheri eýeledi. Emir Mansur ibn Nuh bu wakany eşidip, Buharadan Nyşapura gaýtdy. Mahmyt hem onuň bäri gelýändigini eşidip, Nyşapurdan çykyp, Merweruda ugrady we olardan nähili netijäniň boljakdygyna garaşyp, şol ýerdäki Raul köprüsiniň ýanynda düşledi.

## 389-NJY HIJRI ÝYLY
*(23.12.998-12.12.999 ý.)*

## EMIR MANSUR IBN NUHUŇ TUSSAG EDILMEGINIŇ WE ONUŇ DOGANY ABDYLMÄLIGIŇ PATYŞA BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Buharanyň we Mawerannahryň hökümdary emir Mansur ibn Nuh ibn Mansur Samanly tussag edildi we onuň ornuna dogany Abdylmälik bellenildi.

Onuň tussag edilmegi Mahmyt ibn Söbükteginiň Horasana – Begtozanyň üstüne ýöriş etmegi we Nyşapurdan Merweruda dolanmagy bilen baglanyşyklydyr.

Mahmyt ol ýerde düşlände, Begtozan Saragtda gezip ýören emir Nuhuň ýanyna gitdi. Begtozan emir bilen duşuşsa-da, on-

dan umyt eden hormat-sylagyny tapmady we mundan gaty görüp, bu ýagdaý sebäpli Faýyga arz etdi. Faýyk onuň çişirilen arzyny diňläninden soň, bu ikisi ony patyşalykdan çetleşdirmegi, ornuna bolsa doganyny bellemegi ýüreklerine düwdüler.

Görnükli serkerdelerden bir topary hem bu ikisiniň pikirini oňladylar. Ýüze çykan müşgil meseläni maslahatlaşmak bahanasy bilen Begtozan Mansury duşuşyga çagyrdy. Mansur maslahata gelende, ony tussag etdiler. Begtozan içinde galan kitüwini köşeşdirmek üçin onuň gözüni oýmagy buýurdy we ony kör edip taşladylar. Patyşalyk wezipesine bolsa dogany Abdylmäligi geçirdiler. Abdylmälik bu wagt ýaş oglandy.

Mansuryň döwleti dolandyran möhleti bir ýyl ýedi aýa barabardyr. Bu wakalary eşidenlerinde adamlaryň arasynda tolgunmalar köpelip başlady. Mahmyt bu ikisiniň ýaramaz işlerini ýazgaryp, Faýyk bilen Begtozana hat ýazdy. Olar bilen duşuşmagy we berk temmi bermegi ýüregine düwdi. Patyşylagy özbaşdak dolandyrmagyň hyýalyna mündi hem-de olara garşy aýaga galdy.

## ÝEMINEDDÖWLE MAHMYT IBN SÖBÜKTEGINIŇ HORASANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Emir Mansur tussag edilenden soň, Mahmyt Faýyk bilen Begtozanyň üstüne ýörişe gitdi. Abdylmälik ibn Nuh hem şolaryň ýanyndady. Mahmydyň özlerine tarap ýörişe çykandygyny bilenlerinde, bular hem agyr goşun bilen onuň garşysyna aýaga galdylar. Dört tirkeşigiň üçünji aýynyň ahyrlarynda bular Merwde duşuşyp, örän gazaply söweşe girdiler. Adamlar bu gazaply söweşiň, tä giç agşama çenli dowam edendigini gördüler. Begtozan bilen Faýygyň ýanyndakylar ýeňlip, ökje göterdiler.

Şol gaçyp gidişlerine Abdylmälik bilen Faýyk ikisi Buhara baryp ýetdiler, Begtozan bolsa zordan özüni Nyşapura atdy. Bularyň beýleki bir ýarany Abylkasym ibn Simjür bolsa Huzystana ýöneldi. Olaryň bir ýere jemlenmeginden we goşun toplamagyndan çekinip, Mahmyt Begtozan bilen Abylkasymyň üstüne ýöriş etmegi göwnejaý bildi we şu maksat bilen Tusa ugrady.

Begtozan bu ýerlerden gaçyp, Gürgen taraplaryna çekildi. Mahmyt serkerdeleriniň we emirleriniň ulusy Arslan Jazybyň baştutanlygyndaky örän köp sanly goşuny onuň yzyndan kowga iberdi. Olar Gürgene çenli yzarlap gitdiler. Soňra yzlaryna dolandylar. Mahmyt ony Tusda ornuna oturtdy we özi Hyrada gitdi.

Mahmydyň Nyşapurdan gidenligini bilende, Begtozan yzyna dolandy we bu ýerleri gaýtadan eýeledi. Mahmyt muny eşidip, ýene onuň üstüne ýörişe gaýtdy. Ony ýene gorkuly howpa saldy. Mahmyt Merwe geldi we bu ýerleri talap, öz tabynlygyna ymykly geçirdi. Soňra bu ýerden Buhara ugrady. Mahmydyň Horasandaky patyşalygy mäkämlendi we ol bu ýerlerden Samanlylaryň şöhratly adyny süpürip aýyrdy. Mahmyt Buharada Kadyr Billäniň adyna hutba okatdy. Mundan öň onuň adyna däl-de, diňe Taýyg Lilläniň adyna hutba okalýardy. Ol patyşalygy hiç kime şäriksiz, ýeke özi dolandyryp başlady. Bu beýik Taňrynyň owaldan gelýän däbidir. «Ol mülki islänine berer, isläninden yzyna alar!»

Mahmyt Horasan goşunlaryna serkerdelik etmegi dogany Nasra tabşyryp, ony samanlylar döwründe Simjür neberesiniň eden işini bitirmek üçin Nyşapurda galdyrdy. Özi bolsa atasynyň jaýlanan ýeri Balha gitdi we ol ýeri paýtagt diýip yglan etdi. Horasandaky Farigun neberesi, Gürgen häkimleri ýaly birnäçe toparlar onuň hökümine tabyndyklaryny bildirdiler.

Biz olaryň, şeýle hem Şar şa ýaly Garşystanyň häkimleri bilen bagly habarlaryny, nesip bolsa, biraz soňra beýan ederis.

Bu ýerde Şar hakdaky habarlary ýatlap geçeliň. Şar – bu at dälde, lakamdyr. Garşystan ýurdunyň hökümdaryna «Şar» diýilýär, ýagny parslaryň patyşasyna «kesra», rumlularyň patyşasyna «kaýsar», hebeşileriň patyşasyna «nejaşy» diýlişi ýalydyr. Şar Abu Nasryň özi patyşalykdan çekilip, ony ogly Şaha tabşyrypdy. Şar Şahyň özi ýeňilkelleräk bolansoň, atasy Abu Nasr ony ylym bilen meşgullandyrardy we alymlaryň söhbetine gatnaşdyrardy.

Abu Aly ibn Simjür emir Nuhuň garşysyna gidende, Garşystany gabamak üçin goşun iberipdi. Şah şar we onuň kakasy Abu Nasr dagylar ol ýerden gidip, welaýatyň bir künjündäki mäkäm berkitmede goranmaga başladylar. Olar bu ýerde tä Söbüktegin emir Nuha kömege gelýänçä gorandylar. Soňra galadan aşak düşüp, Abu Alyny ýeňmek üçin Söbüktegine goldaw berdiler we mundan soňra öz mülklerine dolandylar. Ýemineddöwle Mahmydyň Horasany eýelän wagtynda oňa tabyn boldular we onuň adyna hutba okadylar.

Ýemineddöwle mundan soňra Hindistana söweşe gitmek isledi we munuň üçin goşun ýygnap, taýýarlanyp başlady.

Ol Şah şara hat ýazyp, söweşe bile çykmak üçin ýanyna çagyrdy. Emma Şah şar onuň diýenini etmedi. Ýemineddöwle bu söweşinden dynanyndan soň, birnäçe goşuny onuň ýurduny basyp almak üçin ugratdy. Goşunlar ýurda giren dessine, onuň kakasy Abu Nasr janyna pena, malyna aman sorady. Onuň haýyşy kabul edildi hem-de Ýemineddöwläniň ýanyna getirildi. Ýemineddöwle ony ýagşy sylady, Abu Nasr bolsa oglunyň gulak asmaýandygy, tersine gidýändigi üçin ondan ötünç sorady. Soňra oňa Hyratdan daşa çykmazlyk tabşyryldy we ol bu ýerde tä 402-nji ýylda dünýäden ötýänçä bol-elinlikde ýaşady.

Emma onuň ogly Şah Abu Alynyň gaçybatalga edip, goranýan galasyna tarap ugrady. Ol bu ýerde maly-mülki, dostyýarany bilen düşledi. Şol pursatlarda hem Ýemineddöwle onuň galasyny gabady, manjanyklary gala garşy gezedi we gije-

gündiz dynuwsyz söweşe başlady. Manjanyk oklarynyň gala diwarlaryny weýran edip, esgerleriň ýokary dyrmaşmagyndan soň, Şah şar özüniň ýeňlendigini anyk bildi we aman sorady. Emma esgerler söweşmegini bes etmediler we ol ahyry ýesir alnyp, Ýemineddöwläniň gaşyna getirildi. Oňa «oňatja edep» berlenden soňra, ömürlik tussaglyga höküm edildi we zyndana atyldy. Ol bu ýerde kakasyndan öň dünýäden ötdi.

Al-Azharynyň dil meselesine degişli öz eli bilen ýazan «At-Tehzip» atly kitabynyň käbir jiltlerinde aşakda göçürilen şu ýazga gözüm düşdi: «Muhammet ibn Ahmet ibn al-Azhary şeýle diýýär: «Aly şar Abu Nasr bu bölümi (diliň bir bölümini) owalyndan ahyryna çenli doly okap çykdy we ýazuwyny öz eli bilen örän dürs ýazardy». Ine, şu maglumat onuň arap dilini bilendigini we onuň bilen meşgullanandygyny delillendirýär. Kimiň bu barada köpräk maglumat bilesi gelýän bolsa, al-Azharynyň «At-Tehzip» kitabyny okasyn.

## SAMANLY DÖWLETINIŇ DARGAMAGYNYŇ HEM-DE TÜRKMENLERIŇ MAWERANNAHRY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Samanly döwleti şu ýylyň özünde Mahmyt ibn Söbüktegin we ady Abu Nasr Ahmet ibn Aly, lakamy Şemseddöwle bolan Ilek han Türkmen tarapyndan doly syndyryldy.

Öň ýatlap geçişimiz ýaly, Mahmyt Horasany eýeläpdi we Mawerannahr Abdylmälik ibn Nuhuň elinde galypdy. Mahmytdan ýeňlenden soňra, ol Buhara gitdi. Bu ýerde Faýyk, Begtozan we beýleki emirlerdir ekabyrlar bilen birleşdi. Olaryň güýji artdy. Mundan soň olar esger toplamaga başladylar hem-de Horasana dolanyp barmagy ýüreklerine düwdüler. Ýöne olaryň bu pikiri Faýygyň ölümine gabat geldi. Ol şu ýylyň meret aýynda dünýäden ötdi. Faýyk aradan çykanda, olaryň ruhy

ejizläp, güýji gowşady. Sebäbi olaryň arasyndaky gulak asylýan esasy adam şoldy. Ol aslynda Nuh ibn Nasryň agta gullarynyň biridi.

Bularyň habary Ilek hana gelip ýetende, ol türkmenleri bir ýere jemläp, Buhara tarap ýöredi. Abdylmälik muny gören dessine, oňa özüniň mähir-keremini, sadyk gullugyny bildirdi.

Bular hem onuň bu bolşuny dogry saýdylar we ondan asla howp-howatyr etmediler.

Ilek han emirlik howlusynda düşledi. Erjellik bilen Abdylmäligiň niredeligini bilmegi we ony tutup getirmegi talap etdi. Ony gola girizensoň, Ifkent galasyndaky zyndana saldy we tä dünýäden ötýänçä, ol şol ýerde boldy.

Bu samanlylaryň iň soňky patyşasydyr. Beýleki uly döwletler ýaly onuň döwleti hem ýitip gitdi.

Durmuşdaky her bir wakada akylly adamlar üçin many alara zat köpdür.

Onuň bilen birlikde Abdylmälikden öň döwleti dolandyran dogany Abylhars Mansur ibn Nuh hem-de Abu Ybraýymyň iki dogany Ysmaýyl we Abu Ýakup ibn Nuhlar, iki agasy Abu Zekeriýa we Abu Süleýman hem-de samanly neberesine degişli beýleki adamlar tutuldy we olaryň hersi zyndanyň aýratyn hüjresinde saklanyldy.

Samanlylaryň döwleti Hulwan sebitlerinden tä Mawerannahrdaky türkmen ýurtlarynyň ummasyz giňişligine çenli ýaýrapdy. Bularyň döwleti adyllykda we at-abraýda iň ýagşy döwletleriň biridir. Abdylmälik diýilýän bu – Abdylmälik ibn Nuh ibn Mansur ibn Nuh ibn Nasr ibn Ahmet ibn Ysmaýyl bolup, bu ýerde ady agzalanlaryň ählisi hem patyşalyk tagtynda oturyp gören adamlardyr. Olaryň içinde entek bu şejerede ýatlanmadyklary hem bar.

Öň ýatlanylyp geçilen dogany Mansur ibn Nuhdan öň patyşalyk eden Abdylmälik ibn Nuh ibn Nasr bolmaly. Bularyň

arasynda dolandyran wagtynda samanly patyşalygy dargan Abdylmäligiň dogany Mansur ibn Nuh ibn Mansur hem bardyr.

* Bu ýyl şapygy fakyhy, kary Ahmet ibn Muhammet ibn Isa Abu Muhammet Saragty dünýäden ötdi. Ol Abu Yshak Merweziniň ýoldaşlarynyň biri bolup, öz döwründe Horasanyň şyhy hasaplanardy. Gurhan okamagy Ibn Mujähitden, edebiýaty Ibn Enbarydan öwrendi. Togsan alty ýaşynda dünýäden ötdi.

## 390-NJY HIJRI ÝYLY

*(13.12.999-30.11.1000 ý.)*

## YSMAHÝYL IBN NUHUŇ TUSSAGLYKDAN ÇYKMAGYNYŇ WE HORASANDA BOLAN WAKALARYŇ BEÝANY

Bu ýyl Abu Ybraýym Ysmaýyl ibn Nuh tussaglykdan çykdy. Ol Ilek han Buharany eýelände, öz maşgalasyndan birnäçe adam bilen bilelikde tussag edilipdi.

Munuň halas bolmagynyň sebäbi şeýle: onuň ýanyna hyzmat etmäge ýaş gyrnak gyz gelerdi. Ol muňa hal-ýagdaýlaryny aýdyp, onuň geýimini geýip, çykyp gidipdir. Ysmaýyly saklamaga bellenilen ýörite adamlar bolsa, ony gyrnakdyr öýdüp, zat diýmändirler. Ol bu ýerden çykansoň, buharaly bir garry kempiriň öýünde gizlendi. Gözlegi köşeşensoň, Buharadan Horezme gitdi we oňa Muntasyr diýip lakam berdiler. Samanly serkerdeleriniň we goşunlarynyň diri galanlary onuň ýanyna üýşdüler. Gün geçdigisaýy olaryň hatary güreldi. Ol öz ýaranlaryndan birini serkerde belläp, şony hem esgerler bilen Buhara ýörişe ugratdy.

Bir gije olar Ilek hanyň ýaranlarynyň üstüne çozup, köpüsini öldürdiler. Muntasyryň Japar Tegin ýaly tanymal adamlary birden hüjüme geçip, Ilek hanyň ýanyna gaçyp gelýänleriň

yzyna düşüp, tä Samarkant serhetlerine çenli kowalap geldiler. Olar bu ýerde Ilek hanyň Samarkandy goramak üçin ýörite toplan agyr goşunyna uçradylar. Üstesine gaçyp gelýänler hem bu esgerlere goşuldy we olar Muntasyryň esgerleri bilen garpyşdylar. Ýene-de Ilek hanyň esgerleri ýeňildi. Muntasyryň goşuny olary kowalap, örän köp oljany ele saldylar we özleriniň hal-ýagdaýlaryny oňatlaşdyrdylar. Buhara gaýdyp geldiler we onuň ilatyna samanlylaryň dolanyp gelendigini buşladylar.

Mundan soň Ilek han türkmenleri jemledi we Buhara ýöneldi. Onuň ýanyndaky samanlylar ondan bölünip, derýanyň beýle kenaryna – Amul Şata[1] geçdiler. Bularyň hallary has-da teň boldy. Beýle tarapa aşan samanlylar Muntasyr bilen Abywert tarapyna gitdiler we ol ýerleri basyp aldylar, mal-mülküni taladylar. Soňra agasy Mahmyt tarapyndan orunbasar bellenilen, Mansur ibn Söbükteginiň bolýan şäheri Nyşapura gitdiler. Dört tirkeşigiň birinji aýynda Nyşapuryň golaýynda duşuşan esgerler söweşe girdiler. Mansur we onuň esgerleri gaçyp, Hyrada tarap gitdiler. Muntasyr Nyşapury eýeledi we öz goşunynyň sanyny köpeltdi.

Bu habar Ýemineddöwlä baryp ýetende, ol Nyşapura ugrady. Oňa golaý gelende, Muntasyr bu ýerden çykyp, Isferaýyna gitdi. Gözleg işi ony birahat edende, pena sorap, Şemsil Magaly Kabus ibn Wuşmegire ýüz tutdy. Ol hakda köp ýagşy sözleri aýtdy, ep-esli baýlygy serpaý ýapdy. Häkimiýet eýeleriniň agzalalygy we ony gorara adamyň ýokdugy zerarly ol Muntasyra Reýe gitmegi maslahat berdi. Ony şol ýerde öz ogullary hem-de uly goşun bilen goldajakdygyny aýtdy. Ol munuň maslahatyny kabul edip, Reýe gitdi we şol ýerde düşledi. Bu ýerdäkiler oňa garşylyk görkezerden ejiz gelselerde, ýurdy gorap sakladylar. Söweşip alyp bilmejekdigine gözi ýetensoň, olaryň Abylkasym Simjür we beýleki serkerdeleri

[1] Amul Şat — kenarýaka Amul.

bilen sözleşip, hile-mekirlik etdiler. Olaryň yzyna gitmegi üçin baýlyk baryny harçladylar. Olar muňa razy boldular we Muntasyryň ýanyna gelip, Reý üçin söweş etmegiň onuň ýanynda peslikdigini, Horasana gaýdylsa, mertebä laýykdygyny gaýta-gaýta ýatlatdylar. Mundan soňra olar Damgana tarap gitdiler, Kabusyň esgerleri bolsa yzyna tarap öwrüldi.

391-nji ýylyň baýram aýynyň ahyrlarynda Muntasyr Nyşapury eýeledi, ilatyna salgyt saldy. Ýemineddöwle onuň üstüne uly goşun iberdi. Muntasyr bu söweşde ýeňlişe duçar boldy we Abywert tarapa gitdi hem-de onuň üstünden aşyp, Gürgene ýöriş etdi. Şemsil Magaly bu gezek ony yzyna gaýtaransoň, ol Saragta gitdi we şol ýeriň salgydyny ýygnap ýaşaberdi.

Mansur ibn Söbüktegin Nyşapurdan onuň ýanyna ugrady we bular Saragtyň eteginde söweşe girdiler. Muntasyr ýeňildi. Abylkasym Aly ibn Muhammet ibn Simjür we onuň görnükli esgerlerinden bir topary ýesir düşdi. Bular Mansuryň ýanyna getirilende, ýesirleriň ählisini Gazna ugratdy. Bu wakalar 392-nji ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda bolup geçdi.

Muntasyr bolsa, tä samanly neberesine tarapdar oguz türkmenlerine duşýança, sergezdan gezdi. Soňra bularyň namysy olary herekete getirdi, aýaga galdyrdy. Olar munuň bilen goşulyp, Ilek hanyň üstüne ugradylar. Bu wagtlar 393-nji ýylyň baýram aýlarydy. Ilek olar bilen Samarkant sebitlerinde söweşdi. Olar muny ýeňip, onuň maly-mülküne, maşgalasyna eýe çykdylar. Goşunbaşylardan birnäçesini ýesir alyp, öz watanlaryna dolandylar.

Soňra olar ýesirleri boşatmak pikirini bahanalap, Ilek han bilen aralaryny sazlamak islediler. Muntasyr bu ýagdaýy eşidip, öz ýaranlaryndan iň ynamdarlaryny saýlap, olar bilen gitdi we derýany kesip geçip, Amul Şatda düşledi. Ýöne ony hiç bir ýer kabul etmedi. Her gezek bir ýere baranda, biabraýdygy üçin ony yzyna gaýtardylar. Soňra ol yzyna gaýtdy we derýany kesip geçip Buhara gitdi. Bu ýeriniň häkimi onuň Ilek hanyň

ýanyna barmagyny talap etdi. Bular bu ýerde duşuşdylar we söweşdiler. Muntasyr bu gezek ýeňildi we Debusyýa gaçyp gitdi hem-de şol ýerde goşun jemledi. Soňra gaýtadan hüjüme geçip, olary derbi dagyn etdi. Samarkantly ýaş ýigitleriň örän uly mähellesi olaryň öňünden çykyp, olaryň hataryna goşuldy. Ol ýeriň ilaty onuň üçin baýlyk, gural, ýarag, don-geýim, mal-gara we beýleki zatlar getirdiler.

Ilek han munuň ýagdaýyny bileninde, türkmenleri ýygnady we olar bilen ähli enjamy, şaý-sepi gurat halda öňe ýöriş etdi. Olar Samarkant sebitlerinde söweşdiler. Buharanyň arasyndaky söweş şeýle bir dartgynly boldy. Ilek han ýeňlişe duçar boldy. Bu wakalar 394-nji ýylyň meret aýynda bolup geçipdi. Olar Ilek hanyň goşunyna degişli mal-mülki ele salyp, ummasyz olja eýe boldular.

Ilek han türkmen ýurtlaryna dolandy. Esger ýygnap, goşun düzüp, Muntasyryň üstüne gaýtadan hüjüm etdi. Onuň bu söweşi, Muntasyryň ýanyndaky oguz türkmenleriniň öz watanlaryna dolanan we olaryň sanynyň azalan wagtyna gabat geldi. Eşrusene sebitlerinde bolup geçen bu söweşde Muntasyr ýeňlişe sezewar boldy. Türkmenler onuň esgerleriniň köpüsini öldürdiler.

Muntasyr ýeňlip gaçyp gitdi we derýany kesip geçdi. Soňra Gürgene girip, bu ýeriniň mal-mülküni talady. Mundan soň Merwi eýelemek üçin ýörişe ugrady. Ýemineddöwle bu şäheri oňa bermezlik üçin agyr goşuny garşysyna ugratdy. Muntasyr bu ýerden çaltlyk bilen gitdi, tä Bistama ýetýänçäler, olar hem bularyň söbügine düşdi. Kabus hem olaryň üstüne öz esgerlerini iberdi. Ýol ýagdaýy kynçylyk döredensoň, Muntasyr lapykeç halda Mawerannahra dolandy. Onuň ýaranlary ukusyz geçirilen gijelerden, ýadawlykdan, howp-howatyrdan halys lüti çykyp, umydyny ýitiripdiler. Şonda olaryň köpüsi Ilek hanyň käbir ýaranlarynyň tarapyna geçdiler we Muntasyryň bolýan ýerini oňa mälim etdiler.

Muntasyr daş-töwereginiň atly esgerler bilen gurşalandygyny duýman galdy. Ol dessine hüjüme okduryldy we şol pursat hem yzyna gaçmaga başlady.

Ol Ýemineddöwlä boýun egýän arap leşgergähinde düşledi. Ýöne Ýemineddöwle olara Muntasyry tutmaklygy tabşyrypdy. Olar garaňky gatlyşýança Muntasyry güýmäp, alyp galdylar, soňra bolsa üstüne topulyp, ony tutdular we öldürdiler. Ine, onuň ömrüniň soňy şeýle tamamlandy.

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ SISTANY GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle Halep ibn Ahmediň häkimlik edýän diýary Sistanyň üstüne ýöriş etdi we ony gabady.

Ýemineddöwle ýokarda ýatlap geçen söweşlerimize meşgul bolup ýörkä, Halep ibn Ahmet ogly Tahyry Kuhystana ugratdy we Tahyr bu ýeri basyp aldy. Soň bu ýerden Buşenje gitdi we ol ýeri hem eýeledi. Buşenç bilen Hyrat Ýemineddöwläniň agasy Bugrajyga degişlidi.

Ýemineddöwle şol uruşlardan dynanyndan soň, Tahyr ibn Halebi agasynyň welaýatyndan çykarmaklygyň aladasyny etdi. Agasy hötde gelerden ejiz bolsa, muňa özüniň girişjekdigi aýtdy. Agasy bilen geňeşdi. Ahyry Bugrajyk Buşenç sebitlerinde Tahyr bilen söweşe girdi. Tahyr ondan ýeňlip gaçdy. Bugrajyk hem ony tutmak üçin yhlas etdi. Birdenkä, Tahyr yzyna öwrüldi-de, oňa hüjüm etdi we Bugrajygy öldürdi. Atdan inip, onuň kellesini kesip aldy.

Agasynyň ölümini eşidende, Ýemineddöwläniň gahary gaýnap, gazaby göge galdy. Esgerlerini bir ýere jemläp, Tahyryň atasy Halep ibn Ahmediň garşysyna ýörişe çykdy. Halep Asbahbet galasynda gorandy. Bu galanyň beýik minaralary asmanyň ýyldyzlaryna süsňäp durdy. Ol Halebi şu ýerde gabady we gysaja saldy. Ol zelil halda boýun egdi. Boýnundaky syrt-

makdan halas bolmak üçin gymmatbaha baýlyklary harçlady. Ýemineddöwle onuň bu haýyşyny bitirdi we getirilmeli baýlyga derek özüni girew hökmünde saklady.

## 391-NJI HIJRI ÝYLY
*(01.12.1000-19.11.1001 ý.)*

## MIRASDÜŞERLIGE KASAM EDILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Halypa Kadyr Billä ogly Abylfazlyň mirasdüşer halypadygyna kasam etmekligi buýurdy we Horasanyň hajylaryny getirdip, olara bu ýagdaýy mälim etdi, oňa Galyp Billä diýen lakam berildi.

Kasam edilmeginiň sebäbi, möminleriň emiri Wasyk Billäniň ogly Abdylla ibn Osman Wasyky bilen baglanyşyklydyr. Nusaýbin ilinden bolan Abdylla ibn Osman ilki Bagdada, ondan çykyp hem Horasana ýöriş etdi. Deryany kesip geçip, Harun ibn Ilek Bugra Hakanyň ýanyna bardy. Abdyllanyň ýanynda fakyh Abylfazl Temimi bardy. Ol özüni halypanyň Harunyň ýanyna ýörite iberen ilçisidigini, onuň Wasyka kasam etmegini buýurýandygyny, Wasykyň mirasdüşerdigini aýtdy.

Hakan onuň sözüni kabul edip, onuň mirasdüşerdigine kasam etdi. Öz ýurdunda onuň adyna hutba okadyp, baýlyk baryny harçlady.

Bu habar Kadyr Billä gelip ýetende, ol muňa biçak geň galdy we aýdyňlaşdyrmak üçin Hakanyň ýanyna çapar ýollady. Emma ol munuň hatyna ähmiýet bermedi.

Harun Hakan aradan çykyp, onuň ornuna Ahmet Gara Hakan geçende, halypa onuň ýanyna çapar ýollap, Abdylla Wasykyny ýurtdan çykarmagy talap etdi we şol bir wagtda hem öz oglunyň mirasdüşerdigini jar etdi.

Wasyky bolsa Gara Hakanyň ýanyndan çykyp, Bagdada ugrady. Ýöne onuň kimligi bilnip, idelip başlanansoň, ol ýer-

den Basra gaçdy. Soňra Parsa we Kermana, ahyry hem türkmen ýurtlaryna ýüzüni öwürdi. Ýöne arzuwlan zadyna gowuşmak oňa miýesser etmedi. Halypa ony talap edip, patyşalara hat ýazdy durdy. Zemin giňişligi oňa dar bolup başlady. Ol bu ýerden ugrady we Horezme gitdi. Şol ýerde hem mesgen tutdy. Uzak wagt geçmänkä, ol bu ýerden hem aýrylmaly boldy. Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin ony ele saldy we tä dünýäden ötýänçä tussaglykda saklady.

## 392-NJI HIJRI ÝYLY
*(20.11.1001 ý. - 09.11.1002 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ HINDILER BILEN SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin bilen hindileriň patyşasy Jibalyň arasynda örän uly söweş bolup geçdi.

Halep ibn Ahmet bilen bolan söweşden dynansoň, Ýemineddöwläniň ýüzüne şemal çaldy. Musulmanlaryň üstüne edýän çozuşlaryndan saplamak üçin hindiler bilen uly söweş etmek isledi. Ol at jylawyny şol diýarlara öwürdi. Berşur (Perşur) şäherinde düşledi. Hindileriň patyşasy, Taňrynyň duşmany Jibal örän köp sanly goşun bilen bu ýere süýşüp geldi. Ýemineddöwle öz esgerlerinden we meýletinçilerden on bäş müňüsini saýlap, şol tarapa ugrady. Olar şu ýylyň aşyr aýynda söweşe girdiler. Iki tarap hem agyr söweşi başdan geçirdi.

Gün ýarymdan aganda hindiler ýeňlip, gaçyp ugrady. Olaryň köpüsi öldürildi. Patyşa Jibal bilen onuň aýal-gyzlaryndan, oglan-uşaklaryndan, ýakyn garyndaşlaryndan birnäçesi ýesir alyndy. Musulmanlar örän gymmatbaha şaý-sepleri, nepis göwherleri olja aldylar. Taňrynyň duşmany Jibalyň boýnundaky iki ýüz müň dinarlyk deňsiz-taýsyz göwher monjugy hem aldylar. Şonuň ýalyrak şaý-sepleri beýleki ýesirleriň boýnundan hem

çykaryp aldylar. Bäş müň sany gul ele salyndy, Hindistanyň örän köp ýurtlaryny basyp aldylar. Ol bu söweşlerinden dynandan soň, hindileriň öz patyşasyny hor-homsy halda görmekleri üçin ony azatlyga goýbermek isledi. Talap edilen ujypsyzja baýlyk bilen ony boşadyp goýberdi.

Hindiler musulmanlaryň elinde ýesir bolan adamy şondan soň hergiz ýolbaşçy wezipä bellemeýärdiler.

Jibal halas bolandan soňky ýagdaýyny göz öňüne getirip haýykdy we başyny syryp, özüni oduň içine oklady. Şeýdip ol ahyretiň odundan öň dünýä odunda çürşüp galdy.

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ HINDISTANA EDEN ÝENE BIR SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Ýemineddöwle Jibally meseleden dynansoň, ýene bir söweş etmegi ýüregine düwdi we Weýhent tarapyna ugrady. Bu şäheri rehimsizlik bilen basyp alynça, ol ýeri gabap saklady. Dag içinde jemlenen bir hindi halkynyň başbozarlyk we bozgakçylyk etjekdigi hakdaky habary eşidende, ol esgerleriniň bir taýpasyny şolaryň üstüne iberdi. Örän gazaply geçen bu söweşde, birlän-ikilän sypyp gaçan bolaýmasa, hindileriň ählisini öldürdiler. Şeýdip Gazna ruhubelent we sag-salamat halda dolandylar.

## 393-NJI HIJRI ÝYLY
*(10.11.1002 ý. - 29.09.1003 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ SISTANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin Sistany Halep ibn Ahmediň elinden gaňryp alyp, ony eýeledi.

Utby bu hakynda şeýle diýdi: «Munuň basyp almagynyň sebäbi ol Halep bilen ylalaşyp, onuň ýanyndan gidende, Halep

ogly Tahyra äht etdi we ýurdy oňa tabşyrdy. Özi bolsa tagat-ybadat we ylym bilen meşgullanmaga başlady. Halebiň özi alym, hormat-sylaglydy we alymlary söýýän adamdy. Ol şeýtmek bilen Ýemineddöwläniň ýüregine dowul salmak isleýärdi. Onuň öz ýurdundan tamasyny üzmekligi üçin patyşylygy terk edip, ahyreti talap etmäge başlapdyr diýdiresi gelýärdi.

Tahyryň patyşalyk işi ýola düşende, ol atasynyň diýenini etmän, biperwaýlyga ýüz urdy. Atasy oňa kän mylaýymlyk etdi we mähribanlygyny görkezdi. Öň ýatlap geçen köşgümizde ýatyp, ýaramadyksyran boldy. Wesýet etmek üçin ogluny çagyrdy. Ogly munuň ýanyna janpenalary ýok wagty girdi. Kakasy oglunyň ýamanlygyny unudypdy. Emma ogly onuň ýanyna baranda, kakasy ony tussag etdirdi we zyndana atdyrdy. Ol dünýäden ötýänçä şol ýerde galdy. Soňra «Ol özüni öldüripdir» diýip çykardylar.

Halebiň esgerleri we goşunbaşylary muny eşidende, häkime bolan niýetleri üýtgäp, ony ýigrenip başladylar. Öz şäherinde oňa tabyn bolmakdan ýüz öwrüp, Ýemineddöwlä boýun egýändiklerini aýan etdiler we onuň adyna hutba okadylar. Şäheri kabul eder ýaly adamy ibermegini haýyş edip, Ýemineddöwläniň ýanyna çapar iberdiler. Ol bu teklibi kabul etdi we şu ýylyň özünde şäheri doly gurşap alyp, Halebi tutmaklygy hem-de onuň elindäki barça zady alyp, Halebiň mekirliginiň soňuna çykyp, rahat-asuda gezmekligi ýüregine düwdi.

Şu maksat bilen Ýemineddöwle Tak galasynda bolup ýören Halebiň garşysyna ugrady. Bu gala mäkäm gurnalan ýedi sany germewden (diwardan) ybarat bolup, olaryň hersiniň öňüni çuň we giň gazylan hendekler gurşaýardy. Gorkuly ýagdaý ýüze çykanda, ýokary göterilýän köprüden geçäýmeseň, bu ýerlerden aşmak mümkin däldi.

Ýemineddöwle bu ýerde düşledi we ony çar tarapdan gysmaga başlady. Emma Halebiň oturýan ýerine ýetmegi başarmady. Soňra ol hendekleri aşyp geçmek üçin ony doldurar ýaly

agaç çapmaklygy buýurdy. Bir günüň içinde bu hendekleriň örän köp ýerini gum we agaç bilen dolduryp, goşun ýörär ýaly ýer ýasadylar. Olar şol geçelgeleriň üstünden ötüp, garşydaşlary bilen söweşdiler.

Pyýada goşun bilen birlikde pilli goşun hem hüjüm edip başlady. Söweş gyzdy we işler çylşyrymlaşdy. Şol wagt äpet söweşjeň pilleri öňe sürdüler. Olar özleriniň ýiti gyýaklary bilen germewleri ýumurmaga başladylar. Ýemineddöwläniň adamlary degresi synan seňňerleri dessine eýeleýärdiler. Halebiň adamlary bolsa ikinji germewe tarap yza çekildiler. Ýemineddöwläniň esgerleri germew yzyna germew alyp ýördi. Halep söweşiň has gyzandygyny, gala germewleriniň bolsa olar tarapyndan eýelenip gelýändigini, öz adamlarynyň ejizläp, tapdan düşendigini, hatda pilleriň hem öz holtumlary bilen adamlary gyrýandygyny görende, gorkudan ýaňa ýüregi gobsunyp gitdi. Ol derrew Ýemineddöwläniň ýanyna ilçi iberip, aman sorady.

Ýemineddöwle Halebiň islegini kabul etdi, onuň towakgasyny bitirmek üçin Halebe garşy hüjümini bes etdi. Halep ýanyna getirilende Ýemineddöwle ony hormatlady, hödür-kerem etdi, islän ýurdunda, göwün küýseýän ýerinde ýaşamaga ygtyýar berdi. Halep Jüzjan topragyny saýlap alansoň, Ýemineddöwle ony ýagşy bezäp-besläp, hormat bilen ugratdy. Ol bu ýerde dört ýyl töweregi ýaşady.

Birnäçe müddetden soňra jansyzlardan Ýemineddöwlä habar geldi. Bu maglumata görä, Halep Ilek hany Ýemineddöwläniň üstüne küşgürýärdi. Ýemineddöwle Halep bilen bellisini etmek üçin bu ýere iki sany uly goşun bölümini sürdi we ony şol ýerde tä 399-njy ýylyň rejep aýynda ajaly ýetip ölýänçä gabady. Ýemineddöwle onuň yzynda galdyran ähli zadyny ogly Abu Hafsa tabşyrdy.

Halep ylym almakda we alymlary bir ýere üýşürmekde diýseň meşhurdy. Onuň Gurhana tesfir berip ýazan kitaby uly eserleriň biri hasaplanýar.

Bu ýyl belli edebiýatçy we şahyr, örän tanymal şahs bolan Muhammet ibn Apbas Horezmi Nyşapurda dünýäden ötdi.

## 396-NJY HIJRI ÝYLY
*(08.10.1005 - 26.09.1006 ý.)*

## MULTAN SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Soltan Ýemineddöwle Multana çozdy.

Munuň sebäbi ol ýeri dolandyryjy Abylfutuhyň ygtykadynyň hapalanyp, bihudalyk ýoluna düşendigi hakdaky habaryň getirilmegidir. Hatda ol golastyndaky raýatlaryň hem öz ynanjyna tabyn bolmaklygyny buýrupdyr we ol ýeriň ilaty muny sessiz-üýnsiz kabul edipdir. Ýemineddöwle onuň bilen din darkaşyny gurap, ony mertebesinden düşürmegi niýet etdi we şol tarapa ýörişe ugrady.

Multana ýetjek bolsaň örän köp suwly, aşmasy agyr, giň we uzyn derýalary kesip geçmelidi. Esasanam, Syrderýa has hatarly bolup, onuň kenaryna barmagam howpludy. Ýemineddöwle Andybala hat ýazyp, Multana ýetmek üçin öz ýurdunyň üstünden ötüp gitmeklige rugsat sorady. Emma Andybal bu haýyşy kabul etmedi. Muňa aşa gahary gelen Ýemineddöwle Multandan owal ilki şu ýere hüjüme geçmegiň küýüne düşdi. Ol: «Iki söweşi jemläris, aslynda hem söweş dowamly bolmalydyr» diýdi.

Şeýdip Ýemineddöwle bu ýurda girdi, ol ýeriň örän köp ilatyny gyrdy, malyny-mülküni talady, jaýlaryny ýangyna berdi, harap etdi. Andybal onuň öňünde durup bilmän şeýle bir

gaçdy welin, ol edil şeýtana zyňlan daşlar ýaly[1] süýnüp barýardy. Ol tä Kaşmire barýança şol tizliginde bogazdan bogaza, kenardan kenara aşyp gitdi.

Abylfutuh Ýemineddöwläniň özüne tarap gelýändigini eşidende, onuň öňünde durup bilmejekdigine, garşy giderden ejizdigine düşünip, barça malyny-mülküni, maşgalasyny we ýakynlaryny alyp, Serendibe göçdi, Multany boşatdy. Ýemineddöwle bu ýere geldi we şäherde düşledi. Görse, ol ýeriň ilaty özleriniň şol ýalňyş ynanjyna eýerip ýören ekenler. Ýemineddöwle olary gabap, gysmaga başlady. Tä ony rehimsizlik bilen basyp alýança, söweş yzyna söweş etdi. Ilkibada diýen etmändikleri üçin bolsa ol ýeriň ilatyna temmi berip, ýigrimi müň dirhemlik jerime saldy.

## KOWAKYR SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Soňra ol bu ýerden Kowakyr galasyna gitdi. Bu ýeriň hökümdary Beýda ady bilen tanalyp, ol ýerde alty ýüz sany senem-but bardy. Ýemineddöwle ony basyp aldy we ähli butlary-senemleri oda berdi. Beýdanyň özi Gelenjar galasyna gaçyp gitdi. Ýemineddöwle onuň yzy bilen ýöräberdi. Gelenjar örän uly gala bolup, ol ýerde bäş ýüz müň adam ýaşaýardy. Mundan başga-da ol ýerde bäş ýüz sany pil, ýigrimi müň sany mal[2] hem-de ähli kişä bir müddet ýeter ýaly azyk-iýmit bardy.

Ýemineddöwle ol ýere golaýlaşyp, gala bilen aralygynda ýedi parsahlyk ýol galanda, geçmäge päsgel berýän gür tokaýlyga gabat geldi. Ol ýol arçamak üçin daragtlary çapmaklygy buýurdy. Şeýdip baryşlaryna olar aşmasy agyr bolan örän çuň jülgä gabat geldiler. Ýemineddöwle jülgäni ýigrimi esger birlikde geçer ýaly giňlikde agaç we gum bilen gömmekligi buýurdy. Şeýdip Ýemineddöwläniň esgerleri içine gum dykylan

[1] Bu ýerde süýnýän ýyldyzlar göz öňünde tutulýar.
[2] Bu ýerde münülýän ulaglar göz öňünde tutulýar.

hamlar we daragtlar bilen bu jülgeden geçer ýaly ýer ýasadylar. Bular galanyň ýanyna baryp, ony kyrk üç günläp gabap sakladylar. Ol ýeriň hökümdary ahyry ýaraşyk baglaşmak we öwezine belli bir mukdarda paç tölemek şerti bilen hat iberdi. Emma bu teklibi kabul etmediler.

Soňra Ilek hanyň Horasana ýöriş edenligi we ol ýerde agzalalygyň ýüze çykandygy hakdaky habary eşidende, Ýemineddöwle bu şerte razy boldy. Ol hindi patyşasyna hat ýazdy we bäş ýüz pil we üç müň manlyk[1] kümüş tölese, ylalaşmaga razydygyny aýtdy.

Hindi patyşasy diňe bir söweşi bes etmek bilen çäklenmän, bu sebiti gabawdan boşatmagy hem haýyş etdi. Emma Ýemineddöwle onuň haýyşyna üns bermedi we gabawyny dowam etdi. Şonda hindi patyşasy öz ynanjyna eýerip, külembike barmagyny kesdi we ony Ýemineddöwlä iberdi. Mundan soň Ýemineddöwle Horasandaky agzalalygy aýyrmak üçin bu ýere dolandy. Ýöne hindi ýurtlaryna duýdansyz çozmagy ýüregine berk düwdi.

## ILEK HANYŇ ESGERLERINIŇ HORASANA GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Ýemineddöwläniň Horasandaky döwlet işi hem-de Ilek hanyň Mawerannahrdaky patyşalyk işi birýüzli bolandan soňra, bular birek-birege hat ýolladylar we ylalaşdylar. Ýemineddöwle Ilek hanyň gyzyna öýlendi. Ol ikisiniň arasynda gaýyngiýew gatnaşygy we ýaraşyk-ylalaşyk peýda boldy. Emma arada gezýän içigaralar ol ikisiniň arasyny bulaşdyryp, agzyny alardýançalar, gol gowşuryp oturmadylar. Ilek han Ýemineddöwlä gyzyny ynansa-da, janyny ynanmady, ýüreginde besläp ýören niýetini ondan gizlin saklady.

---

[1] Mann – agyrlyk ölçegi bolup, 1 mann 2 ratla deňdir. 1 ratl bolsa 144 dirhemden ýa-da 449,28 gramdan ybarat.

Ýemineddöwle Multana ýöriş edende, Ilek han Horasanyň ýolbaşçysyz galandygyndan peýdalanyp, öz goşunbaşysy Subaşy Tegini şol ýylyň özünde agyr goşun bilen Horasana, dogany Japar Tegini bolsa birnäçe emirleri bilen Balha tarap ugratdy.

Ýemineddöwle bolsa özüniň ekabyr emirlerinden Arslan Jazyp diýilýäni Hyrata emir belläpdi we eger tersine gidýän biri peýda bolsa, derrew Gazna ugramagy tabşyrypdy. Subaşy Tegin Horasana aşanda, Arslan Gazna gitdi. Subaşy Hyrady eýeledi we şol ýerde galyberdy. Nyşapura bolsa başga birini iberdi.

Bu wakalaryň ähli habary Hindistanda gezip ýören Ýemineddöwlä yzygider ýetirilip durdy. Ol hiç bir gara göz aýlaman, hiç bir karara gulak gabartman, Gazna dolandy. Ol ýere ýetende, esgerlerine baýlyk baryny harçlady, olaryň maddy we ruhy dünýäsini güýçlendirdi. Düzläsi gelen zadyny düzeltdi. Ýemineddöwle halaç türkmenlerinden ýardam soranda, olar örän köp mähelle bolup kömege geldiler. Ýemineddöwle olar bilen Ilek hanyň dogany Japar Teginiň bolup ýören ýeri Balha ugrady. Termezi kesip geçip, Ýemineddöwle Balhda düşledi. Esgerleriniň bir toparyny Hyrada — Subaşy Teginiň üstüne iberdi. Goşun ýakyna gelende, Subaşy Tegin derýadan aňryk aşmak üçin Merw tarapa ugrady. Bu ýerde oňa oguz türkmenleri gabat geldi. Olar munuň bilen söweşe girdiler we ony ýeňdiler. Olardan örän köp adam öldürildi.

Üstünden aşyp geçmeginiň mümkin bolmandygy üçin Subaşi Tegin Abywert tarapa gitdi. Ýemineddöwläniň esgerleri hem olaryň söbügine düşüp barýardy. Göçüp-gonardylar, dynç alyp ýene ýörärdiler. Onuň gözlenýändigi hakdaky howp-howatyrlar halys gününe goýmansoň, ykbal ony Gürgene alyp geldi. Emma Subaşy Tegin bu ýerden hem çykaryldy. Soňra ol Horasana dolandy. Bu ýerde oňa Ýemineddöwle sataşdy we onuň maksadynyň bitmegine böwet boldy. Subaşy Teginiň do-

gany we onuň serkerdelerinden birtopary ýesir alyndy. Onuň özi bolsa beýleki adamlarynyň arasynda gizlenip, gaçmagy başardy. Şeýdip galan bölek bilen derýadan aňryk geçdiler.

Ýemineddöwläniň Subaşyny talap etmeginden ünsüni sowmak üçin Ilek han dogany Japar Tegini Balha aşyrypdy. Emma Ýemineddöwle yzyna dolandy we öz diýenini edip, Subaşyny Horasandan çykarmagyň aladasynda gezdi. Diňe ony bu ýerden çykarandan soň, Balha dolandy.

Japar Teginiň ýanyndakylaryň ählisi gaçyp gitdi. Horasan asudalyk bilen Ýemineddöwläniň eline geçdi.

## 397-NJI HIJRI ÝYLY
*(27.09.1008 -16.09.1009 ý.)*

## ILEK HANYŇ ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Ýemineddöwläniň esgerleri Ilek hany Horasandan çykaranlarynda, Ilek han özüniň ýakyn garyndaşlygyndan peýdalanyp, Hotanyň patyşasy Kadyr han ibn Bugra hana hat ýazdy. Oňa öz ýagdaýyny mälim edip, kömek sorady, ýardam bermegini haýyş etdi. Kadyr han ýurduň çar künjeginde ýaşaýan türkmenleri aýaga galdyryp, Horasana kömege gitdi. Ilek han bilen birleşip, derýadan bärik geçdiler.

Bu habar Toharystanda gezip ýören Ýemineddöwlä gelip ýetende, ol çaltlyk bilen bu ýerden gitdi we Balha olardan öňürti bardy. Söweşe taýynlanmaga başlady. Oguz türkmenlerini, halaçlylary, hindileri, owganlylary we gaznalylary jemläp, ägirt uly goşun düzüp, Balhdan çykdy.

Söweş üçin amatly bolan giň meýdanyň iki parsah ýakynlygynda çadyr dikdiler. Ilek han bilen Kadyr han olaryň leşgergähine tarap öňe süýşdüler we olaryň gabat garşysynda nyzama düzüldiler. Şol gün garaňky gatlyşýança mazaly söweşdiler.

Ertesi gün olar birek-biregiň üstüne aýgytly hüjüme geçdiler. Söweşiň gidişini synlamak üçin Ýemineddöwle golaýdaky belent depäniň üstüne çykdy. Atyndan inip, Taňrynyň öňünde özüniň pesdigini ykrar edip, ýüzüni topraga degirdi. Ondan ýeňiş we ýardam sorady. Soňra pillerine münüp, Ilek hanyň gös-göni üstüne hüjüm etdi we ony duran ýerinden gaýra tesdirdi. Olaryň üstünden ýeňliş tupanyny inderdi. Ýemineddöwläniň esgerleri hem muňa eýerip, Ilek hanyň adamlaryny öldürmäge, ýesir almaga, talamaga, tä derýadan aşýançalar kowalamaga başladylar. Şahyrlar Ýemineddöwläniň bu ýeňşini gutlap, örän köp şygyrlar düzdüler.

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ HINDISTANA ÇOZUŞYNYŇ BEÝANY

Ýemineddöwle türkmenler bilen baglanyşykly aladasyndan dynansoň, Hindistan tarapa ýörişe gitdi.

Sebäbi Nowasa şa ady bilen tanalýan hindi patyşasynyň käbir ogullary Ýemineddöwläniň golastynda yslama giripdi. Şonuň üçinem ol basyp alan ýurtlarynyň käbirine şolary häkim belläpdi.

Haçan-da olaryň yslamdan dänendigini, ýurduň içiniň bolsa kapyrdyr azgynlardan dolandygyny oňa ýetirenlerinde, soltan çaltlyk bilen şol ýerlere ugrady. Soltanyň olara ýetmegine az galanda, ol hindi patyşasy gaçyp gitdi. Ýemineddöwle ol welaýaty yzyna gaýdyp aldy we ol ýeriň raýatyny gaýtadan yslam hökümine tabyn etdi. Ýakyn adamlaryndan käbirini bu ýerde dikme belläp, Gazna dolandy.

## 398-NJI HIJRI ÝYLY
*(17.09.1007 - 04.09.1008 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ BEHIM NOGURA ÇOZUŞYNYŇ BEÝANY

Ýemineddöwle ýaňky ýatlan söweşlerimizden dynansoň, Gazna dolandy. Özi we esgerleri dem-dynç alyp, täze söweşe taýýarlandy. Şu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda ýörişe ugrap, Hindiment derýasynyň kenaryna ýetdi. Bu ýerde ol Abrahman (Brahman) Bal ibn Andybalyň baştutanlygyndaky hindi goşunlaryna gabat geldi. Bular uzakly güni gazaply söweş bilen geçirdiler. Tasdan hindiler musulmanlardan üstün çykypdy. Soňra beýik Taňry olara ýardam bagyşlady we musulmanlar ýeňiş gazandy. Hindiler ökje göterip gaçdylar. Musulmanlar uzak wagtlap olaryň depesinde ýiti gylyjy oýnatdylar.

Ýemineddöwle tä Behim Nogur galasyna çenli Abrahman Balyň yzyndan kowup gitdi. Bu gala örän beýik dagyň depesinde bolup, hindiler ol ýeri özleriniň iň uly şasenemi[1] üçin hazyna saklanýan ýer edipdiler. Ol ýere dürli öwüşginli hazynylary, gymmatbaha göwherleri ýylba-ýyl getirer durardylar. Olar muny din-ygtykat hasaplardylar. Asyrlarboýy ol ýere üýşürilen baýlygyň ummasyzlygy görlüp-eşidilen zat däldi. Ýemineddöwle şol ýerde düşledi. Galany gabady we söweşe girdi.

Hindiler olaryň sanynyň köplügini, söweş etmäge şeýle bir ussatdyklaryny we okdan-ýaýdan çekinmän özlerine tarap okdurylyp, hüjüm edip gelişlerini görenlerinde, dowla düşdüler we saňňyldap gorkdular. Olar musulmanlardan aman dilediler we galanyň derwezesini açdylar. Musulmanlar derrew galany eýelediler. Ýemineddöwle özüniň has ýakyn we ynamdar adamlaryny ýanyna alyp, ýokary galdy. Ol ýerdäki san-sa-

[1] Şasenem — iň uly, iň owadan we iň gymmatbaha daşlardan ýasalan senem, but.

jaksyz göwherleri, togsan million şahany dirhemleri, ýedi ýüz müň dört ýüz mann agramdaky[1] altyn we kümüş gap-gaçlary aldy. Ol ýerde uzynlygy otuz garydan[2], ini on bäş garydan ybarat bir öý bolup, onuň içi kümüşden dos-doly eken. Şeýle hem gymmatbaha zatlaryň örän köpüsiniň üstünden barypdyrlar.

Olar bu oljalary Gazna getirdiler. Ýemineddöwle şol ajaýyp we nepis göwherleri köşgüniň öňündäki açyk meýdana düşetdi. Onuň ýanyna gelen özge patyşalaryň ilçileri aýaklarynyň astynda lowurdaşyp duran bu täsinlige, ömürlerinde görmedik we eşitmedik ajaýyplygyna geň galyp seredýärdiler.

## 401-NJI HIJRI ÝYLY
*(15.08.1010 - 03.08.1011 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ GUR ÝURTLARYNA WE BEÝLEKI ÝERLERE EDEN ÇOZUŞYNYŇ BEÝANY

Gur Gazna goňşy ýurtdy. Gurlular galtamançylyk edip, ýol urardylar. Olardan ýaňa töwerek-daşa çykmak howpludy. Olaryň ýurdy kert gaýaly daglaryň üstünde, dar we uçutly geçelgeleriň aňyrsynda ýerleşensoň, olar öz ýollaryndan aşmagynyň agyrlygyndan peýdalanyp, şonuň bilen goranýardylar.

Olaryň şeýle eden-etdiligi köpelip, pälleri has-da azyp ugranda, Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin öz gapdalynda şeýle bozgak goňşularyň mesgen tutmagyny islemedi. Olar bolsa henizem şol bozgaklygynda, azgynlygynda we kapyrlyklarynda gezip ýördi.

Ýemineddöwle esgerlerini jemläp, olaryň üstüne ugrady. Goşunyň başynda Hyradyň häkimi Altyndaş Hajyby we Tusuň

[1] Takmynan 630.360 (alty ýüz otuz müň üç ýüz altmyş) kilogram agramda.
[2] Takmynan 190,5 $m^2$ meýdany.

häkimi Arslan Jazyby goýdy. Bu ikisi iň ekabyr emirlerden bolup, olaryň ýany bilen giden esgerler dag geçelgesine ýetip, söweşe ykjam taýýarlandylar. Söweş başlady. Iki tarap birek-birek bilen çaknyşyga girdi.

Ýemineddöwle ýagdaýy doly öwrenensoň, erjellik bilen hüjüme geçdi. Olaryň aşmasy agyr ýollaryny eýeledi. Gurlar çar ýana dargadylar we özleriniň ýaşulusy Ibn Sury ady bilen tanalýan hökümdarlarynyň ýanyna gitdiler. Olar Ahankeran diýlip atlandyrylýan şähere ýetdiler. Olar bu şäherde on müň sany söweşijini saýladylar. Musulmanlar olar bilen tä gün gyzyşýança söweşdiler. Gurlularyň örän söweşjeň we edermen adamdyklaryny gördüler.

Ýemineddöwle olary aldaw ýoly bilen duzaga salmak üçin esgerlerine yza tarap gaçmaklygy buýurdy. Olar şeýle hem etdiler.

Gurlular bu hereketi synlap, olar hakykatdan-da ýeňlip gaçýandyr öýtdüler we tä şäherlerinden ep-esli uzaklaşýançalar, Ýemineddöwläniň esgerlerini kowalap gitdiler. Şeýdip musulmanlar gurlulary söweş üçin amatly meýdana çykardylar. Birdenkä-de yzlaryna öwrülip, ýalaňaç gylyjy olaryň depesinde oýnatmaga başladylar. Olary öldürip we ýesir alyp, çym-pytrak etdiler. Ýesir alnanlaryň arasynda gur kethudasy we serdary Ibn Sury hem bardy. Musulmanlar şähere girdiler we ony eýelediler. Ähli baýlygyny taladylar. Gurlara degişli bolan ähli galalary we berkitmeleri basyp aldylar. Ibn Sury musulmanlaryň näme edendiklerini gözi bilen görensoň, ýanyndaky zäheri içip, öz janyna kast etdi. Şeýdip ol bu dünýäniň we ahyretiň hasratyna duçar boldy. «Ol hakykatdan-da açyk-aýdyň hasratdyr (ýitgidir)».

Ýemineddöwle şol töwereklerde yslam ýörelgesini ýola goýdy. Dini-şerigaty öwretjek adamlary belläp, özi yzyna dolandy. Soňra başga bir kapyr taýpanyň üstüne hüjüm etdi. Olaryň ýurduna ýetmek üçin çägelik ýollary geçmelidi. Şonda

Ýemineddöwläniň esgerleri erbet teşnelige duçar bolup, tas gyrlypdylar. Beýik we päk Alla olary öz mähir-muhabbeti bilen gurşady. Olaryň üstüne şeýle bir ýagyş iberdi, bu ýagyş olaryň teşneligini giderip, suwdan kemsiz gandyrdy. Çägelik ýoldan aşmak aňsatlaşdy. Şeýdip olar kapyrlaryň ýurduna bardylar. Olaryň sany örän köp bolup, özlerinde hem alty ýüz sany pil bardy.

Bularyň arasyndaky söweş örän dartgynly boldy. Iki tarap hem ep-esli wagtlap, birek-birege döz geldi. Soňra Alla musulmanlara ýardam berdi we kapyrlar ýeňildi. Olaryň malynymülküni olja alyp, ýeňiş we üstünlik bilen sag-salamat yzlaryna dolandylar.

## ILEK HAN BILEN DOGANYNYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ilek han agyr goşuny ýanyna alyp, dogany Dogan han bilen söweşmek üçin ýörişe gitdi. Ýüzkende[1] ýetenlerinde güpläp düşen agyr gar olaryň aňry ýöremegine päsgel berensoň, Ilek han Samarkanda dolandy.

Onuň söweşe gitmeginiň sebäbi Ilek hanyň dogany Ýemineddöwlä hat ýazyp, ondan ötünç sorapdy we Ilek hanyň Horasan ýurduna etjek ýörişinden saklanýandygyny, ondan aýrylýandygyny ýaňzydypdy hem-de «Men onuň diýýänine razy bolmadym» diýipdi.

Ol günäniň ählisini doganynyň üstüne ýükläp, özüni aklapdy. Ilek han bu ýagdaýy bilende, örän ýokuş gördi we onuň üstüne ýöriş etmegi ýüregine berk düwdi.

---

[1] Käbir çeşmelerde onuň ady «Oguzkent, Uzkent» ýaly hem berlipdir.

# 402-NJI HIJRI ÝYLY
*(04.08.1011 - 22.07.1012 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ KUSDARY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle Kusdary eýeledi we ony basyp aldy.

Sebäbi mundan öň ol her ýyl birnäçe süri mal tölemek şertine ol ýeriň häkimi bilen ylalaşyk baglaşypdy. Soňra Kusdaryň häkimi öz ýurdunyň mäkämligine we dag geçitleriniň, şol ýere barýan ýol-ýodalaryň agyrdygyna bil baglap, bu tölegi kesdi hem-de Ilek hana arkalanypdy. Ýemineddöwle bolsa ol ýere gaýtadan göz görkezmek isleýärdi. Ýöne Ilek hana bolan ätiýaçlygyny hem aradan aýyrmaýardy.

Olaryň arasy kemsiz bozulan wagtynda Ýemineddöwle bu niýetini amala aşyrmagy ýüregine düwüp, ýörişe çynlakaý taýýarlanyp başlady. Ol Hyrada ýörişe gidýän diýip, habar ýaýratdy. Özi bolsa dört tirkeşigiň üçünji aýynda Gaznadan ugrady. Ymykly ýola düşende, Kusdar tarapa ýöneldi. Şeýdip gelýär habaryndan öň, onuň özi bardy. Şol geçitleri we daglary aşyp, çaltlyk bilen gitdiler welin, hatda ol ýeriň häkimi Ýemineddöwläniň esgerleriniň bu ýeri gijesine doly gabap ýetişendigini duýman galdy. Kusdaryň häkimi hem muny ertesi irden bilip galdy we başga çykalgasynyň galmandygy üçin, aman diledi. Onuň haýyşy kabul edildi we jemlän barça baýlygy elinden alyndy. Ony öz welaýatynda häkim wezipesinde oturtdylar we yzlaryna dolandylar.

## 403-NJI HIJRI ÝYLY
*(23.07.1012 - 12.07.1013 ý.)*

## ILEK HANYŇ ÝOGALMAGYNYŇ WE DOGANY DOGAN HANYŇ ÝURDY DOLANDYRMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwleden aryny almak üçin Horasana gaýtadan dolanmaga taýýarlanyp ýören Ilek han dünýäden ötdi. Ol bu söweşde özüne kömek etmekleri üçin Kadyr han bilen Dogan hana hat ýollapdy.

Ilek han dünýäden ötende, ýurdy onuň yzyndan Dogan han dolandyrdy.

Ilek han örän ýagşy, adalatly, gözel ahlakly, dini we din adamlaryny halaýan, ylmy we ylym adamlaryny beýik hasaplaýan, olara elinden gelen ýagşylygyny gaýgyrmaýan adamdy.

## 404-NJI HIJRI ÝYLY
*(13.07.1013 - 01.07.1014 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ NARDINI BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle örän agyr goşun we ykjam esgerler bilen Hindistana ýörişe gitdi. Ol Hindistanyň jümmüşine ýetmekligi arzuw edip, arzyly maksadyna golaýlaşýança iki aýlap ýol ýöredi. Ol öz adamlaryny we esgerlerini tertipläp, nyzama düzdi. Hindileriň patyşasy bularyň gelýändigini eşidende, öz üniň ähli adamlaryny we serkerdelerini jemläp, şol ýerdäki aşmasy agyr, ýöremesi kyn, ýoly dar bolan dagyň depesine çykyp, goranmaga başladylar. Olar şeýdip musulmanlary güýmemäge çalyşdylar. Özleri hem çar tarapa hat ýollap, ýarag göteribilýän ähli hindini söweşe çagyrýardylar. Şeýdip olaryň sany

ýeterlik bolanda dagdan aşak indiler. Olar musulmanlaryň garşysynda hatara düzüldiler. Söweş gyzyşdy we barha dartgynlaşdy.

Allatagala musulmanlaryň gerdenine gaýrat guýansoň, olar hindileri derbi-dagyn edip, örän köp kapyry öldürdiler, barça mal-mülklerini, pillerini, ýaraglaryny we beýleki zatlaryny talap, olja aldylar.

Şol ýerdäki Buddanyň öýünde nagyşlanan bir daş bolup, onuň ýüzüne «Bu öý mundan kyrk müň ýyl ozal gurlupdyr» diýlip ýazylan eken. Adamlar muny okap, olaryň akyllarynyň, aň ýetirişleriniň şeýle azdygyna geň galdylar.

Söweşden dynansoň, Ýemineddöwle ýeňiş bilen Gazna dolandy. Soňra Kadyr Billä hat ýazyp, Horasany we tabynlygyndaky beýleki döwletleriň özüne elgaramadygy hakda perman hem-de äht ýazmagyny talap etdi. Kadyr Billä onuň talap eden zadyny gijikdirmedi. Perman ýazyldy we oňa Nyzameddin diýen täze lakam hem berildi.

## 405-NJI HIJRI ÝYLY
*(02.07.1014 - 20.06.1015 ý.)*

## TANIŞER (TANŞER) SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Tanişer sebitlerinde Saýlaman pilleriniň tohumyndan bolan söweşjeň pilleriň bardygyny, ol ýeriň hökümdarynyň bolsa azgynlykda we kapyrlykda ýakasyny tanadyp, musulmanlara jebir-sütem berýändigini ýatlanlarynda, Ýemineddöwle özüniň söweş käsesiniň şerbetinden dadyrmak üçin onuň bolýan ýerine söweşe gitmegi ýüregine düwdi. Ol şu niýet bilen esgerleri we meýletinçileri ýanyna alyp ýörişe ugrady. Bularyň öňünden örän çuň, ýollary oýdur çukur, daş töweregi suwsuz çöller bilen

gurşalan, aňry kerti alys, örän az suwly jülgeler çykdy. Muny kesip geçmek olara muşakgat baryny berdi.

Mundan sag-aman aşyp, maksadyna golaýlanlarynda ýene bir mähnete – çalt akýan, üstünden aşmasy kyn bolan bir derýa sataşdylar. Bu ýurduň hökümdary bolsa derýanyň aňry kenarynda durup, olaryň derýany kesip geçmegine päsgel berýärdi. Bu hökümdaryň ýanynda esgerler we şol aýdylýan daýaw piller hem bardy.

Ýemineddöwle öz esgerleriniň iň dogumlylaryna derýany kesip geçmegi we tä beýleki esgerler derýanyň aňry kenaryna geçýänçä, olary söweş bilen güýmäp durmagy buýurdy. Olar muny berjaý edip, hindiler bilen söweşe girdiler. Tä beýleki esgerler hem bäri ýüzüne geçýänçäler, derýany goramakdan olaryň ünsüni sowdular. Şeýdip, musulmanlar derýanyň ähli gyrasyndan hüjüme geçip, aýgytly zarba urdular. Hindiler ýeňlip gaçdy, musulmanlara ýeňiş ýar boldy. Olaryň ähli malyny-mülküni we arzuw edilen şol pillerini olja aldylar. Soňra ýeňiji, rüstem we bol-telki halda Gazna dolandylar.

406-njy ýylda Mahmyt ibn Söbüktegin adatdakysy ýaly, Hindistana ýene bir ýöriş etdi. Ýolbeletleriň azaşmagy zerarly Ýemineddöwle agyr bela duçar boldy. Däli joşgundan ýaňa suwy kenara aşyp giden äpet deňziň gyrasyndan girdiler we bu tebigy betbagtlykda ýanyndakylaryň köpüsi gark bolup ýogaldy. Özi bolsa halas bolmak üçin birnäçe günläp suwda ýüzdi. Soňra Horasana dolandy.

## 407-NJI HIJRI ÝYLY
*(10.06.1016-29.05.1017 ý.)*

## HOREZMŞANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ, ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ HOREZMI BASYP ALMAGYNYŇ WE ONY ALTYNDAŞA TABŞYRMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Horezmşa Abylapbas Mamun ibn Mamun öldürildi we Ýemineddöwle Horezmi eýeledi.

Abylapbas owaldan bäri Horezme we Gürgenje hökümini ýöredip otyrdy. Ol Ýemineddöwlä öz gyz uýasyny durmuşa çykarypdy. Soňra Ýemineddöwle oňa hat ýollap, ýurdunyň münberlerinde öz adyna hutba okalmagyny tabşyrdy. Ol muny kabul etdi we döwlet emirlerini çagyryp, bu hakda olara maslahat saldy. Emma emirler muny makullamadylar, oňa garşy durdular, eger özi boýun bolaýsa, ony öldürjekdiklerini aýdyp, haýbat atdylar. Ilçi Ýemineddöwläniň ýanyna gaýdyp bardy we gözi bilen gören zatlaryny oňa mälim etdi.

Soňra emirler bu işleri sebäpli gorka düşüp, Horezmşany bilkastlaýyn öldürdiler. Ony öldüreniň kimligi welin mälim bolman galdy. Ornuna ogullarynyň birini oturtdylar. Eger muny biläýse, Ýemineddöwläniň gaty görjekdigine, onuň aryny talap etjekdigine göz ýetirdiler we şonuň üçin onuň bilen söweşmegiň kül-külüne düşdüler.

Bu habar Ýemineddöwlä baryp ýetdi. Ol goşun çekip, şol tarapa ugrady. Bular golaýa gelenlerinde, olaryň Alptegin Buhary ady bilen tanalýan goşunbaşysy esgerlerini ýanyna ýygnap, Ýemineddöwläniň öňden ýöreýän aňtawçy goşunlaryna garşy çykmagy we onuň esgerleriniň arasyna başagaýlyk salmagy buýurdy. Olar söweşe çykdylar we Ýemineddöwläniň önden ýöreýän goşuny bilen çaknyşdylar. Bularyň arasynda örän gazaply söweş boldy.

Bu habar Ýemineddöwlä baryp ýetdi. Ol beýleki goşunlaryny ýanyna alyp, olara tarap hereket etdi. Ýemineddöwle dagy bu ýere ýetende, ol esgerler entegem söweş odunyň içindedi. Horezmliler tä günorta bolýança, sarsman durdular, mertlerçe söweşdiler. Ýöne soňra takat edip bilmediler we ýeňse öwrüp gaçdylar. Ýemineddöwläniň adamlary olary öldürmegi, gyrmagy we ýesir almagy dowam etdiler. Olaryň örän az sanlysy bolaýmasa, diri sypany bolmady.

Bu başagaýlykdan başyny gutaran Alptegin halas bolmak üçin, gämä mündi. Ýeňliş ahmyryna içi ýanyp duran esgerlere Alpteginiň bir sözi az, ikisi köp boldy we olaryň arasynda dawa-jenjel ýüze çykdy. Adamlar oňa garşy baş göterdiler we ony daňyp, baglap goýdular. Gämini Ýemineddöwlä tarap öwürdiler we getirip, oňa tabşyrdylar. Ony we onuň ýanynda ýesir tutulan serkerdeleri Abylapbas Horezmşanyň gabrynyň ýanynda atanak agaja çüýläp öldürdiler. Galan ýesirleri topar-topar edip, Gazna ugratdylar. Bir ýere üýşürenden soňra olary esger hökmünde azatlyga goýberdi. Ýetýän haklaryny we paýlaryny berip, ýurduny duşmanlardan, bozuk adamlardan goramak üçin olary hindi topraklarynyň çar künjüne ugratdy.

Ýemineddöwle Horezmi eýeledi we ol ýere öz hajyby – gapydany1 Altyndaşy häkim belledi.

## KAŞMIR, KANNUJ WE BEÝLEKI SÖWEŞLERIŇ BEÝANY

Horezm söweşinden dynanyndan soňra, Ýemineddöwle şol ýyl Hindi ýurtlaryna ýörişe çykdy. Ol Horezmden Gazna, ol

[1] Gapydan (gapyda:n) – hökümdaryň howlusynda, gapysynda we ýanynda gezip, onuň huzuryna goýberilmeli adamlaryň habaryny alýan we patyşanyň ygtyýaryndan soňra olary içeri salýan adam. Gapydan bolmak üçin sagdyn, berdaşly, hüşgär, çalasyn we ylymly-bilimli bolmak wajypdyr. «Gapydan» sözi soňra Ýewropa dillerine «kapitan» görnüşinde geçipdir diýlip çaklanylýar.

ýerden bolsa Kaşmir üçin söweş etmäge Hindistana ugrady. Ol Kaşmir bilen öz aralygyndaky hindi topraklarynyň ählisini basyp alypdy. Onuň ýanyna Mawerannahrdan we beýleki ýurtlardan ýigrimi müňe golaý meýletin söweşiji geldi. Bular Gaznadan ugrap, üç aýlap üznüksiz ýörişde boldular. Syrderýany we Jiluny kesip geçip, (Bularyň ikisi hem örän çalt akýan we çuň derýalardyr) Hindi topraklarynda daýandylar. Ol ýeriň patyşalarynyň çaparlary Ýeminneddöwläniň ýanyna geldiler we özleriniň boýun egýändiklerini hem-de salgyt tölemäge taýyndyklaryny mälim etdiler.

Kaşmir ýoluna ýetenlerinde, olaryň ýanyna bu ýeriň häkimi geldi. Ýemineddöwläniň eliniň astynda yslamy kabul etdi. Ýemineddöwle özüniň maksadyna gowuşdy.

Rejep aýynyň ýigrimisi güni ol Majuna (Maguna) bardy we Hudebiň galasyna direýänçä, onuň daş-töweregini gurşap alan ýaýbaň welaýatlary hem-de mäkäm galalary eýeledi. Hudep Ýemineddöwläniň tabynlygyna girmedik hindi patyşalarynyň iň soňkusydy. Ol galasynyň depesinden synlap durşuna, özüni gorka we dowla salan Ýemineddöwläniň gaýduwsyz esgerlerini gördi. Yslamy kabul etmekden özge zadyň özüni halas edip bilmejekdigine anyk göz ýetirdi. Ol on müň sany adamy ýanyna alyp, «Yhlas» kelemelerini aýdyp, gygyryşyp, özleriniň halas edilmegini sorap, galadan çykyp başladylar. Ýemineddöwle olaryň bu towakgasyny kabul etdi. Soň bu ýerden Güljent (Gülkent) galasyna tarap ýöneldi. Bu hindi begleriniň we şeýtanlarynyň ýaşaýan ýeridi. Olar ýolda aşmasy örän agyr gür tokaýlyga gabat geldiler. Güljent patyşa bularyň geçmesine päsgel bermekleri üçin özüniň esgerlerini we pillerini gür tokaýyň çar tarapyndan gönderdi. Ýemineddöwle özüniň söweşjeň esgerleriniň bir toparyny, olaryň garşysynda goýdy. Özi bolsa galan esgerlerini alyp, gala barýan has ýakyn ýola düşdi. Hindiler musulmanlaryň özleriniň edil alkymyna gelendigini duýman galdylar. Soňra olaryň arasynda örän gazaply

söweş boldy. Hindiler ýiti gylyçlaryň zarbyna döz gelibilmän, gaçmaga durdular. Ýemineddöwläniň esgerleriniň ýiti gylyjy bolsa, olaryň arkasyndan kowalamaga başlady. Hindiler gaçyp barşyna örän çuň derýa duçar boldular. Gylyç zarbyndan halas bolmak umydy we arkadan gelýän bosgunlaryň olary suwa tarap gysmagy sebäpli, örän köp adam özüni suwa oklady. Bulanyp akýan däli derýa olaryň köpüsini demine çekdi. Çaksyz köp adam gark boldy. Şol söweşde öldürilen we gark edilen adamlaryň sany elli müňe golaýdyr. Güljent patyşa bolsa aýalynyň ýanyna ýokary galdy. Ilki ony, soňra özüni öldürdi. Musulmanlar olaryň baýlyklaryny talap, galalaryny eýelediler.

Soňra Ýemineddöwle olaryň ybadathanasyna gitdi. Bu ýerde hindileriň iň akyldar, paýhasy ýetik danalary ýaşaýardy. Bu ybadathana derýanyň boýunda bina edilen iň mäkäm öýleriň biridir. Bu ýerde göwher bilen kemsiz bezelen, arassa gyzyl altyndan guýlan bäş sany but-senem bolup, şol senemdäki gyzylyň agramy 690300 mysgala[1] barabardyr. Mundan başga-da gymmatbaha daşlardan ýasalan ownukly-irili iki ýüze golaý but bar eken. Ýemineddöwle olaryň ählisini aldy. Galan-gaçan zatlaryny bolsa oda ýakdy. Soňra bu ýerden Kannuja gitdi. Bu ýeriniň häkimi Rajyýaldy. Ýemineddöwle meret aýynda bu ýere gelip ýetende, häkimiň eýýäm bu ýeri taşlap gidendigini gördi. Ol Gang diýilýän derýadan geçdi. Ol ýeriň ynanjy boýunça bu derýanyň suwy mukaddes saýylýar. Onuň jennet derýasydygyny aýdýarlar. Olaryň ynamyna görä, kim özüni Ganga gark etse, ol ähli günälerden saplanýarmyş.

Ýemineddöwle bu ýeri, onuň galalaryny we töweregindäki ýerleriň ählisini basyp aldy. Şol ýatlanylan suwuň ýakasynda bolsa ýedi sany gala bardy. Şol galalarda on müňlerçe töweregi buthana bolup, olaryň ýalňyş we batyl düşünjelerine görä, bu buthanalar iki müň – üç müň ýylyň içinde salnypmyşyn. Ýemi-

---

[1] Mysgal - 4,68 gr. barabar agyrlyk ölçegi (690300 mysgal 3230604 grama deň).

neddöwläniň esgerleri bu ýerleri basyp alanda, olaryň ählisini ýok etdi.

Soňra olar Brahma galasyna ýöriş etdiler we ol ýeriň ilaty bilen söweşdiler. Haçan-da ýiti gylyçlar olaryň tenini ýalap geçende, hindiler bulara döz gelip bilmejekdiklerine göz ýetirdiler, gylyjyň astynda amana geldiler. Örän az sanlysy diýäýmeseň, hindileriň diri sypany bolmady. Olaryň ählisini öldürdiler.

Mundan soňra ol Asy galasyna ýöriş etdi. Bu ýeriň häkimine Jendibal diýilýärdi. Ýemineddöwläniň goşunlary ýakyna gelenlerinde, Jendibal galany taşlap, gaçyp gitdi. Ýemineddöwle onuň galasyny we ol ýerdäki ähli zatlary aldy. Soňra häkiminiň ady Jenderaý bolan Şerwet galasyna tarap ugrady. Jenderaý malyny-mülküni, pillerini alyp, goranmak üçin amatly bolan dag beýikligine tarap ýokary göterildi. Onuň nirede ýerleşendiginiň habary özi bilen gürüm-jürüm boldy. Ýemineddöwle onuň galasynda düşledi we ony basyp aldy, ähli zadyny talady. Jenderaýyň nirede bolýandygynyň habary gelip ýetende, meret aýynyň ahyrlarynda oňa tara ýola düşdi. Jenderaý bilen söweşe girip, onuň örän köp esgerlerini öldürdi. Ýene şonçaragyny ýesir aldy. Ähli malyny-mülküni, pillerini eýeledi. Jenderaý bolsa öz ýakynlarynyň az sanlysy bilen gaçyp gutuldy.

Bu söweşde şeýle bir köp ýesir alyndy welin, olaryň her biri on dirhemden hem arzan satylýardy. Bular hindilerden üstün çykyp, Gazna dolandylar. Bu söweşlerden dolanan Ýemineddöwle, Gaznada öň görlüp-eşidilmedik metjit gurmaklygy buýurdy. Öňki kiçi metjidi giňeltmegi tabşyrdy. Şu söweşlerde olja alan ähli baýlygyny şol metjidiň gurluşygyna harçlady.

# 408-NJI HIJRI ÝYLY

*(30.05.1017-19.05.1018 ý.)*

## TÜRKMENLERIŇ HYTAÝDAN ÝÖRIŞE UGRAMAGYNYŇ WE DOGAN HANYŇ ÖLÜMINIŇ BEÝANY

Bu ýyl türkmenler örän köp sanly goşun bilen Hytaýdan ýörişe ugradylar. Türkmen milletinden doly bolan arabalaryň sany üç ýüz müňden hem agdyk bolup, olaryň arasynda patyşalygy hakda geljekde gürrüňi ediljek kowum bolan, Maweran-nahry eýelän hataýylar[1] hem bardy.

Bularyň ýörişe çykmagynyň sebäbi Dogan han Türküstany eýelände, örän agyr kesele ýolukdy we bu dert ony basmarlady. Beýik Taňrydan özüni sagaltmagyny diledi. Beýik Taňry onuň bu haýyşyny kabul etdi we ony sagaltdy. Dogan han esgerlerini jemlemäge başlady. Ýurduň çar künjüne çapar ýollap, adamlary aýaga galdyrdy. Dogan hanyň ýanyna ýüz ýigrimi müň sany meýletinçi esger ýygnandy. Dogan hanyň sagalanlygy we onuň köp esgeri töweregine jemländigini eşiden türkler, öz ýurtlaryna tarap yza dolandylar.

Dogan han bulary yzarlap, tä yzlaryndan ýetýänçä, üç aý töweregi ýol geçdi. Türkmenler bolsa bu aranyň örän uzaklygy üçin ähli tarapdan arkaýyn haldady. Dogan han bularyň üstüne duýdansyzlykda çozdy we olaryň iki ýüz müňden gowrak adamsyny öldürdi, ýüz müň töweregini ýesir aldy. Maldyr arabalar, altyndyr kümüşden ýasalan hytaý gap-gaçlary ele saldylar. Hytaýda öndürilen ajaýyp gap-çanaklaryň başga ýerde meňzeşi ýokdur. Şonuň birnäçesini olja alyp, Balasaguna dolandylar. Bu ýere gaýdyp gelen dessine, Dogan hanyň derdi gaýtadan möwjedi we ol bu hylty sebäpli dünýäden ötdi.

[1] Bular garahytaýlylar bolmaly.

Dogan han örän adalatly, ýagşy, dindar adamdy. Ylmy we ylym eýelerini söýerdi, din adamlaryna köp ýykgyn ederdi. Olaryň ýanyna barardy, olary özüne ýakyn tutardy.

## ONUŇ DOGANY ARSLAN HANYŇ PATYŞALYGYNYŇ BEÝANY

Dogan han ölenden soňra onuň ornuny dogany[1], Şerefeddöwle lakamly Abylmuzaffar Arslan han eýeledi. Emma mundan öň Buharany eýelän Kadyr han Ýusup ibn Bugra han Harun ibn Süleýman oňa garşy çykdy. Ol aslynda Dogan hanyň Samarkantdaky oruntutarydy. Ýemineddöwle Arslan hanyň garşysyna kömek bermegi üçin oňa hat ýazdy. Kadyr han Jeýhun derýasynyň üstünde gämileri birek-birege zynjyr bilen baglap goýup, täsin bir köpri gurdy. Bu ýakalarda munuň ýaly köpri öň bilinmeýärdi. Kadyr han şol köpriniň üsti bilen geçip, Arslan hanyň garşysyna Ýemineddöwlä kömek berdi.

Ýemineddöwle soňra ondan çekinip, öz ýurduna dolandy. Kadyr han bolsa Ýemineddöwläniň üstüne hüjüm edip, onuň ýurduny paýlaşmak hakynda Arslan han bilen dil birikdirip, Balha sary ýörişe çykdy.

Bu habar Ýemineddöwlä gelip ýetende, ol bu ikisiniň garşysyna söweşe girmeli boldy. Gazaply çaknyşyga birbada iki tarap hem döz geldi. Emma soňra türkmenler yza çekilip, gaçmaga durdy. Olar Jeýhuny kesip, aňry kenara geçdiler. Suwda gark bolanlaryň sany halas bolanlaryňkydan birnäçe esse köpdi.

Söweşiň yzýany Horezm mütewellisiniň (dolandyryjysynyň) ilçisi gelip, Ýemineddöwläni bu ýeňşi bilen gutlaýandyklaryny beýan etdi. Ýemineddöwle: «Siz ony nireden bildiňiz?»

[1] Inisi bolmagy hem mümkin.

diýip, geň galyjylyk bilen soranda, ol: «Suw bilen akyp gelen tuwulgalaryň sanynyň köplüginden bildik» diýip jogap berdi.

Ýemineddöwle derýany kesip geçdi. Bu ýeriň ilaty Ýemineddöwläniniň esgerleriniň özüni alyp barşyndan zeýrenip, Kadyr hana arz etdiler. Kadyr han: «Duşmanlarymyz bilen biziň aramyzdaky çözlüşmeli meseläniň wagty gelip ýetdi. Eger biz ýeňsek, sizi olaryň süteminden saklarys. Eger duşmanymyz ýeňse, bizden dynarsyňyz» diýdi. Soňra olar jem bolup, bile oturyp, nahar edindiler.

Kadyr han adalatly, özüni alyp baryşy gözel, köp jihat edegen adamdy. Örän köp alymlary we mertebeli adamlary bilen tanalýan şäheri — Hytaý bilen Türküstanyň aralygynda ýerleşen ülke bolan Hotany basyp alan hem Kadyr handyr.

Ol bu ýagdaýynda 423-nji ýyla çenli saklandy we şol ýyl dünýäden ötdi. Ol namazy elmydama jemagat bilen okardy.

Dünýäden ötende, onuň yzynda üç ogly galdy. Olaryň biri Abu Şuja Arslan han bolup, Kaşgar, Hotan we Balasagun şoňa tabyndy. Bu şäherleriň münberlerinden oňa hutbalar okalardy. Şerefeddöwle lakamyny göteren Arslan han eger-eger şerap içmezdi. Özi dindar, alymlary we din adamlaryny sylaýan kişidi. Ýurtlaryň çar künjünden adamlar onuň ýanyna gelerdiler. Arslan han her gelen adamy güler ýüz bilen garşy alyp, sahy eli bilen sylardy.

Kadyr hanyň beýleki bir ogly Bugra handyr. Tyraz bilen Esbijap şoňa degişlidir. Agasy Arslan han munuň üstüne gelip, onuň patyşalygyny elinden almakçy bolanda, bu ikisiniň arasynda uruş turdy. Arslan han ýeňildi we ýesir alyndy. Ony tussag edip goýdular. Ýurduny hem eýelediler.

Soňra Bugra uly ogluna patyşalyga miras ähdini berdi. Bugra hanyň başga bir aýalyndan bolan körpe ogly muňa gahar edip, oňa garşy bet niýete mündi. Ony we maşgalasyndan ýene birnäçesini zäherläp öldürdi. Onuň dogany Arslan han ibn Kadyr hany bogup heläk etdi. Bu wakalar 439-njy ýylda bolup

geçdi. Onuň ýaranlaryndan ýene birnäçesini öldürdi. Ybraýym atly ogluny patyşa belläp, ony agyr goşuna baş etdi we häkiminiň ady Ýynaltegin bolan Barsuhan (Barsugan) diýilýän şähere ýörişe ugratdy.

Ýynaltegin ony ele saldy we öldürdi. Ybraýymyň esgerleri ejeleriniň gujagyna sary gaçyp gitdiler. Bugra hanyň neberesiniň agzy alardy. Şonda Samarkandyň häkimi Tapgaç han olara garşy ýörişe çykdy.

## TAPGAÇ HANYŇ WE ONUŇ OGLUNYŇ PATYŞALYGYNYŇ BEÝANY

Tapgaç han Abylmuzaffar Ybraýym ibn Nasr Ilege Ymadeddöwle lakamy berilipdi. Samarkant bilen Fergana onuň elinde bolup, Tapgaçyň kakasy örän takwa we ybadathon adamdy. Aslynda Samarkandy eýelän onuň kakasy bolup, miras üsti bilen soňra ogluna geçipdi. Tapgaç örän dindar adam bolup, hatda fakyhlardan rugsat-pitiwa soramazdan, hiç zat almazdy. Takwa, terkidünýä we wagyz-ündewçi Abu Şuja Alawy bir gezek oňa: «Saňa patyşalyk ýaraşmaýar» diýende, ol bolýan öýüniň gapysyny baglap, patyşalygyny terk edip, girip-çykmasyny azaldyp, öýde oturdy. Ýurduň ilaty jem bolup, onuň ýanyna geldi we: «Ol adam[1] gaty ýalňyşýar. Biziň işlerimizi bitirmek patyşalaryň borjudyr» diýdiler. Şondan soňra ol gapysyny giňden açdy we 460-njy ýylda dünýäden ötýänçä patyşalygyny dowam etdirdi.

Agasy Togrul begiň hökümdarlyk eden döwründe Alp Arslan onuň ýurduna çozuş edip, ilatyny talapdy. Emma ol bu ýamanlyga gaýtargy bermedi. 453-nji ýylda Kaýym Biemrilläniň ýanyna çapar gönderip, ony öz ojagyna dolanyp gelmegi bilen gutlady we Alp Arslanyň öz ýurdundan el çekmegi üçin

[1] Ýagny wagyzçy.

bäri gelmegini sorady. Kaýym Biemrillä bu haýyşy kabul etdi. Ol muňa gymmatbaha halatlary we şan-şöhratly lakamlary bagyş etdi. Soňra altmyşynjy ýylda ysmazlyk derdine uçrady. Ol jany sagat döwri patyşalygy ogly Şemsulmelige bagyşlapdy. Dogany Dogan han ibn Tapgaç munuň üstüne çozuş edip, Samarkandy gabanda, bu ýeriň adamlary Şemsulmeligiň ýanyna jemlenişip: «Seniň doganyň biziň mülk ýerlerimizi zaýalap, harap edip, ony tozdurdy. Eger ol agaň däl-de, başga biri bolsa, saňa kömek ederdik. Ýöne bu ýerde araňyza girmek islemeýäris. Bu işi özüň çözlüş» diýdiler. Emma şeýle-de bolsa olar kömek bermäge boýun boldular. Gije ýarym bolanda, bäş ýüz sany ýigidi ýanyna alyp, ýurtdan çykdylar we goragsyz-penasyz ýatan agasynyň üstüne duýdansyzlykda dökülip, ony ele saldylar. Olary ýeňdiler.

Soňra Harun Bugra han ibn Ýusup han Kadyr han bilen Togrul Gara han dagy onuň üstüne ýörişe çykdylar. Sebäbi Tapgaç öň bularyň ýurtlaryny basyp alypdy. Ol ikisi Samarkanda golaý geldiler. Ýöne Şemsulmelik bilen söweşmän, onuň bilen ylalaşyk baglaşdylar we yzlaryna döndüler. Şeýdip Jeýhun derýasyna serhetleşýän welaýatlar Şemsulmelige, Hahyr (Haher) welaýatlary bolsa beýleki ikisine degişli boldy. Olaryň arasyndaky çäk Hojantda kesişdi.

Soltan Alp Arslan Kadyr hanyň gyzyna öýlendi. Mundan öň ol Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegine durmuşa çykypdy. Şemsulmelik bolsa Alp Arslanyň öz gyzyna öýlendi, agasy Isa hanyň gyzyny bolsa Soltan Mälikşa durmuşa çykardy. Ol kakasyndan soňra soltanlygy dowam etdiren patyşa Mahmydyň ejesi Hatyn Jelalyýedir. Nesip bolsa, bu hakda soň hem ýatlap geçeris.

Soňra Alp Arslan bilen Şemsulmeligiň arasy bozuldy (Bu hakda 465-nji ýylyň wakalarynda, Alp Arslanyň öldürilmegi bölüminde ýatlarys).

Birnäçe wagtdan soň Şemsulmelik dünýäden ötdi. Onuň ornuna dogany Hydyr han bellenildi. Soň bu hem aradan çykdy we ýurdy dolandyrmak wezipesi ogly Ahmet hanyň üstüne düşdi. Mälik şanyň tutduryp, tussag etdireni hem şoldur. Soňra Mälik şa ony azatlyga goýberdi we 485-nji ýylda onuň welaýatyny özüne gaýtaryp berdi. Bu wakalary hem şol ýyla ýetenimizde giňişleýin ýatlarys.

Soňra Ahmet hanyň goşuny ýagdaýlardan närza boldy we aýaga galyp, gozgalaň etdi, ar almak maksady bilen ony öldürdiler. Patyşalygy Mahmyt han eýeledi. Mahmyt hanyň atasy hem şolaryň patyşalaryndandy. Özi bolsa laldy. Tyrazyň häkimi Dogan han ibn Gara han munuň üstüne ýöriş edip, ony öldürdi we patyşalygyny eýeledi. Samarkanda bolsa Abylmagaly Muhammet ibn Zeýt Alawy Bagdadyny oruntutar belledi. Ol bu ýeri üç ýyl imi-sala dolandyrandan soňra, Dogan hana garşy baş göterdi. Dogan han Alawynyň daşyny gabady, ýesir aldy we öldürdi. Onuň ýany bilen birnäçe jemagaty hem gyrgyna berdi.

Soňra Dogan han Horasany basyp almak niýeti bilen ilki Termize ýöriş etdi. Bu ýerde oňa Soltan Sanjar sataşdy. Soltan Sanjar ony ýesir aldy we öldürtdi. Şeýdip Mawerannahr welaýatlary Soltan Sanjaryň eline geçdi. Sanjar bu ýere Muhammet han ibn Kümüştegin ibn Ybraýym ibn Tapgaç hany oruntutar belledi. Soň Omar han bu wezipäni ondan aldy, üstesine Samarkandy hem eýeledi. Soňra onuň esgerlerinden çekinip gaçdy we Horezme tarap gönükdi. Bu ýerde ony Soltan Sanjar ele saldy we öldürtdi. Ol Samarkandy dolandyrmagy Muhammet hana, Buharany dolandyrmagy bolsa Muhammettegin ibn Dogantegine tabşyrdy.

## KAŞGARYŇ WE TÜRKÜSTANYŇ BEÝANY

Kaşgar Türküstanyň bir şäheri bolup, öň belläp geçişimiz ýaly, ol Arslan han ibn Ýusup Kadyr hana degişlidi. Soňra bu

ýerler on bäş aýlap, Tyrazyň we Şaşyň häkimi Mahmyt Bugra hana degişli boldy. Ol aradan çykandan soňra, ýurdy Togrul han ibn Ýusup Kadyr han dolandyrdy, patyşalygy hem kemsiz ele aldy. Togrul han Balasaguny eýeledi we on alty ýyl patyşalyk süreninden soňra, dünýäden ötdi.

Soňra onuň ogly Togrultegin patyşalygy dolandyrdy. Iki aýdan soňra Ýusup Togrulhan ibn Tapgaç Bugra hanyň dogany Harun Bugra han munuň üstüne ýöriş etdi. Ol Kaşgara girdi we Haruny tussag etdi. Togrulteginiň esgerleri Harun Bugra hanyň emrine tabyndyklaryny bildirensoň, olar Kaşgary, Hotany we ol ýerler bilen baglanyşykly bolan Balasaguna çenli ýaýylyp ýatan ýerleri basyp aldylar. Harun Bugra han şol ýerlerde ýigrimi dokuz ýyllap patyşa boldy. 496-njy ýylda dünýäden ötenden soňra, onuň ornuny ogly Ahmet ibn Arslan han eýeledi. Ol halypa Muztazhyr Billäniň ýanyna ilçi ugratdy we özüne patyşalyk haladynyň hem-de lakamynyň berilmegini talap etdi.

Talap edilen zatlaryň ählisi iberildi we oňa Nureddöwle[1] lakamy berildi.

## 409-NJY HIJRI ÝYLY.

*(20.05.1018-08.05.1019 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ HINDI WE OWGAN TOPRAKLARYNA ÇOZUŞYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle Hindistana söweşe gitdi. Ol esger jemledi, ýygyn toplady we goşun düzdi. Söweş zerurlyklaryny kemsiz cözdi, esgerleri öňkülerden has ykjam taýýarlady.

Ýemineddöwläniň bu söweşe uly ähmiýet bermeginiň sebäbi ol Kannujy basyp alanda, bu ýeriň Raý Kannuj lakamy

---

[1] Döwletiň nury.

bilen tanalýan häkimi boýun sunman, gaçyp gidipdi. «Raý» diýmek bularyň dillerinde «kaýsar» we «kesra» diýen ýaly, patyşa diýmekligi aňladýar.

Ýemineddöwle Gazna dolanyp geldi. Şol wagtlar ýurdunyň adyna Gujuraha diýilýän hindi patyşalarynyň iň ulusy we goşun taýdan sany örän köp bolan Beýda Lagyn Raý Kannujyň ýanyna Rajyýal atly ilçisini iberip, onuň ýeňlendigi, ýurdunyň bolsa musulmanlaryň eline tabşyrylandygy üçin ony berk ýazgardy. Bu ikisiniň arasyndaky söhbet uzaga çekdi. Ahyrsoňunda olaryň dawasy oňşuksyzlyga baryp ýetdi.

Olaryň her birisi beýlekisiniň garşysyna taýýarlanyp, ýygyn tartdylar, aldym-berdimli söweşe girdiler. Söweşde Rajyýal we onuň esgerleriniň örän köpüsi öldürildi. Bu söweşden soň Beýdanyň zulum-süteme we ulumsylyga laýyk gelýän işleri artyp başlady. Hindi topragyndaky abraýy, şan-şöhrady we ýeňilmezek ärligi hakdaky şöhraty beýige galdy. Ýemineddöwläniň tabynlygyndaky käbir hindi patyşalary onuň ýurduna ýöriş etseler hem, Beýda olary ýeňdi we esgerleriniň birnäçesini gyrdy. Bu ýagdaýlar onuň boýun sunmazlygy hakdaky habarlary has-da ynandyryjy edýärdi. Şondan soň olaryň ählisi Beýdadan pena sorap, onuň hyzmatyna geldiler. Beýda bolsa olaryň her birine patyşalygyny gaýtaryp, alyp berjekdigini wada etdi, ýitirilen we elden giderilen zatlaryň goraljakdygyna söz berdi. Gyş düşüp, ýeriň yzgarynyň köpelýän döwrüne çenli, hüjüm etmegi yza tesdirdi. Bu habarlaryň ählisi Ýemineddöwlä günübirin ýetirilip duransoň, ol ynjalyksyzlyga düşdi. Beýdanyň üstüne hüjüm edip, onuň patyşalygyny elinden almak üçin söweşe taýýarlandy. Ol Gaznadan ýörişe ugrady we ýol ugruna, daglarda ýaşap, sähralara düşüp bozgakçylyk edýän, Gazna bilen öz ýurtlarynyň arasyndaky ýerlerde galtamançylyk bilen meşgullanýan kapyr owganlylardan başlady. Ýemineddöwle bularyň ýurtlaryna cozup, dag geçitlerinden aşdy. Olaryň barmasy kyn, mäkäm galalaryny basyp aldy, ýerini-ýur-

duny weýran edip, ähli baýlygyny, malyny-mülküni olja edindi. Musulmanlaryň eline düşen oljanyň hetdi-hasaby ýokdy.

Soňra ýene ýöriş ýodasyna düşdi. Öňki söweşlerinde ýetip bilmedik ýerlerine hem aýak basdy. Gang deryasyndan aşansoň, birnäçe müňlerçe kafla1 ýetjek oljanyň üstünden baryp, ony hem ele geçirdi. Olaryň arasynda uddan2 we beýleki gymmatbaha zatlardan ýasalan aňrybaş harytlar bardy. Bu zatlar olaryň söweş meýillerini has-da artdyrdy. Ýeňişli söweş ýodasyndan barýarka, oňa Trujenbal diýilýän hindi patyşasynyň habaryny ýetirdiler. Trujenbal özüni goramagy üçin Beýdadan pena sorap, Ýemineddöwle gelmeziniň öňüsyrasy hut şol ýerlerden gaçyp giden ekeni. Olar birnäçe menzilleri aşansoňlar, meret aýynyň on dördi güni gaçyp barýan Trujenbalyň we onuň goşunynyň yzyndan ýetdiler. Olar bilen hindileriň arasynda diňe çuň derýa galypdy. Ýemineddöwläniň käbir esgerleri derýanyň aňry ýüzüne geçip, olary söweş bilen güýmemäge başladylar. Şol pursat Ýemineddöwläniň özi we beýleki esgerleri hem gelip ýetdiler. Derýanyň aňry kenaryna aşan batyrlar köpçülikleýin söweşe girdiler. Trujenbal bilen onuň ýoldaşlary ýeňildiler. Olaryň örän köpüsi öldürildi, ýesir alyndy. Jan gaýgysy bilen baýlykdyr maşgalasyndan geçip gaçansoňlar, musulmanlar olaryň terk edip giden bala-zürýatlaryny, aýal-ebtatlaryny ýesir aldylar. Oljalaryň arasynda biçak köp mukdardaky göwher daş we iki ýüzden gowrak pil hem bardy. Musulmanlar olaryň yzlaryndan kowga gitdiler. Ýaraly başyny zordan aman gutaran hindi patyşasy eder işiniň ugruny ýitirensoň, Ýemineddöwläniň ýanyna ilçi ýollap, ondan aman sorady. Emma Ýemineddöwle yslamy kabul etmese, başga şerte razy däldigini bildirip, oňa aman bermedi. Onuň esgerlerinden meýletin boýun egmedik bihasap adamy öldürdiler.

---

[1] kafla - 3,744 grama barabar bolan agyrlyk ölçegi.

[2] Ud (U:d, Awd) - gymmatbaha daragtyň ady.

Trujenbal Beýdanyň ýanyna ýetmäge howlukdy. Onuň bilen ýeke galan hindileriň käbiri munuň bolşuna gahar edip, içleriniň öjüni Trujenbaldan çykardylar we ony öldürdiler. Bu ýagdaýlardan habarly beýleki hindi patyşalary özleriniň boýun egýändiklerini, tabynlyga taýyndyklaryny bildirmek üçin Ýemineddöwläniň ýanyna yzly-yzyna ilçi ýolladylar. Ýemineddöwle bu wakadan soň ýurtdyr galalaryň iň mäkämi hem güýçlüsi bolan Bary şäherine tarap ugrady. Şäheriň ýaşaýjylaryndan boşap galandygyny gördi. Yzly-yzyna hatar gurap duran bu on galanyň ählisini hem ýykyp-ýumurmaklyga perman berdi. Galanyň içinde galan adamlardan örän köpüsini öldürdiler. Ýemineddöwle Beýda patyşany gola salmagyň kasdyna ymykly çykdy we derýanyň beýle gapdalynda düşlän Beýdanyň yzyndan kowdy. Ol öz öňünde suw akdyryp, ol ýerini batgalyk etdi. Şol batgalygyň sag we çep tarapyndan bolsa söweşer ýaly gurak ýol goýdy. Onuň ýanyndakylaryň sany elli alty müň atly, bir ýüz segsen dört müň pyýada goşundan we bir ýüz kyrk alty sany pilden ybaratdy. Ýemineddöwle esgerlerinden bir bölegini söweşe çykardy. Beýda hem beýleki tarapdan edil şonçarak esgerini öňe sürdi. Her esger öz ýoldaşyna goltgy bolup, tä uly topara öwrülýänçäler garpyşdylar. Urgulardyr salynýan tagnalaryň sany köpelip, söweş gyzyşdy. Şeýle halda olar gijä ýetdiler we garaňkylyk olaryň arasyndaky söweşe böwet boldy.

Ertesi gün ir bilen Ýemineddöwle ýene-de jeň meýdanyna tarap galkdy. Ýöne bu ýerleriň olardan boşap galandygyny gördi. Olaryň hersi biri-birine gabat gelmeýän, hiç bir ýerde galtaşmaýan ýollary saýlap, bu ýerden göterilen ekenler. Musulmanlar el degrilmedik baýlyk we ýarag hazynalaryna gabat gelip, olaryň ählisini olja aldylar. Dem dürsäre pursat goýman, gaçgak goşunyň yzyndan ýola düşdüler we gür tokaýlykdyr jeňňeleriň içinde düşlän duşman goşunynyň üstünden geldiler. Olaryň örän köpüsini öldürdiler, şonçaragyny ýesir aldylar.

Beýdanyň ýalňyz özi bu gezegem gaçyp gutuldy. Ýemineddöwle ýeňiş bilen Gazna dolandy.

## 414-NJI HIJRI ÝYLY
*(26.03.1023-14.03.1024 ý.)*

## ÝENE BIR HINDI GALASYNYŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin hindi şäherlerine süsňäp girdi we barmasy kyn dag depesinde duran gala ýetýänçä, bu ýerleri talady, duş gelen adamy öldürdi. Bu daga bolsa ýekeje ýerden başga çykalga ýokdy. Ýöne şol ýeriň özi welin ep-esli adam ýerleşer ýaly giňişdi, ol ýerde bäş ýüz sany pil bolup, dagyň depesinde ýeterlik azyk-iýmit, çeşme we adamlara zerur bolan ähli zatlar bardy. Ýemineddöwle bu ýeri uzak wagtlap gabady. Olary gysaja salyp, söweşini dowam etdi. Şonuň netijesinde olardan öräň köp adam öldürildi.

Hindiler özleriniň düşen gününe göz ýetirensoňlar, Ýemineddöwlä tabyn bolup, ondan aman soradylar. Olara aman berdiler we patyşalaryna salgyt töletmek şerti bilen öz ornunda goýmaklygy müwessa bildiler. Hindi patyşasy oňa örän köp gymmatbaha zatlary sowgat berdi. Olaryň arasynda gumry şekilindäki bir guş bolup, bu guşuň aýratyn häsiýetleriniň biri eger onuň öňüne awy gatylan tagamy goýsaň, bu guşuň iki gözünden akýan ýaş daşa öwrüler ekeni. Soňra bu daşy ýaralara we başlara sürtseň, melhem bolup peýda beripdir.

## 416-NJY HIJRI ÝYLY.
*(04.03.1027-22.02.1028 ý.)*

## SUMENATYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle Hindistanyň birnäçe galalaryny we şäherlerini basyp alyp, Sumenatdaky meşhur senemi ele saldy. Bu senem hindileriň çokunýan iň uly senemi-buty bolup, her aý tutulan gijesinde ýüz müňden agdyk adam oňa zyýarata gelýär eken. Hindileriň tenasuh[1] mezhebindäki ynanjyna görä, jesetlerinden aýrylan ruhlar, şu senemiň ýanynda jem bolýarmyşyn we ol özüniň islän ruhuna gaýtadan ýaşaýyş bagyş edýärmişin. Hatda onuň ýanyndaky suwuň daşgyny we gaýtgyny hem şol deňziň oňa başardygyndan ybadat etmesidir diýip düşündirýärler.

Her dürli nepis zatlary bu ýere getirip, onuň hyzmatkär gullukçylaryna bol baýlyk bagyşlanar eken, on münden artygrak oba hem şolara wakf edilip berlipdir. Bu senemiň saklanýan öýünde bolsa deňsiz-taýsyz gymmaty bolan nepis göwherler toplanyp goýlupdyr.

Hindileriň Gang diýilýän uly derýasy bolup, olar muna aňrybaş derejede tagzym edýärler. Ölen patyşalarynyň süňküni bu derýa oklaýarlar. Olaryň ynanjyna görä, Gang derýasy olary nagym jennetine tarap alyp gidýärmişin.

Bu derýa bilen Sumenatyň aralygy iki ýüz parsah bolup, şol senemi ýuwmak üçin her günde bu ýerden Sumenata suw daşaýarlar. Müň töweregi brahman bu ýerde bolup, şol seneme ybadat edipdir we getirilen zatlary hem-de gelen zyýaratçylary ýerleşdiripdir. Üç ýüz adam zyýaratçylaryň saçyny we sakgalyny syrmaga meşgullansa, üç ýüz sany erkek bilen bäş ýüz sany zenan bu senemiň önünde aýdym aýdyp, bökjeklär (tans eder)

---

[1] Tenasuh – ruhlaryň göçüp-gonýanlygyna, başga göwrä geçip bilýändigine uýmaklyk.

ekenler. Bularyň hersiniň her günde etmeli aýratyn wezipeleri bolupdyr.

Ýemineddöwle her gezek hindi galalaryny basyp alyp, ol ýerdäki senemleri ýumranda, hindiler öz ýanlaryndan: «Sumenatyň bu senemlere we butlara gazap edeni sebäpli olar şeýle ýagdaýa düşdüler. Eger Sumenat olardan razy bolan bolsady, onda ol bet niýet bilen bu ýere gelenleri heläk ederdi» diýişýän ekenler. Bu habarlar Ýemineddöwlä gelip ýetende, ol bu ýerlere söweşe gitmegi we ony ýer bilen ýegsan etmegi ýüregine düwdi. Hindiler onuň ýok edilendigini görseler, öz düşünjeleriniň batyldygyna göz ýetirerler we yslama girerler diýip pikir etdi. Ol Alladan işiniň şowly bolmagyny diledi we şu ýylyň meret aýynyň ony güni meýletinçilerden başga otuz müň sany atly esgeri bilen Gaznadan ýörişe çykdy. Multan ýolunyň üsti bilen gidip, oraza aýynyň ortalarynda ol ýere ýetdi.

Hindistana barýan bu ýoluň ugrunda hiç bir ýaşaýjysyz, suwy ýa-da iýer ýaly zady bolmadyk takyr çöllüge gabat geldiler. Ýemineddöwle we onuň esgerleri duýdansyz gabat geljek çykgynsyz ýagdaýlara-da mümkin boldugyndan taýýarlanypdylar. Mundan soň ýigrimi müň sany düýä azyk - suwluklaryny ýüklediler. Birnäçe aralygy sökenlerinden soň, seňňeriniň üsti adamdan doly galalara gabat geldiler. Ol adamlar galanyň etegindäki guýulary gömen ekenler. Agyr ýygyn bolup gelýän Ýemineddöwläniň esgerleri asmany gaplan gara bulut ýaly bolup, hindileriň ýüregine şeýle bir gorky saldy, olaryň köňlüni-süňňüni eýelän şol gorky, dowul bilen beýik Taňrym bu ýeri basyp almaklygy musulmanlara miýesser etdi. Olar bu ýeriň ýaşaýjylaryny öldürip, butlaryny weýran etdiler. Gerek boljak azyk - suwluklaryny alyp, bu ýerden ugradylar.

Soňra Anhalwara şäherine tarap ýola düşdi we boş aýynyň başynda ol ýere baryp ýetende, bu ýeriň Behim diýilýän häkiminiň gorkandygyny, şäheri taşlap, gaçyp gidendigini we goranmak üçin başga bir galada gizlenendigini eşitdi. Ýemined-

döwle şäheri eýeledi we bu ýerden göni Sumenata tarap ugrady. Ol ýol ugrunda şeýtanyň ýüreklerine ornaşdyran pikiri zerarly Sumenatyň emeldarlaryna we hajyplaryna meňzedilip ýasalan butlary bolan galalara gabat geldi. Bu ýerleriň ilaty bilen söweşdi, olary basyp aldy we weýran etdi, senemdir-butlarynyň ählisini ýumurdy. Soňra az suwly takyr çölleriň üsti bilen Sumenata gitdi. Ýolda olar hiç bir patyşa boýun egmeýän bir kowumyň ýigrimi müňlük söweşijisine duçar boldular. Ýemineddöwle ýaragly birikmelerini onuň üstüne sürdi we olar bilen söweşdi. Olary ýeňdiler we baýlyklaryny olja aldylar. Ähli azyk-owkatlaryny hem alyp, Debulwara şäherine barýançalar dynman ýörediler.

Debulwara Sumenatdan iki menzil uzaklykda bolup, bu ýeriň ilaty özlerini Sumenatyň gorajakdygyna we olary dep etjekdigine şeýle bir ynanýardylar. Ýemineddöwle bu ýeri eýeledi, erkeklerini öldürdi, baýlygyny olja aldy. Soňra bu ýerden Sumenata ugrap, boş aýynyň ortasynda, hepdäniň sogapgüni bu ýere baryp ýetdi. Ol deňiz tolkunlarynyň serpilip, kenara ýetip duran ýerinde bina edilen mäkäm gala bolup, bu ýeriň ilaty galanyň depesinden musulmanlary synlap durdy. Olar özleriniň hudaýynyň bulary köki-damary bilen ýok etjekdigine ýürekden ynanýardylar.

Ertesi, anna güni olar toplum bolup, söweşe girdiler. Hindiler musulmanlardan ömürlerinde duçar bolmadyk aýgytly söweşi görensoňlar, gala-depelerini taşlap, yza tesdiler. Musulmanlar merduwandyr gaňyrçak oklap, şonuň bilen galanyň üstüne çykdylar we «Yhlas» kelemesini güýçli sesleri bilen okap yslamyň baş şygaryny jar etdiler. Şol pursat söweş täzeden gyzdy we has-da gazaplaşdy. Hindileriň bir topary Sumenatyň öňüne baryp, çök düşüp, ondan kömek-ýardam sorady. Şeýdip olar gijä ýetdiler we birek-birekden çekilişdiler.

Ertesi gün musulmanlar ir bilen olaryň üstüne çozup, hindilerden örän köpüsini öldürdiler. Hindileriň şäheri taşlap, Sume-

natyň senem jaýyna tarap yza çekilmäge mejbur etdiler. Bu senem jaýyň gapysynda şeýle bir agyr söweş boldy. Olaryň bir topary söweşse, beýleki topary Sumenatyň ýanyna girip, ony gujaklap, aglap, ondan dileg-doga edýärdiler. Soňra daş çykyp, ölýänçäler söweşýärdiler. Tasdan olaryň ählisi diýen ýaly gyrlypdy. Diňe örän az sanlysy diri sypyp, halas bolmak üçin iki sany gämä mündüler. Emma musulmanlar bularyň yzyndan ýetdiler. Käbirini öldürdiler, beýlekileri bolsa gark boldy. Sumenatyň saklanýan jaýy hakda aýtsak, ol gurşun bilen örtülen elli alty sany saj[1] agajyndan ýasalan sütünleriň üstünde gurlan binadyr. Sumenatyň özi daşdan bolup, onuň uzynlygy bäş garydan ybarat. Üçüsi aýlaw şekilli bolup, ikisi binanyň özündedir. Ol çekilen suratlaryň keşbinde däldir (ol hiç suratyň keşbinde, şekilinde däldir). Ýemineddöwle ony aldy we senemi döwdi. Käbir bölegini ýakdy. Käbir bölegini ýany bilen Gazna äkitdi we ondan metjidiň bosagasyny (ýa-da girelge gapysyny) ýasatdy. Senem jaýy aslynda örän garaňky bolup, bu ýerde gymmatbaha göwherden emelleşdirilip ýasalan ýagtylyk-şöhle bardy. Oňa daňylan altyn zynjyryň ujuna iki ýüz man agramyndaky jaň berkidilipdir. Her gezek gijäniň belli bir bölegi geçende, ýörite adam bu zynjyry hereketlendiripdir (yralapdyr) we jaňy kakypdyr. Şonda brahmanlaryň bir topary ukudan oýanyp, ybadata meşgullanyp başlapdyr. Bu ýerdäki hazynada gyzyldan we kümüşden guýlan senemleriň birnäçesi bolup, olaryň üstünde gymmatbaha göwher bilen bezelen ýörite tutular bar ekeni. Bularyň her biri bir patyşa degişlidir. Bu jaýdaky zatlaryň gymmaty ýigrimi million dinardan hem artykdyr. Ýemineddöwle olaryň ählisini aldy. Şeýle hem bu söweşde öldürlenleriň sany elli müň adamdan agdyk boldy.

Anhalwaranyň häkimi Behimiň deňiz içindäki adada ýerleşýän Kendehe (Kandaha) diýilýän gala hüjüm edendigi

[1] Saj - Hindi duby.

hakdaky habary Ýemineddöwlä ýetirenlerinde, ol Sumenatdan bu ýere ugrady. Sumenat bilen ol ýeriň gury ýer üstündäki aralygy kyrk parsahdan ybarat. Olar gala ýakynlaşanlarynda, bu ýerde iki sany awça gabat geldiler we bu deňzi ýüzüp geçmek hakda olardan soradylar. Olar bu deňzi ýüzüp geçmegiň mümkindigini, ýöne sähel şemal öwüsse, deňziň gark edýändigini aýtdylar.

Ýemineddöwle Hudaýdan şowlulyk diläp, özi we ýanyndakylar bilen ýüzmäge başladylar hem-de bu ýerden sag-salamat çykdylar. Behimiň eýýäm bu galany taşlap, boşadyp gidendigini gördüler we yzlaryna dolandylar. Ol Mansura tarap hüjüm etdi. Sebäbi bu ýeriň häkimi yslamdan dönüpdi. Ýemineddöwläniň gelýändigi hakdaky habar baryp ýetende, ol şäheri taşlady we gür tokaýlygyň içinde gizlendi. Ýemineddöwle oňa iki gapdaldan hüjüm etdi we ony hem-de onuň ýanyndakylaryň daşyny gabady. Örän köpüsini öldürdi, ençemesi derýada gark boldy. Az sanly adamdan başga diri sypany bolmady. Soňra Behatiýa tarap gitdi. Bu ýeriň ilaty onuň diýenini etdi we emrine tabyn boldy. Ol bu ýerden Gazna öwrüldi we 417-nji ýylyň sapar aýynyň ony güni oňa baryp ýetdi.

## 420-NJI HIJRI ÝYLY
*(20.01.1029-09.01.1030 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ REÝI WE JEBEL ÝURDUNY BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin Reýe tarap ýörişe gitdi. Gürgeniň we Tabarystanyň häkimi Menuçehr ibn Kabus dört ýüz müň dinary we örän köp mukdardaky salgydyny alyp, onuň öňünden çykdy.

Reýiň häkimi Mejdeddöwle ibn Fahreddöwle ibn Buweýh öz goşunyndan şikaýat edip, oňa hat ýazypdy. Ol birneme

aýalbazdy. Köplenç bolsa kitap okap, olary göçürmeklige güýmenerdi. Ýurdy hem onuň enesi dolandyrýardy. Mejdeddöwläniň ejesi dünýäden ötende goşunyň oňa bolan tamakinligi artdy. Ýagdaýlar bulaşdy. Hat gelip gowşanda, Mahmyt öz hajybyny goşunbaşy edip, şol sebitlere iberdi. Oňa Mejdeddöwläni tutmaklygy buýurdy. Esgerler Reýe gelip ýetende, Mejdeddöwle garşylamak üçin olaryň önünden çykdy. Şol ýerde hem ony we ogly Abu Dulefi sakladylar.

Bularyň tutulandygy hakdaky habar Ýemineddöwlä gelip ýetende, ol Reýe ugrady we dört tirkeşigiň birinji aýynda bu ýere ýetdi, şähere girdi. Ol bir million dinarlyk baýlyklary, bahasy bäş ýüz müň dinara barabar bolan göwherleri, alty müň sany gymmatbaha dony we bulardan başga-da bihasap gurallary, ýaraglary aldy. Soňra Mejdeddöwläni getirdip, ondan:

– Sen parslaryň taryhy bolan «Şanamany», Tabarynyň taryhyny we musulmanlaryň taryhyny okamadyňmy? – diýip sorady.

– Elbetde, okadym – diýip, Mejdeddöwle jogap berdi.

– Seniň bu bolşuň ony okana meňzemeýär. Sen sadranç oýnap gördüňmi?

– Elbede, oýnadym.

— Sen şol ýerde şanyň üstüne göçüm edýän şany gördüňmi?

— Ýok.

Ýemineddöwle:

– Şeýle bolsa, özüňi özüňden güýçlä tabşyrmaga itekleýän zat näme? – diýdi.

Ony tussag edip, Horasana iberdiler. Soňra Ýemineddöwle Kazwini hem-de onuň galalaryny, Sawa, Aba we Ýafet (Ýafyt) şäherlerini eýeledi, onuň häkimi Welkin ibn Wenderini tussag edip, ony hem Horasana ugratdy.

Mahmyt Reýi eýelän wagtynda halypa Kadyr Billä hat ýazyp, Mejdeddöwläniň elliden gowrak erkin aýalynyň bardy-

gyny, bulardan otuzdan artyk perzendiň dünýä inendigini ýatlady. Bu wakalar hakda Mejdeddöwleden soralanda, ol: «Bu meniň ata-babamdan galan däp» diýip, jogap beripdir. Bu azgynlygyň soňuna çykmak üçin Mejdeddöwläniň tarapdarlaryndan örän köp adamy asyp öldürdiler. Onuň Mugtazyla akymyna eýerýän hemşerilerini Horasana sürgün etdiler. Mugtazyla mezhebine, müneçjimlik (ýyldyzlar) ylmyna we pelsepä degişli kitaplary oda ýakdylar.

Menuçehr ibn Kabus ibn Wuşmegir bolsa, ýollary oýdur çukur bolan dagyň üstündäki mäkäm galada gizlendi. Emma ol Ýemineddöwläniň özüni gözden sypdyrmandygyny duýdy we bu ýerden çykyp, sümme tokaýlygyň içinde gizlendi. Özara ylalaşyk gazanmak üçin oňa bäş ýüz müň dinar serpaý ugratdy. Ýemineddöwle muny kabul etdi we kowgyny bes edip, ol ýerden Nyşapura gitdi.

Bu wakanyň yzysüre Menuçehr dünýäden ötdi. Ol ýerleri dolandyrmak ogly Anuşirwana ynanyldy. Mahmyt welaýaty hem şoňa bermekligi ýüregine düwdi we munuň daşyndan oňa bäş ýüz müň dinar bermegi karar etdi. Jebel ýurtlaryndan tä Arminiýa çenli ähli ýerde Mahmydyň adyna hutba okaldy. Soltan Mahmydyň ogly Mesut bolsa Hünnian bilen Abhary basyp aldy. Yspyhanda Alaeddöwle onuň adyna hutba okady. Mahmyt Horasana dolandy we Reýdäki ornuna öz ogly Mesudy goýdy. Soňra Yspyhana hüjüm etdi we ony Alaeddöwläniň elinden basyp aldy. Bu ýere özüniň käbir ýoldaşlaryny belläninden soň, ol ýerden yzyna dolandy. Emma Yspyhanyň ilaty topalaň turzup, bu dikmeleri öldürdiler. Ýemineddöwle gaýtadan bu ýere dolandy we olardan örän köp – bäş müň adamy öldürdi. Ýagdaýlar kadalaşyp, ýola düşensoň, Reýe gitdi we şol ýerde saklandy.

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ WE ONDAN SOŇRA OGLUNYŇ OGUZLARA GARŞY GÖREN ÇÄRESINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ýemineddöwle oguz türkmenleriniň üstüne hüjüm etdi we olary ýurduň çar tarapyna pytratdy. Sebäbi bular ol ýerlerde örän köp başbozarlyk edipdiler. Bular Buhara sähralyklarynda ýaşaýan Arslan ibn Seljuk Türkmeniň ýaranlary bolup, Ýemineddöwle derýany aşyp, Buhara geçende, olaryň häkimi Aly Tegin ondan gaçyp gidipdi.

Arslan ibn Seljuk Ýemineddöwläniň ýanyna gelende, ony tussag etdiler we Hindistanda zyndana saldylar. Gije tümlügine duwlanyp, Arslanyň leşgergähine hüjüm etdiler we ýoldaşlarynyň köpüsini öldürdiler. Mundan diri sypan birniçe jemagat bu ýerden gaçyp, Horasana bardylar we ol ýerde özleriniň bozgakçylyk işlerini dowam etdiler, taladylar, tozdurdylar. Ýemineddöwläniň olaryň üstüne ýollan goşuny bularyň köpüsini ýesir aldy we Horasandan kowup çykardy. Şolardan iki müň öýli adam bu ýerden göterilip, Yspyhana göçdi. Olary ýa-da, iň bolmanda, ýolbaşçylaryny ýurtdan çykarmagyny haýyş edip, Ýemineddöwle Alaeddöwlä hat ýollady. Alaeddöwle bir tagam taýýarlap, oguzlary nahara çagyrmagy we gelensoň olary öldürmegi naýyplaryna tabşyrdy. Şonuň üçin ol oguzlaryň üstüne çapar ýollady hem-de olaryň hyzmatynda durmak üçin atlaryny ýazyp almak isleýändigini mälim etdi. Deýlemiler şol ýerdäki bossanlykda bukuldylar. Oguzlaryň örän köp topary bu ýere geldi. Şonda Alaeddöwläniň bir türkmen mamlugy bularyň öňünden çykyp, ähli ýagdaýlary, gurnalan hile-pirimleri olara aýan etdi. Oguzlar yzlaryna dolandylar. Alaeddöwläniň naýyby olary yzyna gaýtarjak bolup jan etdi. Emma oguzlar onuň bu töwellasyny kabul etmediler. Şonda deýlemi serkerdeleriniň biri olardan bir adamyň üstüne hüjüm etdi. Emma türkmen ýigidi ony ok bilen urup, läşini serdi.

Bu hadysa zerarly gykylyk gopdy we bukuda ýatan deýlemiler ol ýerden çykdy. Şäheriň ilaty hem bulara goşuldy we olaryň arasynda uruş boldy. Olar aldawa salnan oguzlary ýeňdiler. Türkmenler öýlerini ýygnap, bu ýerden göterildiler. Olar Genjä – Wehsuzanyň ýanyna barýançalar öňlerinden çykan islendik obany talap tozdurdylar.

Horasanda bolsa Yspyhana ýöriş edenlerdenem has köp oguz galypdy. Olar gadymy Horezme degişli bolan Balkan[1] dagyna geldiler. Soňra olaryň köpüsi dagdan inip, şol ýakalardaky şäherleri taladylar, adamlary öldürdiler we malynymülküni tozdurdylar. Mahmyt ibn Söbüktegin Tusuň emiri Arslan Jazyby olaryň üstüne iberdi. Olar iki ýyllap diýen ýaly bir topar esger bilen olaryň yzynda selpäp gezdiler. Şol sebäpli Mahmydyň özi mejbury ýagdaýda Horasana hüjüm etmeli boldy. Olary ele salmak üçin Nyşapurdan Dehistana ugrady. Oguzlar bolsa bu ýerden Gürgene gitdiler. Soňra Mahmyt ol ýerden dolandy we, öň ýatlap geçişimiz ýaly, ogly Mesudy Reýde oturtdy. Oguzlaryň Ýagmyr atly serkerdesini bolsa onuň ýanyna gulluga aldy.

Mahmyt bin Söbüktegin dünýäden ötende, ogly Mesut Horasana ýöriş edipdi we ýanynda hem Ýagmyr bardy. Gaznany eýelänlerinde, ondan Balkan dagynda galan kowumdaşlary hakda soradylar we hüküme tabyn bolup, wepaly hyzmat etmek şerti bilen oňa yza gaýtmaga rugsat berdiler. Mesut Ahmet Ýynalteginiň baş göteren wagtynda Hindistana ýörişe gitdi. Ony basyp ýatyryp, yza dolandy. Emma ol özüniň bu tozgunçylygyny ýene gaýtalady. Talk Ferraş ol ýeri Alaeddöwläniň elinden almak üçin Reýe örän köp esger ýollady. Bular Nyşapura ýetenlerinde, bu gelenleriň pälleriniň ýamandygyny bildiler we goşunbaşylaryny esgerlerden aýratynlykda ýanlaryna çagyrdylar. Şeýdip, olardan elliden gowrak adamy öldürdiler.

[1] Golýazmada «Balhan» görnüşinde ýazylypdyr.

Olaryň arasynda Ýagmyr hem bardy. Şeýdip, olar bu ýere ýetmän Reýe öwrüldiler. Olaryň düşen bu ýagdaýy, tozgunçylygy we bozuklygy Mesuda gelip ýetende, bu meseleden ymykly dynmak üçin ony Hindistana gönderdi. Ol bu ýerde gozgalaňçylaryň köpüsiniň elini-aýagyny çapdyrdy we köpüsini asyp öldürdi.

Bu Arslan ibn Seljuga degişli toparyň (taýpanyň) habarlarydyr. Indi Togrul beg, Dawut we ol ikisiniň dogany Beýgu hakda aýtsak, olar Mawerannahrda ýaşaýardylar. Nesip bolsa biz olar bilen bagly wakalary we patyşa boluşlaryny ýyllaryň geliş tertibine görä, beýan ederis.

Soltan Mesudyň hajyby Daş Ferraş oguzlar bilen garpyşandan soň, oguzlar Genjä gitmek isleýändir, ol ýere özlerinden öň baran «yraklylar» diýlip atlandyrylýan kowumdaşlaryna goşulmakçy bolýandyr öýdüp pikir etdi. Bu pikirine eýerip özi hem Reýe ugrady. Bu taýpanyň emirleriniň ady Gökdaş, Buga, Gyzyl, Ýagmyr we Nasyglydyr. Damgana ýetenlerinde, bu ýeriň esgerleri we şäher ilaty päsgel bermek üçin olaryň öňünden çykdy. Emma döz gelibilmän, yza çekildiler we dagyň depesine çykyp, goranmaga başladylar. Oguzlar şähere girdi we ony talady. Soň bu ýerden Semnana geldiler, ol ýerde hem edil şunuň ýaly hereketlerini gaýtaladylar. Reýiň eteklerinde hem şeýtdiler. Yshakabady we oňa goňşy oturan obalary taladylar. Reýe degişli welaýatlaryň biri Müşküweýhe gitdiler we ony hem tozdurdylar.

Abu Sehl Hamduny bilen Daş Ferraş ikisi hem-de Gürgen bilen Tabarystanyň şol wagtky häkimi kömek sorap, Mesuda hat ýazdylar, aýgytly söweşe taýýarlandylar. Daş üç müň atly esgerini, bar bolan pillerini we ýaraglaryny ýanyna alyp, oguzlar bilen söweşmäge gitdi. Bu habar oguzlara ýetdi. Olar özleriniň aýallaryny, Horasandan olja alan baýlyklaryny taşlap, özleriniň atly goşuny bilen söweşe ugradylar. Bular birekbirege duş geldiler. Daş pillerine mündi we iki toparyň arasyn-

da söweş başlandy. Ilkibada üstünlik Daşyň tarapyndady. Soňra oguzlar Daşyň ýanyndaky kürt serkerdesini ýesir aldylar we ony öldürmekçi boldular. Bu kürt serkerdesi oguzlara ýalbardy: «Meni diri goýsaňyz, Daşyň ýanyndaky kürtlere söweşi bes edip, yza dolanmagy buýraryn» diýdi. Oguzlar bu teklibi kabul etdiler, hatda ony azatlyga goýberjekdigine, boşatjakdyklaryna söz berdiler. «Söweşi dowam etseňiz, men öldürilerin» diýip aýtmagy üçin ony kürtleriň ýanyna goýberdiler. Bu wakadan soň, söweşiň dartgynlylygy gowşady.

Soňra oguzlar (olaryň sany bäş müň töweregi bardy) Daş Ferraşyň we onuň esgerleriniň üstüne hüjüme geçdiler. Kürtler ýeňlip gaçdy. Daş bilen onuň ýoldaşlary bolsa berk durup söweşdi. Oguzlar onuň münüp oturan pilini öldürensoňlar, ol piliň üstünden kelemenläp, aşak gaýtdy. Ony tutdular we öldürdiler. Öz wepat bolanlarynyň aryny almak üçin ony bölek-bölek etdiler. Onuň bilen bir wagtda örän köp sanly horasanlylar, atly serkerdeleriň hem birnäçesi öldürildi. Galan pilleri we esger goşlaryny olja alyp, Reýe gitdiler. Abu Sehl Hamduny we onuň ýanyndaky goşun hem-de şäher ilaty bilen döwüşdiler. Abu Sehl Hamduny bilen ýanyndakylar Tabarek galasyna tarap gaçdylar. Oguzlar şähere girdiler we onuň birnäçe mähellesini (ilatly ýerini) talap, köki-damary bilen weýran etdiler. Soňra Abu Sehl we olar täzeden söweşe girdiler. Oguz emiri Ýagmyryň uýasynyň ogluny – uly serkerdeleriniň birini ýesir aldylar we Daşyň esgerlerinden tutulanlary we ähli ýesirleri boşatmak hem-de üstesine otuz müň dinar tölemek tertibi bilen ony goýberjekdiklerini aýan etdiler. Emma ol soltanyň buýrugy bolmazdan, hiç zat edip bilmerin diýdi. Oguzlar şäherden çykdy. Şol wagt bu ýere Gürgenden birnäçe goşun gelip ýetdi. Olar Reýe ýakyn gelenlerinde, oguzlar şol tarapa gitdiler we duýdansyzlykda olaryň üstüni gapyl basdylar. Bu goşunyň serkerdesini we ýany bilen iki müňe golaý adamy ýesir aldylar.

Galanlary yza dönüp gaçdylar. Bu wakalar 427-nji ýylda bolup geçdi.

## ALAEDDÖWLÄNIŇ REÝE BARMAGYNYŇ, OGUZLAR BILEN YLALAŞMAGYNYŇ WE ÝENE-DE OLARYŇ TERSINE GAÝTMAGYNYŇ BEÝANY

Oguzlaryň Reýi taşlap, Genjä gaýdandygyny bilende, Alaeddöwle ol ýere gitdi we şähere girdi. Soltan Mesut ibn Söbükteginiň emrine tabyndygyny bildirip, Abu Sehl Hamduna çapar iberdi we tölemeli edilen baýlygy ondan talap etdi. Emma ol Alaeddöwleden gorkusyna bu hata jogap bermekden saklandy. Alaeddöwle olaryň hakyny bermek we Hamdunynyň garşysyna güýç toplamak üçin oguzlaryň ýanyna wekil iberdi. Gyzylyň serkerdeligindäki bir müň bäş ýüz sany oguz ýigidi bu ýerden ýola çykdy, galanlary bolsa Genjä gitdi. Oguz ýigitleri onuň ýanyna ýetenlerinde, Alaeddöwle bulary ýagşy garşylady, ýagdaýy mälim edip, olardan ýardam sorady. Oguzlar bu ýerde birnäçe gün saklandy. Soňra onuň ýanyndaky käbir horasanly serkerdelere Alaeddöwläniň oguzlary onuň garşysyna çykmak we baş götermek üçin ylalaşmaga çagyrandygy aýan boldy. Alaeddöwle gizlin niýetini bilen bu esgerleriň ýanyna adam iberdi, hile-pirim bilen ýanyna getirtdi we olary tutdurdy. Tussaglary Tabarek galasyndaky zyndana saldy. Oguzlar bu ýerde özlerini ýalňyz saýdylar we gozgalaňa düşdüler. Alaeddöwle olary köşeşdirjek bolup her näçe jan etse-de, netije bermedi. Olar tozgunçylykly işlerine, talançylyga we ýol urmaklyga gaýtadan başladylar. Alaeddöwle bu ýerden dolandy we Tabarystanda gezip ýören Abu Sehl Hamduna hat ýazdy we Reýiň ähli dolandyryjylyk işiniň Mesudyň hut öz tabynlygynda bolmagyny teklip etdi. Ol muny kabul edensoň, bu ýerden Nyşapura gitdi. Alaeddöwle bolsa Reýde galdy.

# GENJEDÄKI OGUZLAR WE OLARYŇ BU ÝERI TERK ETMEKLERINIŇ BEÝANY

Biz oguzlaryň bir taýpasynyň Genjä barandygyny ýatlapdyk. Wehsuzan olary ýagşy sylady we ýamanlyklaryndan dynmak umydyna beslenip, olar bilen gaýyn-giýew boldy.

Oguz serkerdeleriniň atlary şeýledir: Buga, Gökdaş, Mansur we Dana. Emma Wehsuzan gaty uzakdan umyt eden ekeni. Çünki olar ýamanlygy we bozgakçylygy, gan dökmegi we talaňçylygy terk etmediler. Olar Maraga gitdiler we 429-njy ýylda şähere girip, onuň jamy metjidini oda ýakdylar, ýerli ilatyň örän köpüsini gylyçdan geçirdiler. Olar Hezbany kürtlerini hem edil şeýle ýagdaýa duçar etdiler. Işler çylşyrymlaşdy, belabeter, zulum-sütem güýçlendi. Kürtler özleriniň we şäher ilatynyň düşen gününi görenlerinde, oguzlaryň süteminden goranmak üçin özara ýaraşmaga, ylalaşmaga we agyz birikdirmäge başladylar. Abylheýja ibn Rabybeddöwle bilen Genjäniň häkimi Wehsuzanyň sözi alyşdy. Şol ýakalardaky şäherleriň ilaty hem bulara goşulyşdylar we oguzlardan adalaty talap etdiler. Şäher ilatynyň özleri bilen söweşmäge jemlenendigini görende, oguzlar Genjäni terk edip, bu ýakalardan çykyp gitdiler. Sebäbi bu ýerde saklanmak olar üçin indi kyndy. Soňra olar topar-topar bölündiler. Buganyň baştutanlygyndaky bir topar Reýdäki oguzlaryň ýanyna gitdi.

Mansur bilen Gökdaşyň baştutanlygyndaky toparlar bolsa Hemedana gitdiler we şäheri gabadylar. Bu ýerde Abu Kalyjar ibn Alaeddöwle ibn Käkeweýh bardy. Şäher ilaty agyz birikdirip, öz janlarynyň we şäherleriniň aman galmagy, duşmanyň dep edilmegi üçin söweşmegi makul bildiler. Bu söweşde iki tarapdan hem örän köp adam öldürildi. Oguzlar Hemedanda uzak wagtlap saklandylar. Abu Kalyjar ibn Alaeddöwle bu ýagdaýy görüp, garşy durardan özüniň ejizdigine göz ýetirdi, Gökdaşyň ýanyna çapar ýollady we onuň bilen ylalaşdy hem-

de gaýyn-giýew boldy. Alaeddöwle ibn Käkeweýhiň bolýan ýeri Reýe gelen oguzlar hem bu şäheri gabadylar. Fennahysrow ibn Mejdeddöwle bilen Sawanyň häkimi Kamru Deýlemi hem bulara goşulansoň, oguzlaryň sany köpeldi we kuwwaty artdy. Alaeddöwle olaryň her gezek gelende, öňküden güýçlenip gelýändigini, özüniň bolsa barha ejizleýändigini bilip, öz janyndan gorkdy.

Rejep aýynyň bir gijesinde köşkden çykdy we şäheri taşlap, Yspyhana gaçdy. Şäher ilaty bu wakadan gorka düşüp, ýaka ýyrtdy. Söweşden çete çekilip, her kim gaçmagyň çäresini gözläp başladylar. Ertesi irden oguzlar olaryň üstüne döküldiler. Ýerli ilat bulara döz gelebilmedi. Oguzlar şähere kürsäp girdiler we ony şeýle bir aýylganç taladylar. Aýal-gyzlary ýesir aldylar. Tä aýal-gyzlar pena gözläp, özlerini metjitlere atýançalar, oguzlar bäş günläp bu hereketlerini dowam etdiler. Adamlaryň hersi bir ugra, hersi bir ýola özüni atyp dargady. Öz janyňy halas etmegi başarmak bu ýerde iň bagtly zatdy.

Bu wakalar olaryň köpüsi gyrlandan soň ýüze çykdy. Aýtmaklaryna görä, hatda käbir uly metjitlerde bary-ýogy elli adam namaza durupdyr.

Alaeddöwle Reýi taşlap gidende, oguzlaryň bir topary onuň söbügine münse-de, yzyndan ýetip bilmediler. Olar ýol ugruna Kereje sowuldylar we ony talap-tozdurdylar. Ol ýerde iň ýaramaz we gabahat işleri etdiler. Olaryň Nasyglynyň baştutanlygyndaky başga bir taýpa-topary Kazwine gitdi we ol ýeriň ilaty bilen söweşdi. Soňra ýerli ilat olara ýedi müň dinar töläp ylalaşdylar we olaryň tabynlygyna girdiler.

Urmyýa şäherinde hem olaryň bir taýpasy bardy. Olar bu ýerden Ermeni ýurduna ýörişe gitdiler. Ol ýeriň ilaty bilen söweşip, olaryň örän köp adamyny öldürdiler. Biçak köp ynsany ýaraladylar. Olja-ýesir aldylar. Soňra Urmyýa we Abylheýja Hezbanynyň welaýatlaryna tarap öwrüldiler. Bu ýeriň kürtleri oguzlaryň ýaramaz goňşudyklary üçin söweşe girdiler. Bu

söweşde örän köp adam gyryldy. Oguzlar şäher ýakasyndaky beýleki ýerleri hem talap, örän köp kürdüň ganyny dökdüler.

## OGUZLARYŇ HEMEDANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Biz owal oguzlaryň Hemedany gabandygyny we soňra onuň häkimi Abu Kalyjar ibn Alaeddöwle ibn Käkeweýh bilen ýaraşyk baglaşandygyny ýatlapdyk. Şol wagt oguzlar Reýi eýelediler we Hemedany gaýtadan gabadylar. Gyzyldan beýlekiler Reýden çykyp, ol ýere gitdiler hem-de bu ýerdäki oguzlara birikdiler. Abu Kalyjar bu zatlary eşidende, olara garşy çykara ýagdaýynyň ýokdugyny bildi. Ol atly täjirleri we şäheriň täsirli adamlaryny ýanyna alyp, Kinkiwarda[1] goranmaga başlady.

Dört ýüz otuzynjy ýylda oguzlar Hemedana girdiler. Bu ýerde olaryň Gökdaş, Buga, Gyzyl ýaly serkerdeleri jemlendi. Şeýle hem olaryň ýanynda köp sanly deýlemi esgerler bilen gelen Fennahysrow ibn Mejdeddöwle ibn Buweýh dagylaram bardy. Bular şähere girip, ony kemsiz taladylar, olar şunuň ýaly talaňçylygy başga şäherlerde etmändiler. Ilkibaşda özlerine garşy durup, söweşendikleri üçin olara aşa gahar etdiler we gazaba münüp gyrdylar. Aýal-gyzlaryny alyp, Esetabat sebitlerinde Dineweriň obalarynda düşlediler. Bu töwerekdäki ähli ýerlerde edenlerini etdiler. Bu ýagdaýda deýlemiler oguzlardan hem beterdi. Dineweriň häkimi Abylfath ibn Abişşöwk bularyň garşysyna çykdy we olar bilen söweşdi. Olara berk gaýtawul berip, birtopar adamy ýesir aldy. Olaryň emirleri bularyň boşadylmagy üçin hat ýollady. Emma ol ýaraşyk we äht bolmazdan, bu işden saklandy. Olar munuň diýenini kabul etdiler we ýaraşdylar, ýesirleri azatlyga goýberdiler. Soňra Hemedandaky oguzlar Abu Kalyjar ibn Alaeddöwlä hat ýolladylar we onuň bilen ýaraşdylar. Döwlet işlerini öz göwnüne görä, öz pikiri

[1] Sözüň üstünde hereket goýulmandygy üçin ony «Giňkiwar» ýaly hem okamak mümkinn.

bilen dolandyrmak üçin ýanlaryna gelmegini soradylar. Onuň ýanyna özlerinden öýlenen aýalyny ynamdar adam hökmünde iberdiler. Abu Kalyjar bu ýaraşyga bil baglap, onuň ýanyna geldi. Emma bu gymmatly we süýji ýaraşyk onuň üçin has gymmada düşdi. Az salymdan soň onuň üstüne topuldylar we ol zordan gaçyp sypdy. Onuň baýlygyny we ýanyndaky bar bolan ähli malyny-mülküni hem-de beýleki zatlaryny aldylar. Kakasy bu zatlary eşidende, ýagdaýy gözi bilen görmek üçin Yspyhandan çykyp, daglyk welaýatlara ugrady. Ýolda oňa köpsanly oguz taýpasy gabat geldi. Kakasy olardan üstün çykdy we birnäçesini öldürdi, ýene şonçaragyny hem ýesir aldy. Şeýdip Yspyhana ýeňiş bilen girdi.

## TÖWRIZ ŞÄHERINDE OGUZLARYŇ ÝOK EDILMEGINIŇ WE OLARYŇ GENJÄNI TERK EDIP, HAKKARYÝA GITMEGINIŇ BEÝANY

Dört ýüz otuz üçünji ýylda Wehsuzan ibn Mihlan Töwriz şäherinde örän köp sanly oguzyň ganyny dökdi.

Wehsuzan ýörite tagam taýýarladyp, olary nahara çagyrdy. Kemsiz iýip-içenlerinden soňra, olaryň serkerdelerinden otuz sanysyny tutdurdy. Beýleki oguzlar bu ýagdaýy görüp, tapdan gaçdy. Olardan örän köpüsini öldürdiler. Urmyýada ýaşaýan oguzlar jem bolup, Mosul welaýatyna degişli Hekariýe şäherine gitmegi özleri üçin amatly bildiler. Bu ýeriň kürtleri bilen örän gazaply söweşe girdiler. Kürtler ýeňlip gaçansoňlar, oguzlar olaryň lybasdyr-baýlygyna, aýaldyr-perzentlerine eýe çykdylar. Kürtler şol ýerdäki daga we dag geçitlerine özüni atdylar. Olaryň yzyna düşüp giden oguzlar bilen söweş ýüze çykdy. Kürtler bu gezek üstün çykyp, olardan bir müň bäş ýüz adamy öldürdiler, jemi ýedi sany emirini, ýüzden gowrak han-beglerini ýesir aldylar. Öň özlerinden alnan ýaragdyr mallary we beýleki oljalary yzyna gaýtaryp aldylar. Oguzlar dag ýollary bilen gidip, çar ýana pytradylar.

Ibn Rabybeddöwle bu habary eşidip, şol galan oguzlary hem ýok etmek üçin olaryň yzyndan goşun ugratdy. Bu wakalar döwründe Reýde ýaşaýan oguzlaryň emiri Gyzyl dünýäden ötdi. Soltan Togrul begiň dogany Ybraýym Ýynal bu pursatdan peýdalanyp, Reýe ýörişe çykdy. Bu ýerde ýaşaýan oguzlar bu habary eşidip, dowla düşdüler we ol gelmezinden öňürti, Jebel sebitlerini taşlap gitdiler. Oguzlar dört ýüz otuz üçünji ýylda Diýarbekire we Mosula hüjüm etdiler.

## OGUZLARYŇ DIÝARBEKIRE GIRMEGINIŇ BEÝANY

Dört ýüz otuz üçünji ýylda oguzlar Genjäni taşlap, bu ýerlerden gitmäge mejbur boldular.

Sebäbi Togrul begiň dogany Ybraýym Ýynal Reýe ýöriş etdi we oguzlar bu habary eşidip gorka gaplandylar. Şol gorky zerarly Ybraýym gelmezinden öňürti bular Jebel sebitlerini taşlap, Genjä ýöneldiler. Bu ýeriň ilatyna öňki eden ýaramazlyklary üçin olara bu ýerde saklanmak mümkin bolmady. Arkadan bolsa Ybraýym Ýynal ýetip gelýärdi. Olary gurşap alan ýene bir gorky bu ýerler Ybraýym Ýynalyň hem-de onuň iki agasy Togrul beg bilen Dawudyň raýatlarydy. Oguzlar özlerine ýol salgy bermegi üçin kürtleriň käbirini öňlerine salyp gitdiler. Olar oguzlary Zowzanyň deňinden geçýän çylşyrymly dag ýodalarynyň üsti bilen äkidip, Jeziret ibn Omar diýilýän ýerden çykardylar. Buga, Nasygly we beýleki emirler hem Diýarbekire ýöriş edip, Karadeýi, Bazabdeýi, Hasaniýäni we Fişabury talap tozdurdylar. Mansur ibn Guzguly[1] bolsa Jeziräniň gündogar tarapynda saklady.

Jezirede ýaşaýan Süleýman ibn Nasreddöwle ibn Merwan tä gyş gutarýança, Jeziräniň welaýatlarynda ýaşamak, soňra beýleki oguzlar bilen Şama gitmek üçin ylalaşyk we ýaraşyk

[1] Bu sözüň üstüne hereket goýulmandygy üçin ony dürlüçe okap bolýar: Guzguly, Gyzgul, Oguzguly, Gyzygly... we ş.m.

isläp, olara hat ýazdy. Bular öz aralarynda ylalaşyp, birek-birege söz berdiler, göwne degişmezlige äht etdiler. Emma Süleýmanyň ýüreginde hyýanat gizlenip ýatyrdy. Ol toý edip, nahar bişirdip, Mansury zyýapata çagyrdy. Jezirä gelen dessine, ony tutdurdy we tussag etdirdi. Mansuryň ýoldaşlary bolsa çar ýana dagap gitdiler. Oguzlaryň beýleki bir topary çapawulçylyk üçin Nasibine we Sanjara hüjüm edipdiler. Olar bu ýerden gaýdyp gelip, Jeziräni gabadylar. Araplar bolsa çar ýana ýüz urdy, esasan, Yrak tarapa gitdiler. Oguzlar Diýarbekiri harap etdiler, taladylar, öldürdiler, ar aldylar. Nasreddöwle ogly Süleýmanyň elinden oguz emiri Mansury diläp aldy we ol oguzlara hat ýollap, bu welaýaty taşlap gitseler Mansury boşatjakdygyny we pul tölejekdigini bildirdi. Oguzlar bu şerti kabul etdi. Nasreddöwle Mansury boşatdy we birnäçe mukdarda pul iberdi. Emma oguzlar sözlerinden dänip, bet işlerine gaýtadan başladylar. Olaryň käbiri Nasibin, Sanjar we Habur sebitlerine gidip, bu ýerleri talansoň, gaýdyp geldiler. Beýleki käbirleri bolsa Jüheýnä we Ferej sebitlerine ýöriş edip, ol ýerleri kemsiz taladylar. Garabaş bulardan gorkusyna Mosula bardy.

## OGUZLARYŇ MOSULY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Oguzlar Genjeden çykyp, Nasreddöwle ibn Merwanyň golastyndaky Jeziret ibn Omara[1] baranlarynda, olaryň beýleki bir topary öň ýatlap geçen emirlerimiz bilen birlikde Diýarbekire gidipdiler. Galanlary bolsa Bakga[2] gitdiler we Barkagytda[3] düşlediler. Mosulyň häkimi Garabaş olaryň hereketine gözegçilik eder ýaly bir adamy ugratdy. Olar muny duýdular we Mosula tarap öňe ýörediler. Olar oguzlara üç müň dinar tölemekçi boldular. Emma muny kabul etmediler. Çaparlar ikinji gezek gelen-

[1] Mesopotamiýa.
[2] Bakga – şol sebitlerdäki welaýat.
[3] Barkagyt – şäher ady.

de, oguzlar on bäş müň dinar talap etdiler. Olar muňa boýun boldular we şäher ilatyny bir ýere jemläp, ýagdaýy düşündirdiler.

Olar pul jemlemek bilen meşgul bolup ýörkä, oguzlar Mosula baryp, onuň gyrasynda düşlediler. Garabaş esgerlerini we şäher ilatyny ýanyna alyp, olaryň garşysyna çykdy. Uzakly gün söweşdiler. Gijä ýetende, her tarap yza çekildi we söweş togtady. Ertesi ir bilen söweş täzeden möwjedi. Araplar we şäher ilaty ýeňlip, gaçyp başlady. Garabaşyň özi bolsa howlusynda taýyn edilen gämä münüp gaçdy. Ýanyna alan ujypsyzja baýlygy diýäýmeseň, ol ähli maly-mülkünden el ýuwupdy. Oguzlar şähere girdi we ony aýylganç taladylar. Garabaşa degişli ähli zatlary: baýlykdyr-puly, göwher daşlary, bezemen lybaslary, donlary, bezeg şaý-seplerini we beýleki zatlary aldylar. Garabaş bolsa ýanyndaky birnäçe adam bilen gämili gaçyp gutulyp, Sinne ýetdi we şol ýerde düşledi. Ol bu ýerden patyşa Jelaleddöwlä hat ýazyp, ýagdaýlary mälim etdi, kömek-ýardam sorady. Ol öz düşen gününden şikaýat edip, kömek bermekleri üçin Dubeýs ibn Mezýed we şonuň ýaly beýleki arap we kürt emirlerine çapar ýollady.

Oguzlar Mosulyň ilatyna edenini etdiler. Öldürilen dost-ýarlarynyň aryny almak hyjuwy olary gan dökmekden, aýal-gyzlaryň namysyna degmekden, maly-mülki talamakdan saklap bilmedi. Olar adam ýaşaýan birnäçe mähelläni: Abu Nejih köçesini, Jasasany, Jarsugy, Derýa kenaryny, Gassaplaryň derwezesini özlerine tölenen pul üçin talamadylar, hatda barmagynam batyrmadylar. Şeýdip bu ýerler abat galdy.

## MOSULYŇ HÄKIMI GARABAŞYŇ OGUZLARY ÝEŇMEGINIŇ BEÝANY

Biz Garabaşyň Sinne gidendigini we kömek-ýardam sorap çar tarapa hat ýazandygyny ýatlapdyk. Patyşa Jelaleddöwle özüniň türkmen goşunynyň baş egmezliginden çekinip, oňa kömek bermedi. Ýöne Dubeýs ibn Mezýed öz goşuny bilen

kömek bermäge gitdi. Ukaýllylaryň ählisiniň, Abişşöwkiň, Ibn Berranyň we beýlekileriň ýardam-kömegi gelip gowuşdy. Emma soňky agzalanlaryň söweşe peýdasy degmedi. Sebäbi Garabaş Ukaýl we Dubeýs goşunlary jem bolan dessine, olary ýanyna alyp Mosula ýöräpdi. Bu habar oguzlara baryp ýetende olar, Telagfer, Bumariýe we şol sebitlere niýet edilen ýörişi soňa goýup, Nasygly bilen Buganyň baştutanlygyndaky Diýarbekirde ýaşaýan oguzlara habar iberdiler. Araplardan üstün çykmak üçin olardan kömek soradylar.

Garabaş olaryň gelýändigini bilse-de, özüniň ýoldaşlaryny gorkuzmazlyk we dowla salmazlyk hem-de işleriň şowsuzlyga uçramazlygy üçin, ony hiç kime aýtmady. Olar oguzlar tä alkyma gelýänçä ýörediler. Oguzlar Ras-Eýýil diýen ýerde düşlediler. Olaryň arasynda bary-ýogy iki parsah töweregi uzaklyk galypdy.

Oguzlar araplar bilen söweşmäge şeýle bir suwsapdy. Olar tä arap leşgergähleri aýdyň görünýänçä, öňe ýörediler. Şeýdip oraza aýynyň ýigrimisi güni günüň birinji ýarymynda iki arada uruş başlandy. Oguzlar olary çar tarapdan gurşadylar. Araplar gaçyp başlady, hatda söweş olaryň leşgergähiniň edil alkymynda bolup geçýärdi welin, olaryň aýallary söweşi synlap durdular. Öýläne çenli ýeňiş oguzlaryň tarapynda boldy. Soňra Alla öz ýardamyny araplara inderdi we oguzlar yza çekilmäge başlady. Ýalmawuz ýaly ýiti gylyçlaryň astynda olar çar ýana pytrady, olaryň örän köpüsi, şol sanda üç sany serkerdesi öldürildi. Araplar oguz leşgergählerini we öýlerini eýeläp, olaryň baýlyklaryny aldylar. Talanan baýlyk ähli kişä deň paýlandy. Olar gijä erişdiler we tümlük olaryň arasyndaky söweşe böwet boldy.

Garabaş öldürilen adamlaryň örän köpüsiniň kellesini kesdirdi we olary gämä ýükläp Bagdada ugratdy. Bagdada golaý gelende, bu ýerdäki türkmenler läş bolan jesetleri aldylar, kowahada laýyk jaýladylar. Öz milletine, kowmuna bolan mertebe we namys duýgusy olary erkine goýmady. Şeýdip Alla Mosul ilini olaryň şerinden halas etdi. Garabaş bularyň söbügine

münüp, Nasibine gitdi we ýene ýaman ýagdaýa sataşmaýyn diýip, ol ýerden yzyna dolandy. Yza serpikdirilen oguzlar bolsa Diýarbekire, soňra Ermeni we Rum topraklaryna çozup, uly baýlyk topladylar. Garabaş oguzlary ýeňendigi hakynda buşluk hatyny çar tarapa ýollaýardy. Ol Urmyýanyň häkimi Ibn Rabybeddöwlä ýazan hatynda oguzlardan üç müň adamy öldürendigini beýan edipdir. Häkim hat getiren çapara: «Bu örän geň zat-la! Haçan-da bu kowum meniň ýurduma aşanda, men olaryň geçip gitmeli köprüsiniň üstünde durup olary sanapdym. Olar gapdallaryndaky topar-topar adamlar bilen otuz müňden agdykdy. Ýeňlip gaýdyp gelenlerinde bolsa bäş müň adama ýetmeýärdiler. Olar ýa öldürilen, ýa-da heläk bolup, ýiten bolmaly» diýdi. Şahyrlar Garabaşyň bu ýeňşini mübärekläp köp goşgulary ýazdylar.

Ine, bu Yrak oguzlarynyň habarydyr. Biziň muny aýratyn ýyllar boýunça däl-de yzygider bermegimiziň sebäbi, Yrak Oguz döwleti o diýen uzak dowam etmedi. Ol asmanyň ýüzünde uzak saklanmaýan tomus bulutlary ýaly gözden ýitdi.

Seljuklar hakda aýtmaly bolsa, biz olaryň wakalaryny, döwlet işlerine başlaýyşlaryny nesip bolsa, dört ýüz otuz üçünji ýylyň beýanyndan berip başlarys.

...Bu ýyl Yraga bir dänesiniň agramy 150 ratla barabar bolan doly ýagdy. Ol ukuda ýatan öküz ýaly bolup ýere gütüläp düşýärdi.

## 421-NJI HIJRI ÝYLY
*(09.01.1030-28.12.1030 ý.)*

## ÝEMINEDDÖWLE MAHMYT IBN SÖBÜKTEGINIŇ DÜNÝÄDEN ÖTMEGINIŇ WE OGLY MUHAMMEDIŇ PATYŞALYGYNYŇ BEÝANY

360-njy ýylyň Aşura gününde dünýä inen Ýemineddöwle Abylkasym Mahmyt ibn Söbüktegin şu ýylyň dört tirkeşiginiň

ikinji aýynda dünýäden ötdi. «Ol sapar aýynyň on biri güni dünýäden ötdi» diýýänlerem bar. Onuň esasy derdi ýarawsyzlyk we içgeçmedi. Ol bu derdinden iki ýyl töweregi ejir çekdi. Şeýle bir ruhubelent bolany üçin ýoňlan mahaly hem kesele ýan bermezdi, diňe käwagtlar halys agyra çydamasa ýassyga ýaplanardy. Tebipler derman hökmünde oňa asudalygy, rahatlygy maslahat berdiler. Ol säher we giçlik adamlaryň arasynda bolup, söhbet ederdi. «Meniň emirlikden çetleşmegimi isleýärsiňizmi?» diýip, sorap durka, oturan ýerinde dünýäden ötdi.

Ölüm pillesiniň ýakyn gelendigini duýanda, Ýemineddöwle patyşalygy Balhda gezip ýören ogly Muhammede wesýet etdi. Ol Mesutdan kiçi bolsa-da, doganyndan öýkelidi. Sebäbi Muhammediň ondan eden haýyşy bitirilmän galypdy. Içigara adamlar bu pursatdan peýdalanyp, olaryň arasyna tow saldylar, atasynyň ýüregini çişirdiler. Ýemineddöwle patyşalygy ogly Muhammede wesýet etmegi rowa gördi we şeýdibem dünýäden ötdi. Ýemineddöwle ýogalandan soň, uzak Hindi topraklaryndan tä Nyşapura çenli aralykda Muhammediň adyna hutba okaldy. Oňa Jelaleddöwle lakamy berildi. Kakasynyň bellän döwlet işgärleriniň ählisi oňa hat ýollap, kakasynyň ölümini we patyşalygy oňa wesýet edişini habar berdiler. Dogany Mesudyň dawa etmesinden gorkuzyp, dessine paýtagt şähere gelmegini tabşyrdylar. Muhammet habar baran dessine Gazna gitdi we atasynyň ölüminden kyrk gün geçenden soň, ol ýere baryp ýetdi. Esgerler jem bolup, onuň tabynlygyna girdi. Ol bulara baýlykdyr pullary, nepis halatlary paýlap, hatda sahylygyň çäginden çykdy.

## ÝEMINEDDÖWLÄNIŇ KÄBIR SYPATLARYNYŇ BEÝANY

Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin akylly, dindar, haýyr-yhsanly ynsandyr. Onuň ýanynda ylym-bilimiň sarpasy

belentdi. Onuň üçin ylmyň dürli ugurlaryna degişli köpsanly kitap ýazyldy. Ýurtlaryň çar künjünden alymlar onuň ýanyna gelerdiler. Ýemineddöwle olary sylardy, öňünden çykyp, garşy alardy. Olara tagzym we yhsan ederdi. Ol örän adalatly, öz raýatlaryna köp ýagşylyk edýän bir mähirli kişidi. Köp söweş ederdi. Yzygiderli jihada ugrardy. Onuň ýeňişleri meşhurdyr we her bir adam ondan habarlydyr. Biz diňe olaryň uzak asyrlardan aşyp bize ýetenini ýatladyk. Diňe şulardan hem onuň öz janyny beýik Taňrynyň haky üçin gysganmaýşyny, onuň jihada uly ähmiýet berşini bilip bolýar.

«Dürli ýollar bilen baýlyk gazanypdyr» diýäýmeseň, onuň başga aýby ýokdur. Bir gezek oňa Nyşapurda örän baý bir adamyň ýaşaýandygyny habar beripdirler. Ýemineddöwle ony Gazna çagyryp: «Bize gelip ýetişine görä, sen kurmutymyşyň[1]» diýipdir. Ol adam: «Men asla kurmuty däl. Eger maňa şeýle diýýän bolsalar, bu atdan dynmagym we asuda-erkin gezmegim üçin ähli zada taýýar. Hudaýa şükür, mende baýlyk az däl. Men şol pullary abraýymyň artmagy üçin sowup-seçmäge taýyn. Ondan islänini alsynlar, ýöne beýle gürrüň ýaýratmawersinler» diýip, haýyş edipdir. Ýemineddöwle ondan birnäçe baýlyk alypdyr we onuň ynanç-ygtykadynyň dürslügi hakynda hat ýazyp beripdir.

Ol Aly ibn Musa Ryzanyň we Harun Reşidiň mazary ýatan Tus şäherindäki Maşat ymaratyny örän oňat edip täzeledi we timarlady. Ony ilkibada harap eden bolsa kakasy Söbüktegindi.

Ýemineddöwläniň bu işi amal etmeginiň baş sebäbi, düýşünde oňa möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp «Sen haçana çenli ýagdaýyň bolup hem, beýdip gezjek?» diýipdir. Ol şonda Maşady timarlamagyň zerurdygyna düşünipdir we harajatyny gysganman, ony derhal ýerine ýetirmäge buýruk beripdir. Ýemineddöwle nurana meňizli, owadan ýüzli, kiçi gözli, gyzylymtyl

[1] Kurmuty— karmat halkynyň wekili, ygtykady bozuk adamlar.

altynsow saçly bolup, ogly Muhammet agynjyk şonuň özüdir. Ogly Mesut bolsa dolmuş göwreli, uzyn boýly adamdyr.

## 429-NJY HIJRI ÝYLY

*(14.10.1037-03.10.1038 ý.)*

## TOGRUL BEGIŇ HORASANDAKY IŞLERINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Rukneddin Abu Talyp Togrul beg Muhammet ibn Mikaýyl ibn Seljuk Nyşapury eýeledi we onuň halkyny özüne tabyn etdi.

Seljuk oguzlary Horasanda peýda bolanda, bu ýerleri talap tozdurdylar, ýurdy weýran etdiler we ýesir-olja aldylar.

Patyşa Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegin bu habarlary eşidende, özünin hajyby Subaşynyň baştutanlygyndaky otuz müňlük söweşijisini olaryň üstüne ugratdy. Olar Gaznadan çykyp, ýola düşdüler. Horasana ýetenlerinde bu ýerdäki abat galan saraýlarda düşlemek kynçylyk döretdi. Şonuň üçin olar hem oguzlaryň harap etmeginden abat galan birnäçe binany ýumurdylar. Esgerleriň düşlemegi üçin oňaýly giňiş ýer taýýarladylar. Olar bir ýyl çemesi goranyp, dolanyp durdular. Eger olar uzaga gitse, yzyna düşerdiler, bäri öwrülseler, bular yzyna gaýdardylar. Olar şu ýylda Saragtyň eteginde saklandylar.

Merwiň eteginde Togrul bege tarapdar oguzlar bardy. Olaryň habary bulara gelip ýetdi. Gije olaryň üstüne döküldiler we gelen güni söweşe girdiler. Garaňky kemsiz gatlyşanda, Subaşy göteribilen baýlygyny we öz ýakynlaryny ýanyna alyp, bu ýerden gaçyp gitdi. Ol çadyryny we onuň içindäki ýanyp duran şemini şol durşuna galdyrypdyr. Ol muny oguzlaryň ýeňmegi üçin öňünden dilleşip edipmişin hem diýilýär. Ertesi daň agaranda, galan esgerler bu habary eşidip, dowla düşdüler we gaçyp başladylar. Oguzlar olaryň leşgergähinde bar bolan ähli

zatlary we baýlykdyr pullary aldylar. Olar bilen gelen, ýöne söweşe girmän, we gaçyp hem gitmedik hindileri öldürdiler.

Togrul begiň dogany Dawut (ol Soltan Alp Arslanyň kakasydyr) Nyşapura gije ýörişe ugrady. Abu Sehl Hamduny we onuň ýanyndakylar bu habary eşiden dessine, şäheri taşlap gaçdylar. Dawut we onuň ýanyndakylar hiç hili söweş etmezden, şähere girdiler. Olar hiç zady hiç hili üýtgetmediler, ýerinden gozgamadylar, hiç närsä azar bermediler, el gatmadylar. Bularyň yzyndan Togrul beg, onuň yzysüre bolsa şol wagtky halypanyň çaparlary şähere ýetip geldiler. Halypa Reýdäki, Hemedandaky, Jebel ýurtlaryndaky walylara1 hat ýazyp, olaryň talaňçylykdan, adam öldürmeden we weýrançylykdan saklanmagyny wagyz edýärdi. Oguzlar ilçileri hormatlap, olara tagzym etdiler we sözlerini kabul etdiler.

Mundan köp wagt geçmänkä, Dawut ýurt talamak hakda Togrul begden geňeş sorady. Emma Togrul beg talaňçylyga garşy boldy we oraza aýydygy üçin Dawudyň özi hem bu niýetinden saklandy. Oraza gutaran dessine, Dawut çapawulçylyk etmegi ýüregine mäkäm düwdi. Emma Togrul beg halypanyň iberen ilçilerini we hatyny delil edip, onuň beýle hereketine böwet boldy. Emma Dawut oňa ähmiýet bermän, talaňçylyga bolan pikirini has berkitdi. Şonda Togrul beg bilindäki pyçagyny sogrup: «Hudaý bar, indi çapawullyk etseň, özümi öldürerin» diýdi. Şeýdip Togrul beg inisini bu pikirinden dändirdi. Emirlik howlusynda[2] Togrul beg, patyşalyk kürsüsinde bolsa Mesut oturdy. Ol Horasan walylarynyň kadasyna laýyklykda hepde-de iki gün, özlerine zulum-sütem edilenleriň, haky iýlenleriň arz-şikaýatyny diňlärdi we adalatly höküm çykarardy. Ol dogany Dawudy Saragta ugratdy. Dawut bu ýeri öz tabynlygyna birikdirdi. Soňlugy bilen ol Horasanyň Balhdan beýleki

[1] Waly — iş dolandyryjy, welaýat häkimi.

[2] Döwleti dolandyryş köşgi göz öňünde tutulýar.

ýerlerini eýeledi. Muňa garamazdan, bu ýerdäkiler bilmediksirän bolup, patyşa Mesudyň adyna hutba okaýardylar.

Bular üç dogandyr: Togrul beg, Dawut we Beýgu. Ybraýym Ýynal bolsa Togrul beg bilen Dawudyň enebaşga doganlarydyr.

## 430-NJY HIJRI ÝYLY
*(03.10.1038-22.09.1039 ý.)*

## PATYŞA MESUDYŇ GAZNADAN HORASANA BARMAGYNYŇ WE SELJUKLARY OL ÝERDEN ÇYKARMAGYNYŇ BEÝANY

Şu ýylyň sapar aýynda patyşa Mesut Gaznadan Balha gitdi we ogluny Han patyşalarynyň biriniň gyzyna öýerdi. Ol bular bilen öz ýurdunyň bir gyrasyny gorap saklaýardy. Ol Horezmi Şamälik Jündä mülk ýer hökmünde berdi. Şamälik bu ýerlerde täsirini berkitmek üçin Horezmşa Ysmaýyl ibn Altyndaşyň bolýan ýerine gitdi. Öz adamlaryny jemledi. Horezmşa Şamälik bilen söweşe girdi. Söweş bir aýlap dowam etdi. Soňra Ysmaýyl ýeňlip gaçdy we seljukly Togrul begden hem-de dogany Dawutdan pena sorady. Mälikşa bolsa Horezmi eýeledi.

Mesudyň Gaznadan eden ýörişi dört ýüz ýigrimi sekizinji ýylyň başlarynda bolup geçdi. Bu ýöriş üçin oňa oguzlaryň eden-etdilikleri, ýurdy talap, onuň ilatyny tozduryşlary, adam öldürmeleri, ýesir almalary, zorluk ulanmalary ýaly habarlaryň gelip durmagy sebäp boldy. Ol demini-dynjyny alýança, Balhda düşledi. Horezm we Han patyşalygynyň işinden dynansoň, Subaşy hajyby goşun taýdan güýçlendirip, ony oguzlar bilen söweşmek we olary köki-damary bilen ýok etmek ýaly möhüm işe gönükdirdi. Çünki olary boýun egdirer ýaly güýç-kuwwat entek onda ýokdy. Şonuň üçinem oguzlary ýeňmek höwesini ol adatdaky ýaly yza tesdirip gelýärdi. Mesut ibn Söbükteginiň

hut özi Balhdan çykyp, Saragta hüjüm etdi. Oguzlar onuň bilen garpyşmakdan saklanyp, hile-mekirlige ýüz urdular. Merw bilen Horezmiň arasyndaky ummasyz çöllüge siňip garaşdylar. Mesudyň esgerleri olary yzarlap ýörkä, oguzlaryň başga bir taýpasyna gabat gelip, olar bilen söweşdiler. Birnäçesini öldürip, olardan üstün çykdylar.

Soňra şu ýylyň meret aýynda Mesudyň hut özi olar bilen söweşe girdi. Bu uruşda ol özüni görkezip, oguzlary bu ýerden uzaklaşdyrdy. Olardan bir müň bäş ýüz töweregi adam öldürildi. Galanlary bolsa özleriniň penakäri saýýan şol çöllügine siňip gitdiler.

Nyşapuryň ili hem bu ýerdäki oguzlardan öç alyp, olaryň käbirini öldürdiler. Galanlary çöllükdäki dost-ýarlarynyň ýanyna gaçyp gitdi. Mesut olaryň yzyndan kowgy ibermek we nirede bolsa tapyp, ýok etmek üçin täze ýygyn toplamak we olary kemsiz taýynlamak üçin Hyrada gaýtdy. Togrul beg bolsa Mesutdan uzakda galan etraplara dolanyp, olary talap tozdurdy. Adamlar çapawulçylykdan dyndyk diýip ýaňybir öýlerine köwlenipdiler. Şonuň üçinem talaňçylaryň eline oljanyň ummasyz mukdary düşdi. Şol pursat hem Mesut olary tutmak üçin ýola düşdi. Golaýa gelen dessine, Togrul beg onuň öňünden gaçyp, Üstüwada ornaşdy. Şol wagt gyş pasly bolany üçin ýerde ýatan gar we howanyň sowuklygy bizi olardan gorar diýip pikir edýärdiler. Emma Mesut olary idemesini togtatmady. Togrul beg bu ýerleri taşlap, dag ýollarynyň üsti bilen Tusa aşdy. Şol ýerdäki dar we agyr ýollary aşyp, goranmak üçin amatly daglarda gizlendi. Mesut öz weziri Ahmet ibn Muhammet ibn Abdylsamediň ýanyna köp sanly esgeri goşup, olaryň yzyndan iberdi. Olar atly goşun bilen birnäçe menzilleri sökdüler. Togrul beg olaryň golaýa gelendigini görende, bu ýerleri taşlap, Abywert sebitlerine gitdi.

Mesut mundan öň Togrul begiň şol tarapa gidäýmeginiň ahmaldygy üçin ol ýere bir bölek goşun iberipdi. Togrul beg onuň bilen duşuşdy we söweşe girdi, olardan üstün çykdy.

Mesudyň ýaranlaryndan birnäçe adam Togrul begden aman sorady. Ol özüniň ähli tarapdan idelýändigini bildi we gaýtadan Horezme barýan çölleriň jümmüşine siňdi.

Oguzlar Horasany taşlap gidenlerinde, Mesut Tus daglaryndaky mäkäm bir dag beýikligini eýelemek üçin hüjüme geçdi. Öň bu ýeriň ilaty oguzlar bilen dilleşip, birnäçe bozgakçylyk, zaýaçylyk edipdiler. Oguzlar bu ýeri taşlap gidenlerinde, goranmak üçin amatlydygyna we ýollaryň agyrdygyna bil bağlap, bu ilat şol dagda goranmaga başlady. Mesut olaryň üstüne atly goşun iberdi. Olaryň peýda bolanyna köp wagt geçmesede, dessine hüjüme geçdiler. Söweşiji ýerli ilat bolsa çagalaryny we malyny-mülküni taşlap, şol ýerdäki belent dag depesine çykdylar, garşylyk görkezmäge başladylar. Mesudyň esgerleri olaryň baýlyklaryny hem-de ätiýaçlyk azyk gorlaryny we başga-da birnäçe zatlaryny olja aldylar.

Soňra Mesut olary dagyň depesinde gysaja salmak üçin öz ýoldaşlaryna buýruk berdi we söweşiň öňüni özi başlady. Olar adamlary çar tarapdan gysmaga başladylar. Şol ýerde entek görlüp-eşdilmedik söweş boldy. Ol wagt gyş pasly bolany üçin dagyň depesi ak gar bilen kemsiz örtülendi. Howa erbet sowukdy. Şonuň üçinem dagyň töwereginde we uruş bolan ýerde Mesudyň esgerleriniň we harby toparlarynyň örän köpüsi sowukdan heläk boldy. Emma barybir olar ýeňiş gazandylar. Şol dag depesini eýeläp, ýerli ilatyň örän köpüsini öldürdiler. Galanlaryny bolsa ýesir edip sürdüler. Bu sebitleri olardan doly arassaladylar. Musulmanlar bolsa olaryň şerinden dynyp, asudalyga ýetdiler. Mesut dört ýüz otuz birinji ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda demini-dynjyny almak üçin Nyşapura ýöneldi. Oguzlaryň yzyndan kowga gitmek we olary şol penalanýan çölünden gözläp tapmak üçin, ýazyň gelerine garaşdy.

Oguzlaryň Horasandan çykarylmagyna sebäp bolan bu söweş dört ýüz otuz birinji ýylda bolup geçdi.

# 432-NJI HIJRI ÝYLY
*(11.09.1040-30.08.1041 ý.)*

## SELJUK DÖWLETINIŇ DÖREMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mikaýyl ibn Seljuk ibn Dukagyň iki ogly Soltan Togrul beg Muhammet bilen onuň inisi Çagry beg Dawudyň patyşalyk hökümi güýçlendi. Biz ilki bilen olaryň ata-babalarynyň, soňra bolsa özleriniň hal-ýagdaýyny, olaryň bu soltanlyk mertebesine ýetýänçä nähili günleri başdan geçirendigi ýatlap geçeris. Men öň bularyň taryhyny ýyllaryň geliş tertibi boýunça-da ýatlapdym. Emma men bu ýerde olary bir ýüpe, bir ugra düzüp, jemläp beýan ederin, çünki bu örän oňatdyr. Bular hakda men, ine, şeýle diýýärin:

Ilki Dukak hakynda aýtsak, bu sözüň manysy «Täze ýaý[1]» diýmekdir. Ol gaýduwsyz, ugurtapyjy adamdyr. Oguz türkmenleriniň serkerdesi olaryň arasynda sözi diňlenilýän, aýdan zadynyň tersine gidilmeýän ýa-da buýran işi aýdylyşy ýaly ýerine ýetirilýän şeýle täsirli adamdy.

Günleriň birinde türkmenleriň Beýgu diýilýän patyşasy esgerlerini jemläp, yslam ýurtlaryna söweşe gidermen boldy. Emma Dukak muňa garşy çykdy. Ikisiniň arasyndaky bu jetleşik uzaga çekensoň, türkmenleriň patyşasy gödek söz diýip, onuň göwnüne degdi. Dukak bolsa eli bilen onuň ýüzüne urdy we ýüzüniň hamyny sypjyrdy. Türkmen patyşasynyň hyzmatkärleri munuň daşyny gallap, tutjak boldular. Emma Dukak olara baş bermedi we öz tarapdarlary bilen söweşe girdi. Soňra

---

[1] Dukagyň ady dürli çeşmelerde dürlüçe beýan edilipdir. Onuň adynyň arapça manysy القوس الجديد– täze ýaý we – القوس الحديد-demir ýaý ýaly berilýär. Bu ýerdäki ýeke nokadyň tapawudy atlaryň dürli beýan edilmegine getirýär. Emma Ýusup ibn Taňryberdiniň «Röwşen ýyldyzlar» eserinde «Dukak» diýen türkmen adam adynyň ýokdugy, arap çeşmelerinde onuň nädogry ulanylýandygy, aslynda «Dokmak, Tokmak» bolmalydygy beýan edilipdir.

iki tarap aýrylyşdy we bu ikisini ýaraşdyrdylar. Şondan soň Dukak onuň ýanynda saklandy (gulluga durdy) we onuň Seljuk atly ogly boldy.

Seljuk ulaldygysaýy, onda başarjaňlyk alamatlary, ýolbaşçylyk ukyby has aýdyň peýda bolup başlady. Türkmenleriň patyşasy ony ýanyna çekdi we öňe çykardy. Oňa Subaşy lakamyny berdi. «Subaşy» sözi «goşunbaşy, goşun serkerdesi» diýmekdir. Seljugyň goşunbaşylyk ukybyny, adamlaryň arasyndaky abraýyny we olara diýenini etdirişini gören patyşanyň aýaly patyşany gorkuzyp, Seljugy öldürmeklige öjükdiripdir, gününe goýmandyr.

Seljuk bu habary eşidýär we ýanyndaky barça jemagaty hem-de sözüne gulak asýanlary jemläp, olary uruş meýdanyndan yslam diýarlaryna äkidýär. Iman bagtyýarlygyna eýe bolup, musulmanlar bilen goňşy oturýar. Ol Jent sebitlerinde ornaşýar. Onuň mertebe-derejesi, ýolbaşçylyk ukyby, ýurt dolandyryjylyk başarnygy gün-günden artyp başlaýar. Ol kapyr türkler bilen dynuwsyz söweş alyp barypdyr. Sebäbi olaryň patyşasy şol ýerlerde ýaşaýan musulmanlardan salgyt ýygnaýan ekeni. Seljuk kapyr türk patyşasynyň bu ýerlerdäki ähli wekilini kowýar we ol sebitleri musulmanlar üçin arassalaýar.

Soňra käbir Samanly patyşalary öz topraklarynyň Harun ibn Ilek han tarapyndan basylyp alnandygy üçin kömek sorap, Seljugyň ýanyna çapar ýollaýar. Seljuk ogly Arslanyň baştutanlygyndaky öz adamlaryny ýardam-kömek üçin ugradýar. Bu kömek bilen has güýçlenen Samanly patyşasy Haruny ýeňýär. Onuň eýelän zatlaryny we ýerlerini yzyna gaýdyp alýar. Arslan bolsa kakasynyň ýanyna dolanýar.

Seljugyň Arslan, Mikaýyl, Musa atly ogullary bolupdyr. Ol bir ýüz ýedi ýaşynda Jentde dünýäden ötýär we şol ýerde hem jaýlanýar. Yzynda perzentleri galýar. Mikaýyl käbir kapyr türk ýurtlaryna çozuş edipdir, olar bilen söweş alyp barypdyr. Söweşiň başyny elmydama özi çeker ekeni. Ol beýik Taňrynyň

ýolunda şehit bolýar. Onuň yzynda Beýgu, Togrul beg Muhammet, Çagry beg Dawut atly ogullary galýar. Bularyň taýpatopary olaryň diýenini edipdir. Ýagşyny ündän ýerinde bitiripdirler, ýamany gadagan edende saklanypdyrlar. Olar Buharanyň ýigrimi parsahlyk golaýynda mesgen tutdular. Emma Buharanyň emiri bulardan gorkusyna olara gün bermedi, olary heläk etmek, gyrmak isledi. Bular Türküstanyň patyşasy Bugra handan pena sorap, şonuň ýurduna göçdüler we şol ýerlerde ornaşdylar. Togrul beg bilen inisi Dawudyň arasyndaky karara görä, bu ikisi hiç wagt Bugra hanyň ýanyna bile barmaly däldiler. Eger biri Bugra hanyň ýanyna gitse, beýlekisi hökman ilbaşynda oturmalydy. Sebäbi olar Bugra hanyň mekirligi, bu ikisini bir ýere jemläp, tutduryp, tussag etdirip, ili başsyz goýmagyň mümkindiginden çekinýärdiler. Bugra han bu ikisini öz huzurynda bile görmek üçin her näçe jan etse-de, olar muny kabul etmediler. Şonda Bugra han gahar edip, Togrul begi tutdurdy we ýesir etdi. Dawut öz taýpasyny we yzyna eýerýänleri jemläp gozgalaň etdi, agasyny halas etmek üçin Bugra hanyň üstüne hüjüme gaýtdy. Bugra han hem munuň üstüne özüniň esgerlerini sürdi. Iki tarap ýowuz döwüşdi. Soňra Bugra hanyň esgerleri ýeňlip, gaçyp başlady. Olardan örän köp adamyň jany ahyrýete iberildi. Dawut agasyny ýesirlikden halas etdi we bu ýerleri taşlap, ýene-de Buharanyň golaýyndaky Jent sebitlerine tarap öwrüldi. Şol ýerde hem ornaşdy.

Samanly döwleti dargap, Ilek han Buharany eýeläninden soňra, Dawut bilen Togrul begiň agasy Arslan ibn Seljugyň Mawerannahrdaky täsiri has güýçlendi. Bu wagtlar Arslan hanyň tussaglygynda ýatan Alytegin gaçmagy başardy. Ol özüni Buhara atdy we bu ýerleri eýeledi. Arslan han Ilek hanyň süýtdeş doganydyr. Alytegin Arslan ibn Seljuk bilen ylalaşdy we bilelikde goranmaga başlady. Bularyň işi indi Ilek han üçin has-da çylşyrymlydy. Arslan hanyň dogany Ilek han ýüregini

bire baglap, olaryň üstüne çozuş etdi. Emma ýeňlişe duçar boldy. Ol ikisi bolsa Buharada galdy.

Alytegin Ýemineddöwläniň ýurduna goňşuçylykda oturan ýerinden oňa köp ters işleri ederdi. Onuň Türk patyşalaryna yzygiderli gatnap duran ilçileriniň ýoluny beklärdi.

Öň ýatlap geçişimiz ýaly, Mahmyt Amyderýadan geçende, Alytegin Buharany taşlap, gaçyp gitdi. Arslan ibn Seljuk bolsa öz jemagatyny ýanyna alyp, Mahmytdan goranmak üçin şol ýerdäki sähralyga özüni atdy. Seljuklaryň güýç-kuwwatyny, olaryň edermenligini, gaýduwsyzlygyny we adam sanynyň köplügini görende, Ýemineddöwläniň ýüregine ömründe bolmadyk gorky ornaşdy. Ol Arslan ibn Seljuga hat ýazyp, ony öz tarapyna çekmäge synanyşdy, onuň ýüreginde bu pikire bolan höwes döredi. Arslan ibn Seljuk onuň ýanyna gelen dessine Ýemineddöwle ony tutdurdy we salymyny bermän, galadaky zyndana atdyrdy. Olaryň öýlerini talady. Ýemineddöwle onuň maşgalasyny we taýpasyny näme etmelidigi hakda maslahat soranda, Mahmydyň iň ýakyn adamlarynyň biri Arslan Jazyp ýaý atyp bilmezlikleri üçin olaryň başam barmaklaryny çapmaklygy ýa-da hemmesini Amyderýa gark etmekligi maslahat berýär. Ýemineddöwle oňa: «Seniň ýaly doňýüregi görmändim» diýipdir. Soňra olary Amyderýadan geçirip goýberýärler.

Horasan sebitlerine dagan bu adamlara salgyt salnypdyr. Patyşanyň wekilleri salgyt ýygnanda, olara sütem edipdir. Soňabaka bularyň elleri olaryň ähli maly-mülküne we gyzyna-ogluna uzap başlady. Bu ýagdaýa çydam etmedik iki müň adam olardan bölünip Kermana, bu ýerden hem geçip, Yspyhana gitdiler. Soňra bu seljuklylar bilen Yspyhanyň häkimi Alaeddöwle ibn Käkeweýhiň arasynda öň ýatlap geçen dartgynly söweşimiz bolup geçdi. Soňra olar Yspyhany hem taşlap, Genjä gitdiler. Ine, bular Arslanyň adamlarydyr.

Emma onuň doganynyň perzentleri hakynda aýtsak, Buharanyň häkimi Alytegin olary ele salmak üçin bir hile-pirim

oýlady. Ol Togrul beg Muhammediň we Çagry beg Dawudyň agalarynyň ogly Ýusup ibn Musa ibn Seljugyň ýanyna çapar iberip, bol haýyr-yhsanlary wada berdi. Göwnüniň küýsändigi üçin öz huzuryna gelmegini haýyş etdi. Ýusup onuň ýanyna geldi. Alytegin ony öz welaýatyndaky ähli türkmenleriň serkerdesi diýip yglan etdi. Örän köp mülk ýerlerini sowgat berdi we oňa Emir Ynanç Beýgu diýen lakamy dakdy. Bularyň arasyndaky çaparyň bitirmeli işi agalarynyň ogly Togrul beg bilen Dawudy ýeňmek üçin Ýusubyň adamlaryna we taýpa-toparyna kömek etmekdi.

Munuň gizlin maksadyny bilensoň, Ýusup özünden islenilen zatlaryň hiç birine hem boýun bolmady. Alytegin özüniň Ýusup hakyndaky mekirliginiň ýol almandygyny, maksadyna ýetmändigini bilende, ony öldürmeklige buýruk berdi. Şeýdip Ýusup öldürildi. Onuň ölüm jezasyny Alyteginiň emirleriniň biri Alp Gara ýerine ýetirdi.

Munuň öldürilmegi Togrul bege, inisi Dawuda we olaryň taýpasyna örän agyr degdi. Olar matam lybasyny geýdiler. Ar almak üçin jemläbilen türkmenlerini bir ýere jemlediler. Alytegin hem goşun jemläp, bularyň üstüne ugrady. Bu söweşde Alyteginiň esgerleri masgaraçylykly ýeňlişe sezewar boldular.

Dört ýüz ýigriminji ýylyň aşyr aýynyň birinji güni, şu urşuň öňüsyrasy Soltan Alp Arslan ibn Dawut dünýä inipdi. Şonda onuň dogluşyny mübärekläp, onuň täleýini ýagşylyga ýorupdylar.

Dört ýüz ýigrimi birinji ýylda Togrul beg bilen Dawut agalarynyň ogly Ýusuby öldüren Alp Garanyň üstüne hüjüm edip, ony öldürdiler. Alyteginiň esgerlerinden bir uly topar bilen duşuşyp, söweşe girdiler. Olardan müň töweregi adamy öldürdiler. Muňa gany gaýnap joşan Alytegin esgerlerini, ogullaryny we ýarag göteribilen ýaranlarynyň ählisini jemläp, seljuklylaryň üstüne çar tarapyndan hüjüme geçdiler. Örän dartgynly geçen bu söweşde seljuk esgerlerinden köp adam öldüril-

di. Olaryň baýlyklary we ogul-gyzlary ýesir-olja alyndy. Aýallary we ýaş bala-çagalary ýesir edip sürdüler. Mundan soň olara Horasana aşmak zerurlygy ýüze çykdy.

Olar Amyderýadan geçenlerinde, Horezmşa Harun ibn Altyndaş ylalaşykda we agzybirlikde bir il bolup ýaşamak üçin olary ýanyna çagyrdy. Togrul beg we onuň iki dogany Dawut bilen Beýgu onuň ýanyna gitdiler. 426-njy ýylda olar Horezmiň eteginde çadyr dikdiler. Horezmşanyň çakylygyna ýürekden ynandylar we özlerini örän arkaýyn duýdular. Emma Horezmşa ähtiýalanlyk bilen hereket etdi we Emir Şamäligi olaryň üstüne öjükdirdi.

Harunyň hem birnäçe esgerini ýanyna alyp, Şamälik öz goşuny bilen duýdansyzlykda seljuklylaryň üstüne döküldi. Olaryň köpüsini öldürdi, ýesir aldy, talap tozdurdy. Bu hyýanatçylygyň üsti bilen olar örän erbet ýagdaýa düşdüler we ählisi jem bolup, Horezmi taşlap, Nusaý sähralygyna tarap gitdiler. Olar şu ýylyň içinde Merwe hüjüm etdiler. Ýöne hiç kime zulum-sütem, jebir görkezilmedi. Olaryň ogul-gyzlary, ýaş çagalary bolsa entegem ýesirlikdedi.

Öň ýatlap geçişimiz ýaly, bu wagtlar patyşa Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegin Tabarystandady we ol ýerleri basyp alypdy. Bular[1] oňa hat iberdiler we aman soradylar. Özleriniň diňe ýurt içinde bozgakçylyk edýänleriň üstüne hüjüm edýändiklerini, adamlary olaryň zulum-süteminden goraýandyklaryny, diňe şolar bilen söweşýändiklerini, eger aman berip, öz ýanyna kabul etse, islendik adamyň garşysyna, islendik söweşde onuň iň uly ýardamçysy boljakdyklaryna kepil geçdiler. Emma Mesut ilçileri tutdurdy we öz hajyby Ildogdynyň[2] hem-de beýleki ekabyr emirleriň baştutanlygynda san-sajaksyz goşun jemläp, olaryň üstüne ugratdy.

---

[1] Seljuklar bolmagy ahmal.

[2] Käbir golýazmada onuň ady «Begdogdy» görnüşinde berlipdir.

Olar şu ýylyň meret aýynda Nusaýda duşuşdylar we söweşe girdiler. Söweş örän dartgynly boldy. Seljuklar ýeňlişe sezewar boldy. Olaryň ähli baýlygy talandy. Soňra Mesudyň esgerleriniň arasynda olja dawasy ýüze çykdy we bu çekeleşik soňlugy bilen esgerleriň öz içindäki ölşüge getirdi.

Edil şol pursat ýeňlişe sezewar bolan seljuklylara Dawut şeýle diýdi: «Esgerler (Mesudyň esgerleri) eýýäm düşländirler we söweşden dynyp sowaşandyrlar. Kowgy-idegden ýaňa arkaýyndyrlar. Edil şu wagt olaryň üstüne hüjüm etsek, belki, biz öz maksadymyza ýeteris».

Olar yza döndüler we özara oňşuksyzlyk zerarly öz-özlerini öldürişip ýören esgerleriň üstüne dökülip, olary paýhynlamaga başladylar. Örän köpüsini gylyçdan geçirdiler, ençemesini ýesir etdiler. Ellerinden giden ähli baýlyklaryny we ýesir edilen adamlaryň hemmesini yzyna gaýtaryp aldylar. Esgerler bolsa bu wagt Nyşapurda gezip ýören patyşa Mesudyň ýanyna masgaraçylykly ýeňliş bilen dolandylar. Mesut şonda seljuklylaryň öz raýatyna girmek hakynda iberen haýyşlaryny ret edendigine çyndan ökündi. Öz esgerleriniň ýüreginde olardan bolan gorkynyň mäkäm ornandygyny bildi. Olar bu söweşdäki ýeňşe, gör, nähili tama edipdiler ahyry! Seljuklar güýçli gorkudan soň, nädip soltan esgerleri bilen ýüzbe-ýüz durup söweşmäge ýürek etdilerkä? Mesut bu hadysanyň dowamynyň bolmagyndan gorkup, seljuklylaryň ýanyna çapar iberdi hem-de olary gorkuzdy we olara haýbat atdy. Togrul beg özüniň namaz ymamyna: «Soltana şu sözleri ýaz: «Eý mülk we döwlet eýesi bolan Alla, Sen islän kişiňe mülk berýärsiň we islän kişiňden ony gaýtaryp alýarsyň. Sen islän kişiňi eziz, güýçli, isläň kişiňi bolsa harzelil edýärsiň. Ähli ýagşylyk ýalňyz seniň eliňdedir. Sen ähli zady başarýarsyň» diýip aýt» diýipdir.

Ymam onuň aýdanlaryny ýazypdyr. Bu jogap haty Mesuda getirilip berlende, haýbatdyr howpuň olary gorkuzyp bilmejekdigine göz ýetiren patyşa ýanyna gymmatbahaly we nepis ha-

latlar goşulan, içi owadan wadalardan doldurylan haty seljuklylara ýollapdyr. Amyderýanyň kenarynda ýerleşýän kenarýaka Amula göçüp barmaklaryny sorapdyr. Dehistany Dawuda, Nusaýy Togrul bege, Farawany (Parawa) Beýguwa mülk ýeri hökmünde beripdir we olaryň her birine dehkan[1] diýen lakamy beripdir.

Emma bular gelen ilçä hem-de sowgatlara känbir ähmiýet bermediler. Olar ilçä: «Eger soltanyň biziň üstümizden hökümli bolup galjakdygyny bilsek, biz oňa tabyn bolardyk. Ýöne häzir bilýän zadymyz, oňa eden öňki işlerimiz we hereketlerimiz sebäpli ele salan dessine bizi heläk etjekdir. Şonuň üçinem biz oňa tabyn bolmarys we oňa asla ynanmaýarys» diýdiler. Soňra şeýle diýdiler: «Biziň adamzady heläk etmeklige, gyrmaklyga mätäçligimiz ýok. Biziň esasy maksadymyz soltandan adalaty talap etmäni başarmakdyr. Şondan başga zat däldir». Soňra olaryň ýollan baýlyklaryny taladylar. Emma ilçini ugradanlarynda, özleriniň Mesuda tabyndyklaryny we şer işleri etmekden saklanýandyklaryny, munuň deregine bolsa agalary Arslan ibn Seljugy tussaglykdan boşatmagy haýyş edýändiklerini ýazyp goýberdiler. Elbetde, bularyň ählisi oňa garşy aldawhile ulanmakdy.

Mesut bularyň haýyşyny kabul etdi we Arslany öz ýanyna Balha getirtdi. Oňa agasynyň ogullaryna hat ýazmagy, olaryň paýlanylan ýerde ornaşmagyny we zulum-sütem etmekden saklanmagyny buýurdy. Bu zatlary bitirmekleri üçin olaryň ýanyna ilçi ugratdy. Ilçiniň eline haty we ýene bir buraw berip, bularyň ählisini olara gowşurmagy tabşyrdy. Ilçi seljuklylaryň ýanyna baryp, hat bilen burawy gowşuranda, olaryň Mesuda bolan ýigrenji artdy, aşa gazaba mündüler. Ýene-de ilkibaşdaky ýagdaýlaryna – çapawulluga we talaňçylyga, şer işleri et-

[1] Dehkan — aslynda bu söz maly-mülki bolan gurply mülkdar adamy aňladýar. Emma her döwürlerde ol täze mana, täze öwüşgine eýe bolupdyr. Häzirki döwürde ol daýhan, zähmetkeş manysynda bellidir.

meklige başladylar. Mesut Arslany öňki tussaghanasyna yzyna saldy, özi bolsa Gazna gitdi. Öň ýatlap geçişimiz ýaly, seljuklylar mundan soň Balh, Nyşapur, Tus we Jüzjan şäherlerine hüjüm etdiler.

Dawut Merw şäherinde ornaşdy. Soltan Mesudyň esgerleri mundan yzly-yzyna ýeňildi. Onuň adamlarynyň ýüregini seljuklardan dörän gorky kemsiz eýeläpdi. Esasanam Gaznanyň uzaklygy sebäpli onuň oruntutarlarynyň we wekilleriniň kömek-ýardam sorap, ýagdaýdan şikaýat edip, seljuklaryň ýurtda edýän işlerini ýatlap, yzygider ýazýan hatlary, şeýle gorkynyň has möwjemegine sebäp bolýardy. Mesut bu hatlaryň hiç birine jogap bermän, Horasan we seljukly meselesinden ýüz öwrüp, bar ünsüni Hindistana gönükdirdi.

Olaryň Horasandaky işleri berkäp, ýagdaýlary mäkämleşende, Mesudyň wezirleri we döwlet işgärleri jem bolup geňeş etdiler. Olar: «Horasana az üns bermeklik seljuklylaryň bagtynyň açylmagyna sebäp bolar. Olar ähli ýurdy eýelärler we öz patyşalygyny gurarlar. Biz we başynda akyly bolan islendik adam, ýagdaýy şu durşuna goýsaň, olaryň tiz wagtda Horasany eýelejekdiklerini bilýändir. Soňra ol ýerlerden Gazna hüjüm ederler. Ana şonda biziň hereketimiz hiç hili peýda bermez. Bu wagtkymyz ýaly işsiz oturmaklyga, oýun, güýmenje, aýdym-saz bilen gün geçirmeklige asla mümkinçilik döremez» diýdiler. Mesut şondan soň ukusyndan, gaflat irkilmesinden oýanyp, dogry ýolda gözüni açdy. Öz hajyby Subaşy ady bilen tanalýan iň atly emirini köp sanly esger bilen Yrak oguzlarynyň üstüne ugratdy. Mardawij ibn Belid atly uly emirini hem onuň ýanyna goşdy. Biz şu wakalary öň ýatlap geçipdik.

Subaşy emirem bolsa, gorkak adamdy. Ol Hyratda we Nyşapurda saklanyp, birdenem Dawudyň oturýan ýeri Merwe duýdansyzlykda çozuş etdi. Ol şeýle bir yhlas bilen hereket etdi welin, bary-ýogy üç günüň içinde Merwe ýetdi. Emma goşundaky esgerler we maldyr ulaglar ýadawlykdan ýaňa tapdan

gaçypdylar. Dawut olaryň öňünden gaçyp, yza çekildi. Esgerler muny görüp, ony kowalamaga başladylar. Jüzjanyň häkimi Dawudyň üstüne hüjüm etdi. Dawut onuň bilen söweşdi. Jüzjanyň häkimi öldürilensoň, esgerler çar ýana pytrap, gaçmaga başladylar. Munuň öldürilmegi Subaşa we onuň ýanyndaky ähli adama ýiti täsir etdi. Olary göwnüçökgünlik we sussypeslik gurşap aldy. Seljuklaryň bolsa ruhy göterilip, söweşe bolan hyjuwy artdy.

Dawut Merwe dolandy we bu ýeriň ilatyna örän oňat garaşyk etdi.

428-nji ýylyň rejep aýynyň ilkinji anna gününde onuň adyna hutba okaldy we şol hutbada oňa «Melikul muluk[1]» diýen lakam berildi. Subaşy gün yzyna gün geçirip, ol menzilden bu menzile aşyp ýördi. Seljuklar bolsa tilki sapalygyny atyp, ony aldaýardylar. Käbir adamlar: «Ol muny gorkusyndan we gowşaklygyndan şeýdipdir» diýse, başga birleri: «Seljuklar onuň ýanyna adam iberip, ony öz tarapyna çekipdirler we yrypdyrlar, şonuň üçinem ol seljuklylardan arkaýyn bolup, olaryň yzyna düşüp ýöripdir» diýýär. Anygyny Alla bilýär. Subaşy bilen onuň esgerleriniň hem-de seljuklylaryň Horasanda – talanyp tozdurylan we al ganlar dökülen diýarda uzak saklanmagy zerarly Mesudyň ýörite goşunynyň azyk-owkady azalyp başlady. Seljuklar bu zatlar üçin känbir alada batmaýardy. Sebäbi olar az zat bilen kanagat etmegi başarýan halk. Subaşy ahyry gabawdyr kowgyny bes edip, söweşe girmäge mejbur boldy. Ol Dawuda tarap ýöneldi. Dawut hem goşunlaryny öňe sürdi we bular dört ýüz ýigrimi sekizinji ýylyň meret aýynda Saragtyň eteginde duşuşdylar. Dawudyň Sowmagy atly münejjimi bolup, ol söweşi nähili alyp barmalydygy hakynda Dawuda maslahat berdi we ýeňşiň oňa (Dawuda) miýesser etjekdigine kepil geç-

---

[1] Melikul-muluk – patyşalaryň patyşasy.

di. Eger şu ädiminde, şu pikirinde ýalňyşsa, ganynyň dökülmegine ygtyýar berýändigini aýdyp, oňa güwä geçdi.

Iki tarapyň esgerleri söweşe girdiler. Subaşynyň esgerleri bulara döz gelibilmän, masgara bolup yza çekildiler. Wejeraçylykly ýeňliş bilen Hyrada dolandylar. Dawut bilen onuň esgerleri tä Tusa ýetýänçäler, olary kowalap we talap gitdiler. Soň şol ýerde kowgudan saklanyp, ähli oljalary alyp, yza dolandylar. Ine şu söweş hem seljuklylaryň gaznalylardan soňra Horasany eýelemegine getirdi. Soňra bular ýurduň çar künjüne ýaýyldylar. Togrul beg Nyşapura bardy we Şadyýahda mesgen tutdy. Meret aýynda onuň adyna hutba okaldy we oňa «Soltanul-muazzam[1]» diýen lakam berildi. Olar öz oruntutarlaryny ýurduň çar sebitlerine iberdiler.

Mundan soň Dawut Hyrada ýöriş etdi. Subaşy bu ýerini taşlap, Gazna aşdy. Mesut oňa erbet käýedi we ýanynda saklap: «Sen tä duşmanyň güýji köpelip, olaryň gözbaşy durlanýança, uzak wagtlap bihuda entäp, esgerleriň ählisini heläk etdiň. Olara (seljuklylara) ýurduň islendik ýerinde islän zadyny etmäge mümkinçilik döretdiň» diýdi. Soňra Mesudyň özi mejbury ýagdaýda Horasana ýörişe ugramaly boldy. Ol goşun jemläp, olara puldur baýlyk baryny harçlady. Asman-zeminiň arasyny dolduryp duran örän uly goşun we köp sanly pil bilen Gaznadan ugrap, Balha ýetdi. Dawut hem onuň üstüne çozmagy niýet edip, Mesuda golaý ýerleriň birinde düşledi. Bir gün ol az sanly atly goşuny bilen gapyllykda ýatan Mesudyň esgerlerini darap, Mesudyň patyşalyk howlusynyň agzyndaky äpet pili we birnäçe tohum atlary talap, alyp gaýtdy. Mundan soň onuň özüne bolan gadyr-ynamy artdy we esgerleriniň arasyndaky hormaty has ýokary galdy.

429-njy ýylyň oraza aýynyň birinji gününde Mesut yzdan gelýän goşundan daşgary ýüz müň sany atly söweşijisini ýany-

---

[1] Soltanul-muazzam – at-owazaly, şöhratly soltan.

na alyp, Balhdan Jüzjana ugrady. Ol bu ýeriň seljuklylar tarapyndan bellenilen walysyny tutup, ony asyp öldürdi. Soňra bu ýerden Merw Şahyjana gitdi. Dawut bolsa Saragta ýöneldi. Ol bu ýerde iki dogany Togrul beg we Beýgu bilen birleşdi. Mesut ýaraşyk baglaşmak üçin olaryň ýanyna birnäçe ilçi ugratdy. Hatyň jogabyny gowşurmak üçin Beýgunyň hut özi gitdi we Mesut ony hormat-sylag bilen garşylady, gymmatbaha serpaý ýapdy. Onuň getiren hatynyň mazmuny şeýledi: «Biz seniň ylalaşygyňa hiç hili bil baglap bilmeýäris. Seniň janyňa ýakmadyk we gaharyňy getiren şol işleri edenimizden soň, mundan gelip çykýan islendik iş howply we hatarlydyr».

Şeýdip ylalaşyk baglaşmakdan umydyny üzdüler. Mesut Merwden Hyrada gitdi. Dawut bolsa bu pursatdan peýdalanyp, Merwe hüjüm etdi. Emma Merwiň ilaty oňa garşylyk görkezdi. Dawut ony ýedi aýlap gabady, olary gysaja saldy. Ahyry hem rehimsizlik bilen söweş edip, Merwi eýeledi.

Mesut bu habarlary eşidende, näme ederini bilmedi. Hyratdan Nyşapura, ol ýerden bolsa Saragta ugrady. Her gezek seljuklylar bir ýere ýöriş etse, olar şol ýerden göterilip, başga mekana göçerdiler. Bular şeýdip ýörkäler, gyş ýetip geldi. Olar ýazyň gelerine çenli Nyşapurda saklanmagy makul bildiler. Ýaz pasly gelende, patyşa Mesut özüniň oýun-güýmenjesine we şerap içişligine meşguldy. Şeýdip ýaz hem ötüp gitdi. Döwlet işleri bolsa şol durşuna galdy. Tomus gelende, Mesudyň wezirleri we has ýakyn adamlary duşmanyna şeýle biperwaý garaýandygy üçin ony ýazgardylar. Ol diňe şondan soň ýene seljuklylary aňtap, Nyşapurdan Merwe ýöneldi.

Seljuklar çöle çekildiler. Mesudyň esgerleri hem bularyň iki menzil yzyndan çöllüge girdi. Uzak wagtlyk ýol sökmelerden we söweşsiz bikärlikden ýaňa Mesudyň esgerleri bizar bolup, gaharlanmaga başladylar. Ýollaryň agyrlygyndan we göçhä-göçlükden ýaňa lapykeç boldular. Sebäbi bular üç ýyllap diýen ýaly şunuň ýaly ýoldadylar. Ilki Subaşy, soňra patyşa

Mesudyň ýany bilen ýörişe çykypdylar. Olar çöllüge girenlerinde, az suwly ýerde düşlediler. Howa örän yssydy. Bu suw bolsa soltanyň özi bilen onuň ýanyndaky nökerlere-de ýetjek däldi.

Seljuklaryň uly serkerdesi olaryň gabat garşysynda ýerleşdi. Onuň adamlarynyň beýleki bir topary bolsa esgerleriň arka ýüzünde bukulyp, bulardan yza galanlary we arka dönenleri kakyp alýardylar. Seljuklaryň bu hereketi Allanyň islegine — Mesudyň nökerleri bilen ähli esgerleriň arasynda suw üçin jenjeliň ýüze çykmagyna gabat geldi. Esgerler suw üstünde dawa edip, birek-biregi iteklediler. Bularyň arasynda gozgalaň ýüze çykdy we biri-birlerini öldürmäge, birek-biregi talamaga başladylar. Esgerler bu ýagdaý sebäpli örän gazaba mündüler, öýke-kine etdiler. Şonuň üçinem olar toplum-toplum bolup, Mesudyň goşunyndan yza çekilmäge, yza galmaga başladylar. Dawut bu ýagdaýy we olaryň arasyndaky agzalalygy bildi. Bu oňşuksyzlykdan peýdalanyp, olaryň üstüne aýgytly hüjüme geçdi. Olar bolsa entegem şol ýagdaýdady. Özara çekeleşik, dawa, söweş we talaňçylyk bilen meşguldylar. Seljuklaryň hüjümini görüp, olar hiç zada garaman, yza öwrüldiler, gaçmaga başladylar. Olaryň örän köpüsi öldürildi. Soltan Mesut bilen onuň wezirleri esgerleriň yza dolanmagyny talap edip her näçe gygyrsalar-da, olardan yzyna gaýdany bolmady. Şeýdip esgerler ýeňliş bilen yzyna öwrüldiler. Mesut bolsa entegem söweş meýdanynda durdy. Oňa: «Sen nämä garaşýarsyň? Ýoldaşlaryň seni taşlap gitdi. Özüň hem heläk edýän çölde dursuň. Alnyňda – duşman, arkaňda – duşman. Bu ýerde saklanmagyň peýdasy ýok» diýdiler. Şeýdip ol ýeňlişe sezewar bolup, özüniň müňe golaý atlysy bilen söweş meýdanyndan yza döndi. Seljuk atly esgerlerinden biri munuň söbügine mündi. Mesut çalasynlyk bilen arka öwrülip, ony öldürdi we soňra hiç zada garaman, tä Garşystana ýetýänçäler gaçyp gitdi.

Seljuklar bolsa Mesut esgerlerinden alnan bihasap olja eýe boldular. Dawut ony öz adamlaryna paýlap, olary has-da özüne çekdi. Mesudyň patyşalyk çadyryna girip, onuň kürsüsinde oturdy.

Togrul beg Nyşapura gitdi we 431-nji ýylyň ahyrlarynda ony eýeläp, şähere girdi. Otuz ikinji ýylyň başlarynda onuň ýaranlary adamlary taladylar. Aýtmaklaryna görä, bir gezek oňa löwzine[1] bişirip beripdirler. Ol muny iýip görüp, sarymsagy ýetenok diýäýmeseň, bu örän oňat tutmaç ekeni diýipdir. Oguzlar bu ýerdäki kafur agajyny[2] dadyp görüp, ony duzdur öýdüpdirler we oňa «Bu ajy duz» diýipdirler. Olar bilen baglanyşykly şunuň ýaly wakalary köp gürrüň berdiler.

Haýýarlaryň[3] adamlara, Nyşapur iline ýetirýän derdi-zyýany köpelip, olaryň güýji-şöwketi artyp başlady. Olar baýlyklary talamany, adamlary öldürmäni hiç zatça görmezdiler. Aýal-gyzlaryň namysyna degerdiler, basgylardylar. Edesi gelýän islendik işlerini ederdiler. Hiç bir adam olaryň erkini jylawlap bilmezdi, edýän ýaman işleriniň öňüni bökdemäge milt etmezdi. Togrul beg şähere girende, haýýarlar uly gorka düşdüler we bu işleriniň ählisinden saklandylar. Şeýdip şäher ilaty olaryň azaryndan dyndy we asuda-arkaýyn ýaşamaga başlady.

Seljuklar bu wagt ýurduň ähli ýerini eýelediler. Beýgu Hyrada ýöriş edip, ony basyp aldy. Dawut bolsa Balha ýöriş etdi. Bu ýerde Soltan Mesudyň dikmesi Hajyp Altyntak bardy. Dawut onuň öz adamlaryna zyýan bererden ejizdigini ýatladyp, Altyntagyň uruşsyz-söweşsiz şäheri tabşyrmagyny talap etdi. Emma Altyntak ilçileri tutup, zyndana saldy. Dawut şäheriň eteginde düşledi we ony gabady. Altyntak bu ýagdaýlary we gabawy mälim edip, Gaznada gezip ýören Mesudyň ýanyna

---

[1] Löwzine— içine badam maňzy garylyp bişirilýän işlekli.

[2] Kamfara agajy.

[3] Haýýarlar, aýýarlar— 1. Öz haý-höweslerine, nebislerine laýyk gelýän işleri, islänini edýän adamlar. 2. Bikär-bihepbeler.

çapar iberdi. Mesut köp sanly goşuny üpjün edip, onuň ýanyna gaýtdy. Olaryň bir topary seljuklylaryň jem bolup duran ýerine – Ruhhaja geldi. Iki tarap söweşe girdi we seljuklylar ýeňlişe sezewar boldy. Olardan sekiz ýüz adam paýhynlandy, birnäçesi ýesir alyndy. Şeýdip bu ýer seljuklylardan arassalandy. Bu esgerleriň beýleki bir topary Hyrada — Beýgunyň üstüne ýörişe ugradylar. Beýgu olar bilen söweşdi we Mesudyň esgerlerini çym-pytrak etdi. Soňra Mesut bu esgerlere kömek bermek üçin ogly Mewdudy köp sanly esgere baş edip, şolaryň ýanyna ugratdy. Mesudyň özi bolsa Horasanda gezip ýörkä öldürildi.

Bu esgerler 432-nji ýylda Gaznadan ýörişe çykdylar. Balha golaýlanlarynda, Dawut öz esgerleriniň bir toparyny olaryň üstüne sürdi. Olar Mewdudyň aňtawçy goşuny bilen garpyşyp, ondan üstün çykdylar. Bu goşun gaçyp başlady. Dawudyň esgerleri olaryň söbügine mündüler. Mewdudyň esgerleri bu ýeňlişi duýup, yzlaryna bakan ökje göterdiler. Balhyň häkimi Altyntak bu habary eşidende, Dawuda boýun egdi. Ýurdy oňa tabşyrdy. Dawut onuň patyşalyk düşegine öz aýagyny basdy.

## 433-NJI HIJRI ÝYLY
*(31.08.1041-20.08.1042 ý.)*

## TOGRUL BEGIŇ GÜRGENI WE TABARYSTANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Togrul beg bu ýyl Gürgen bilen Tabarystany eýeledi. Munuň sebäbi bu ýeriň häkimi Anuşirwan ibn Menuçehr ibn Kabus ibn Wuşmegir özüniň goşunbaşysy Abu Kalyjar ibn Weýhan Kuhyny tutdurdy. Togrul beg şol pursatda bu ýurtda özüne garşy durjak hiç bir güýjüň ýokdugyna göz ýetirdi we bu ýere gitdi. Ol Mardawij ibn Bessunyň oturýan ýeri bolan Gürgene çozuş etdi. Ol bu ýeriň golaýynda düşlände, ýerli ilat oňa gala derwezesini giňden açyp, boýun egdi. Togrul beg şähere girdi

we ýaraşyk üçin ol ýeriň ilatynyň ýüz müň dinar tölemeklerini talap etdi. Şäheri Mardawij ibn Bessuwa tabşyryp, bu ýere tabyn ähli ýerleriň hem salgydyny jemläp, her ýylda elli müň dinar töläp durmaklaryny buýurdy. Soňra Nyşapura dolandy.

Mardawij Besariýada gezip ýören Anuşirwanyň üstüne çozdy. Anuşirwan oňa otuz müň dinar töledi we ýaraşyk baglaşdy. Mundan soň ýurduň ähli ýerinde Togrul begiň adyna hutba okaldy. Mardawij Anuşirwanyň ejesine öýlendi. Anuşirwan bolsa Mardawije «ýok» diýmezden, onuň ähli buýruklaryny bitirip ýördi. Oňa başga çykalga hem ýokdy.

Şu ýyl Bulgarlardan bir topar adam haj zyýaratyny bitirmek üçin ol ýerden Bagdada geldiler. Döwlet diwanynda olar üçin hezzet-hormat, gowy kabul edişlik guraldy. Adamlar birek-birekden: «Bulgarlar haýsy milletden, haýsy kowumdan?» diýip soraşanlarynda, olara: «Bulgarlar türkler bilen saklaplaryň arasyndan dörän milletdir. Olar türkleriň çet gyrasynda ýaşaýarlar. Özleri kapyr bolup, ýaňy-ýakynda yslamy kabul etdiler. Olar Abu Hanypanyň mezhebine uýýarlar» diýdiler.

## 434-NJI HIJRI ÝYLY

*(21.08.1042-09.08.1043 ý.)*

## TOGRUL BEGIŇ HOREZM ŞÄHERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Biz owal Horezmiň Mahmyt ibn Söbükteginiň ýurdunyň bir şäheridigini ýatlap geçipdik. Mahmyt dünýäden ötüp, ornuna Mesut geçende hem, bu ýerde atasy Mahmydyň hajyby Altyndaş oturdy. Ol ilki Mahmydyň, soňra Mesudyň dolandyran ýyllarynda onuň iň abraýly emirleriniň biri bolmagynda galdy. Haçan-da Mesut patyşalygy gaýtaryp almak üçin agasy Muhammediň üstüne çozmaga meşgullanyp ýörkä, Mawerannah-

ryň häkimi emir Alytegin onuň ülkesiniň çar tarapyna çozup girdi.

Mesut agasy bilen baglanyşykly meseleden dynyp, patyşalygy eýeländen soň, ol dört ýüz ýigrimi dördünji ýylda Alyteginiň gyraky welaýatlaryny – Buharany we Samarkandy almak üçin bu ýere çozuş etmekligi Altyndaşa hat üsti bilen buýurdy. Onuň iberen köp sanly agyr goşuny bilen Altyndaş Jeýhunyň aňry kenaryna aşdy. Alyteginiň ýurdundan almak islän ýerlerini ele geçirdi. Alytegin onuň öňünden gaçyp gitdi.

Altyndaş basyp alan şäherlerinde ornaşdy. Ýöne ol bu ýeriň girdejisiniň esgerleriň zerurlygyny ödemeýändigini bildi. Çünki türkmenlere garşy durmak üçin has köp baýlyk zerurdy. Ol bu ýagdaýlary mälim edip, Mesuda hat ýazdy. Yza, Horezme dolanmaga rugsat sorady. Mesut muňa razylyk berensoň, ol yza gaýtdy. Altyndaş Horezme dolanan pursaty Alytegin duýdansyzlyk bilen onuň üstüne hüjüme geçdi. Emma ýene ýeňlişe sezewar bolup, Debusyýa galasyna gaçyp bardy. Altyndaş onuň daşyny gabady. Ony ele-de salyp biljekdi. Ýöne Alytegin özüne merhemet we geçirimlilik edilmegini sorap ýüz tutansoň, ol bu ýerden yzyna öwrüldi we Horezme dolandy.

Şol bolup geçen söweşde Altyndaş agyr ýaralanypdy. Şonuň üçinem Horezme gelen dessine ol syrkawlady we dünýäden ötdi. Onuň yzynda üç ogly: Harun, Reşit we Ysmaýyl dagylar galdylar.

Altyndaş dünýäden ötende, ýurdy onuň weziri Ahmet ibn Muhammet ibn Abdylsamet dolandyrdy. Ol döwlet hazynalaryny we beýleki möhüm zatlary gorap saklady. Bu habar Mesuda mälim edilende, onuň uly ogly Haruny Horezmiň häkimligine belledi we şol ýere hem ugratdy. Sebäbi Harun bu wagtlar Mesudyň ýanyndady.

Mesudyň weziri Meýmendi dünýäden ötende, ol (Mesut) Abu Nasr ibn Muhammet ibn Abdylsamedi ýanyna getirtdi we ony özüne wezir edindi. Abu Nasr Harunyň ýanyndaky öz or-

nuna öz ogly Abdyljepbary belledi we ony Harunyň weziri etdi. Soň bir gün Harun bilen bu ikisiniň arasynda oňşuksyzlyk ýüze çykdy. Harun muny içinde saklap gezdi. Onuň ýaranlary Abdyljepbary tutmaklygy we Mesuda garşy baş götermegi Harunyň gulagyna guýup durdular. Şeýdip, ol 425-nji ýylda özüniň Mesuda boýun egmeýändigini yglan etdi we Abdyljepbary öldürmek niýetine mündi. Abdyljepbar bu ýerden gaçdy we gizlendi. Onuň (Abdyljepbaryň) kakasynyň duşmanlary bu ýagdaýy Mesuda mälim edip: «Aslynda Haruny boýun egmezlige iteren Abu Nasryň özi ekeni. Ýöne onuň ogly mekirlik bilen gözden ýitipdir» diýip ynandyrdylar. Mesut bu habarlary eşidende, dergazap boldy. Ýöne bu zatlary içinde saklap gezdi.

Mesut Gaznadan çykyp, Horezme ugramaklygy ýüregine düwdi. Ol Gaznadan gitdi. Ýöne gyş paslydygy üçin Horezme hüjüm edere mümkinçilik ýokdy. Şonuň üçinem ol Hindistanda Ahmet Ýynaltegin bilen söweşe meşgul bolup ýörkä, öz ýurdunda çykaran hokgalaryna jogap bermegi üçin Anuşirwan ibn Menuçehri aňtap, onuň bilen duşuşmak niýeti bilen Gürgene gitdi.

Gürgen şäherindekä, oňa Abdyljepbar ibn Abu Nasryň Harunyň öldürilendigi, ýurduň ýene öz tabynlygyna geçendigi hakdaky haty geldi. Abdyljepbar şol gizlenip başlan pursatyndan bäri Haruny öldürmegiň aladasynda gezip ýördi. Birnäçe adamlary onuň ganyny dökmek üçin ýörite taýýnlapdy. Bir gün awa çykan pursaty hem ony öldürdiler. Abdyljepbar ýurdy dolandyrmaga başlady. Mesut Abdyljepbaryň bu ýazgysyny dykgat bilen okansoň, onuň kakasyna atylan myjabatlaryň ählisiniň ýalandygyna göz ýetirdi we oňa öňküsi ýaly ynam edip başlady. Abdyljepbar tagtynda bary-ýogy sanlyja gün oturdy. Bir gün Harunyň ýigitleriniň biri üstüne topulyp, ony öldürdi. Ýurdy Ysmaýyl ibn Altyndaşa tabşyrdylar. Işleri kakasynyň hadymy Şükür dolandyryp başlady. Bular ýene-de Mesuda garşy baş göterdiler. Mesut Horezm sebitlerindäki bir etrabyň

häkimi Şamälik ibn Ala Horezme çozup, ony basyp almagyny buýrup, hat ýazdy. Ol goşunyny jemläp, bu ýere ugrady. Şükür bilen Ysmaýyl onuň bilen söweşip, şähere girmekligine päsgel berseler-de, Şamälik ol ikisini derbi-dagyn etdi we şäheri eýeledi. Bu ikisi pena gözläp seljukly Togrul beg bilen Dawudyň ýanyna gitdiler. Ol ikisinden haraý gözlediler. Dawut olar bilen Horezme tarap ýola düşdi. Bular bilen Şamälik söweşdi we olary ýeňdi. Mesudyň öldürilmegi bilen baglanyşykly wakalardan we Mewdudyň patyşa bolmagyndan soň Şamälik onuň (Mewdudyň) tabynlygyna girdi. Bu ikisiniň arasynda ýürekdeş dostluk dowam etdi. Olar her bir işde birek-biregi goldap durdular.

Soň Togrul beg Horezme ýöriş ýetdi, ony gabady we eýeledi, raýatlaryny özüne tabyn etdi. Şamälik özüniň ähli baýlygyny we hazynasyny ýanyna alyp, Togrul beg gelmezinden öň bu ýerden gaçyp gitdi we özüni Dehistan sähralygyna atdy. Soň bu ýerden Tabasa göçdi. Ol ýerden Kerman etraplaryna, soň Tiz we Mukran welaýatlaryna aşdy. Ine, şu ýerlere gelende, aranyň uzaklygy üçin halas bolandyryn öýdüp, özüni arkaýyn duýdy. Howp-howatyrlardan dyndy.

Togrul begiň agasynyň ogly Ybraýym Ýynalyň dogany Ärdaş onuň habaryny eşidip, dört müň söweşiji bilen munuň üstüne çozdy. Söweş edip, onuň özüni we ýanyndaky ähli zady ýesir-olja aldy. Ony ýanyna alyp, yza dolandy, getirip, Dawuda tabşyrdy. Bu hem onuň baýlygyndan ýetdik hakyny aldy. Şondan soň Hyradyň golaýyndaky Badhyza dolandy. Bu ýerde düşledi we Hyrady gabady. Çünki bu ýeriň ilaty häli-häzire çenli olara garşylyk görkezip, öz ýurtlarynyň Mewdut ibn Mesudyň tabynlygyndadygyna aýak diräp durdular. Hyrat ili olar bilen söweşdi. Şäher etekleriniň harap bolandygyna garamazdan, olar şäheri elden bermän, gorap sakladylar. Hyratlylary şeýle goranyşa we söweşe mejbur eden zat, olaryň oguzlardan aşa gorkýanlygydyr.

# 435-NJI HIJRI ÝYLY
*(10.08.1043-28.07.1044 ý.)*

## ABYLFETH MEWDUT IBN MESUT IBN MAHMYT IBN SÖBÜKTEGINIŇ ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl patyşa Abylfath Mewdut ibn Mesut ibn Söbüktegin öz hajybynyň ýanyna esgerleri goşup, olary Horasan sebitlerine iberdi. Togrul begiň dogany Dawut (ol Horasanyň häkimidir) ogly Alp Arslany esgerlere baş edip, bularyň üstüne ugratdy. Bular duşuşdylar we söweşe girdiler. Bu söweşde ýeňiş Alp Arslana miýesser etdi. Gaznaly esgerler bolsa ýeňlip, gaçyp gaýtdy.

Hut şu ýylyň sapar aýynda bir topar oguzlar Bust sebitlerine ýöriş etdi we öňden belli bolan, ýakasyny tanadan işlerini – talaňçylyk we çapawullyk etdiler. Abylfath Mewdut olaryň üstüne goşun iberdi. Olar Bust welaýatynda duşuşdylar. Örän gazaply geçen bu söweşde oguzlar ýeňlişe sezewar boldy. Mewdudyň goşuny üstün çykdy, oguzlaryň köpüsini paýhynladylar we ýesir aldylar.

## MAWERANNAHRDAKY TÜRKMENLERIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Balasagun bilen Kaşgar sebitlerindäki yslam ülkelerini talaýan, garakçylyk we çapawullyk bilen meşgullanýan kapyr türkler yslam dinini kabul etdiler. Olar on müň öýli türkmendir. Gurbanlyk baýramy güni ýigrimi müň janly (goýun) soýup, toý etdiler. Şeýdip Alla musulmanlary olaryň süteminden halas etdi. Olar Bulgar sebitlerine ýazlaga çyksa Balasagun töwereklerinde gyşlardylar. Yslamy kabul edenlerinden soň, olar ýurduň çar künjegine ýaýradylar. Her tarapda, her sebitde müňden gowrak ýa-da ondan az-u köpräk öý bolup, olar birek-biregi goramak üçin şeýle köplük bolup

oturardylar. Şeýdip Hytaý sebitlerinde ýaşaýan tatarlar bilen hataýylardan[1] galan ähli türkler yslamy kabul etdiler.

Balasagunyň we türk ýurtlarynyň häkimi Şerefeddöwledi. Ol doganlaryny we ýakynlaryny öz tabynlygyna doly geçirip, ýurdy olaryň arasynda paýlady. Türk ýurtlarynyň köpüsini dogany Arslantegine, Tyraz bilen Esbijaby agasy Bugra hana, Ferganany bolsa tutuşlygyna Tagahana bagyşlady. Buhara bilen Samarkandy hem-de şol töwerekdäki ep-esli ýeri Alyteginiň ogluna berdi. Özi bolsa Balasagun we Kaşgar bilen oňdy.

## 436-NJY HIJRI ÝYLY
*(29.07.1044-18.07.1045 ý.)*

## MAWERANNAHRDAKY YSMAÝYLÇYLARYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mawerannahryň häkimi Bugra han örän köp sanly ysmaýylçylar bilen söweşdi. Sebäbi olaryň birnäçesi Mawerannahra çozup, adamlary Müsüriň häkimi Mustansyr Billä Alawa tabyn bolmaklyga çagyrdylar. Birnäçe adam bularyň yzyna eýerip, bu ülkedäkileriň inkär edýän mezhebine uýup başladylar.

Bu ýeriň patyşasy Bugra han bu habarlary eşidip, olary köki-damary bilen ýok etmegiň ugruna çykdy. Şol töwerekde ýaşap, bu mezhebi kabul edenleriň käbiri ondan aman sypmarys öýdüp gorksalar, käbir adamlar olara ýykgyn edýändiklerini, ol mezhebe girmek isleýändiklerini bildirdiler, öz pikirlerini patyşa mälim etdiler. Patyşa olary öz meýlisine getirdi. Ysmaýylçylaryň sözüni kabul edenleriň kimlerdigini anyk bilýänçä, olara zat diýmedi. Soňra bolsa bu ýerdäki şol mezhebe

[1] Hata, Hataýy – Hytaý sebitlerinde ýaşan türkmen taýpasy. Aslynda «Hytaý» sözi şundan gelip çykan bolmagy mümkin diýlip çaklanylýar. /Terjimeçiniň belligi/.

ýykylanlaryň ählisini öldürtdi. Ýurduň çar künjünde jar çekdirip, gabat gelen ysmaýylçylary öldürmeklige perman berdi. Onuň buýran zady ýerine ýetirildi. Şeýdip şol ýurtlar olardan aman galdy.

Bu ýyl Soltan Togrul beg Abylkasym Aly ibn Abdylla Jüweýnini özüne wezir edindi. Ol Togrul bege wezirlik eden ilkinji adamdyr. Mundan soňra oňa başlyklar başy Abu Abdylla Hüseýin ibn Aly ibn Mikaýyl, ondan soňra bolsa Nyzamylmülk Abu Muhammet Hasan ibn Muhammet Dehistany dagylar wezirlik etdiler. Nyzamylmülk lakamy berlen ilkinji adam şoldur. Bulardan soň Amydylmülk Kundury wezir boldy. Bu olaryň iň meşhurydyr. Onuň meşhurlygynyň sebäbi Togrul begiň döwleti hut şularyň döwründe güýçlendi. Yraga gelende, oňa Soltan ady bilen hutba okaldy.

## 440-NJY HIJRI ÝYLY
*(16.06.1048-04.06.1049 ý.)*

## YBRAÝYM ÝYNALYŇ RUMA ÇOZMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Ybraýym Ýynal Ruma çozdy. Ony eýeledi we ýesir-olja aldy. Sebäbi Mawerannahrdaky köp sanly oguz halky onuň ýanyna gelende: «Siziň bu ýerde durmagyňyza we mätäç zadyňyzy bitirmeklige biziň ýurdumyz darlyk edýär. Iň gowsy Ruma çozuň! Hudaýyň ýolunda jihat ediň! Köp baýlyk gazanyň! Men hem bu işiňize ýardamçy bolup, yzyňyz bilen ugraýyn» diýdi.

Şeýdip onuň öňünden göni ýörişe gaýtdylar. Ol hem bularyň yzyna eýerdi. Olar Malazgirde, Erzuruma we Kalygala bardylar. Trabzona we şol sebitlerdäki ähli ýerlere ýetdiler. Olaryň öňünden elli müň adamdan ybarat Rum we Abhaz esgerleri çykdy. Olar söweşdiler. Bularyň arasyndaky jeň has

dartgynlaşdy. Olaryň arasynda şeýle bir söweşler bolup geçýärdi welin, käte musulmanlar, käte olar ýeňiş gazanýardy. Ýöne ahyrsoňunda ýeňiş musulmanlara nesip etdi. Rumlulardan köp sanlysy öldürilenden soň, olar gaçyp gitdiler. Musulmanlar olaryň örän köp patriklerini, şeýle hem abhazlaryň patyşasy Kariti ýesir aldylar. Abhaz patyşasy özüniň boşadylmagy üçin üç ýüz müň dinar pul bilen ýüz müň sany gymmatbaha sowgat hödürledi. Emma onuň bu teklibini kabul etmediler. Olar şol ýurtlary talap, çapawullyk edip baryşlaryna tä Kustantyne[1] bilen öz aralarynda on bäş günlik menzil galýança gitdiler. Musulmanlar bu sebitleri eýeläp, ony taladylar. Ähli baýlygyny ele geçirdiler. Ýüz müňden gowrak adamy ýesir etdiler. Maldyr gatyrlaryň, goýundyr geçileriň, gymmatbaha baýlyklaryň bihasap mukdaryny olja aldylar. Aýtmaklaryna görä, bu baýlyklaryň ählisi on müň sany araba ýüklenipdir. Şol oljalaryň içinde bolsa on dokuz müň sany galkan bar eken.

Garyndaşlyk şejeresi Togrul bege direýän bir adamyň baştutanlygyndaky bir topar oguzlar hem Rum ülkesine çozuş edipdiler. Ýöne bularyň çozuşy kän şowuna bolmady. Olaryň birnäçe adamy öldürilensoň, yzyna dolandylar. Bularyň yzy bilen Ybraýym Ýynal Rum topraklaryna girdi we biziň ýokarda ýatlap geçen işlerimizi etdi.

## 441-NJI HIJRI ÝYLY
*(05.06.1049-25.0571050 ý.)*

## TOGRUL BEG BILEN AGASY YBRAÝYM ÝYNALYŇ ARASYNDAKY ÖÝKE-KINÄNIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ybraýym Ýynal agasy Soltan Togrul begden gaty gördi. Sebäbi Togrul beg Ybraýym Ýynalyň elindäki Hemedan

[1] Konstantinopol şäheri.

şäherini we onuň Jebel ýurdundaky galalaryny özüne tabşyrmagy talap etdi. Emma ol bu talapdan ýüz öwürdi. Togrul beg diýeni bitmänsoň, öz arasyndaky işleri bulaşdyrýaň diýip, weziri Abu Ala töhmet atdy. Ony tutdurdy, gözüniň öňünde gamçy bilen urulmagyny buýurdy. Bir gözüni oýdurdy, bir dodagyny kesdirdi. Ol muňa gahar edip, Togrul begiň ýanyndan gitdi.

Togrul beg bir topar esger ýygnap, Ybraýymyň garşysyna ugrady. Onuň bilen duşuşdy. Iki tarapyň esgerleriniň arasynda örän gazaply söweş boldy we bu söweşde Ýynal ýeňlişe sezewar bolup, yzyna gaçdy. Togrul beg onuň yzy bilen hüjüm edip, onuň ähli galalaryny we ýurduny eýeledi.

Ybraýym Ýynal Sermaj galasynda gizlenip, agasyna garşylyk görkezmäge başlady. Togrul beg onuň bolýan ýerini gabady. Onuň esgerleriniň sany ýüz müň adama ýetipdi we olaryň arasynda köp ugurly dürli hili goşun bardy. Bular söweşdiler we onuň şeýle mäkäm hem goragly galadygyna garamazdan, dört günüň içinde ony eýeledi. Ýynaly bu ýerden mejbury ýagdaýda aşak düşürdiler.

Togrul beg Nasreddöwle ibn Merwanyň ýanyna çapar ýollap, ýurdunda öz adyna hutba okalmagyny ondan talap etdi. Ol muny kabul etdi we Diýarbekiriň ähli ýerinde Togrul begiň adyna hutba okaldy. Togrul beg Rum patyşasyna hat hem-de köp sowgatlar ýollap, özara ylalaşyk baglaşmagy teklip etdi. Rumlular muny kabul etdiler.

Rum patyşasy Ibn Merwanyň ýanyna çapar ýollap, ýokarda ýatlanylan Abhaz patyşasynyň töleg hakyny berip, ony boşatmak üçin alada etmegini sorady. Nasreddöwle şyhylyslam Abu Abdylla ibn Merwany ýörite bu maksat bilen soltan Togrul begiň ýanyna ugratdy. Togrul beg bolsa hiç hili töleg almazdan, ony boşadyp goýberdi. Bu ýagdaý sebäpli onuň we Rum patyşasynyň ýanynda Togrul begiň gadyr-mertebesi has ýokary galdy. Soňra Rum patyşasy tölegiň deregine köp sanly sowgat

iberdi. Togrul begiň hatyrasy üçin Konstantinopol metjidini gaýtadan bejerdip, kemsiz timarlatdy. Onuň içinde namaz we Togrul begiň adyna hutba okaldy. Şol günden başlap, adamlar onuň ýanyna has jebisleşdi, onuň at-abraýy ýokary galdy. Patyşalygy we döwleti berkedi.

Ýynal ýanyna gelende, Togrul beg ony mähir hem gadyr bilen garşylady. Oňa köp haýyr-yhsan etdi. Elinden alnan baýlygyň köpüsini gaýdyp berdi. Togrul beg onuň ikisinden birini saýlamagyny – mülk ýer hökmünde beren ýurduna gitmegini ýa-da öz ýanynda galmagyny haýyş etdi. Ýynal Togrul begiň ýanynda galmak isleýändigini aýtdy.

## 442-NJI HIJRI ÝYLY

*(26.05.1050-14.05.1051 ý.)*

## OGUZLARYŇ FESA ŞÄHERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Şu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda Togrul begiň dogany, patyşa Alp Arslan ibn Dawut Horasandaky Merw şäherinden sähralykdaky Pars ýurtlaryna çozuş etdi. Bu çozuşyň boljakdygyny hiç kim bilmedi, hatda ol muny agasy Togrul bege hem duýdurmady. Olar Fesa şäherine bardylar. Bular gelmeziniň öňüsyrasy, bu ýeriň häkimi gaçyp gidipdi. Alp Arslan şähere girdi we bu ýerdäki deýlemilerden müň adamy, beýleki adamlaryndan hem birnäçesini öldürdi. Müň sany müň dinary (million dinary) olja gazandylar, üç müň ynsany ýesir etdiler. Edilen işler örän köpdi. Bu işlerden dynanlaryndan soň, Togrul begiň öz üstlerine goşun ibermeginden çekinip, ähli alnan ýesirlerini ýanlaryna alyp, dessine Horasana dolandylar.

# 446-NJY HIJRI ÝYLY
*(12.04.1054-01.04.1055 ý.)*

## OGUZLARYŇ DESKERÄ WE BAŞGA ÝERLERE BARMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda seljuk oguz emirleriniň biri Ybraýym ibn Yshak Hulwanda oturýan ýerinden Deskerä bardy. Ol ýere baranda, ýerli ilat bular bilen söweşdi. Emma ejizläp, asgyn gelip, çar tarapa dagap gaçdylar. Oguzlar şähere girip, ony aýylganç taladylar. Oglan-uşaklary, aýal-gyzlary urup ýençdiler. Bu ýerden ummasyz baýlyk gazanyp, Sagdynyň elindäki Röwşenkubady basyp almaga şol ýere gitdiler. Sebäbi Sagdynyň maly-mülki şol ýerde hem-de Beredan galasyndady.

Öň belläp geçişimiz ýaly, Sagdy Soltan Togrul bege boýun egmekden ýüz öwrüpdi. Ybraýym bu ýeri basyp alyp bilmedi. Ýöne bu ýerleriň obalaryny weýran edip, ýaşaýjylarynyň ähli baýlyklaryny aldylar.

Oguzlaryň başga bir taýpasy Ahwaz sebitlerine we şol sebitdäki welaýatlaryň üstüne gitdi. Bu ýerleri kemsiz taladylar. Oguzlaryň ýurda bolan tamasy güýçlendi.

Deýlemiler we olaryň ýanyndaky türkler bolsa hor-homsy halda galdylar.

Soňra Togrul beg Basranyň kazysy Abu Aly Ibn Melik Abu Kalyjary oguzlardan jemlenen köp sanly goşuna baş edip, basyp almak üçin Huzystana ugratdy. Ol Saburhasta bardy. Ahwazdaky deýlemileri özüne boýun egmeklige çagyrdy, eger diýenini etseler, zat diýmejekdigi, tersine gitseler, jeza çäresini görjekdigi barada hat ýazdy. Olardan boýun egenleri hem, tersine gidenleri hem tapyldy. Emir Ahwaza gitdi we ony basyp alyp, raýatlaryny özüne tabyn etdi. Hiç kimiň baýlygyna ýa-da özüne elini batyrmady. Emma oguzlar bu ýagdaý bilen ylalaşmadylar. Olar öz ellerini ýene-de endik eden zatlaryna – talaň-

çylyga, çapawullyga, zorluk bilen mal almalara tarap uzatdylar. Bu ýagdaý ýerli ilatyň ýüreginde olara bolan gahar-gazaby oýardy.

## 448-NJI HIJRI ÝYLY
*(21.03.1056-09.03.1057 ý.)*

## HALYPAYŇ TOGRUL BEGIŇ DOGANY DAWUDYŇ GYZYNA ÖÝLENMEGINIŇ BEÝANY

Şu ýylyň aşyr aýynda möminleriň emiri Kaýym Biýemrilla uly oturlyşyk, dabara gurnady. Oňa Togrul begiň weziri Amydylmülk Kundury we onuň emirlerinden bir topary – Abu Aly ibn Melik Abu Kalyjar, Hazarasp ibn Benkur ibn Yýaz Kürdi, Ibn Abişşöwk dagylar we Togrul begiň goşunyndaky beýleki türkmen emirleri gatnaşdy. Togrul begiň weziri Amydylmülk eline sanjak alyp, ör turdy. Soňra başlyklarbaşy hutba okap (söz sözläp), Arslan Hatyna nika gyýdy. Munuň ady Hatyja bolup, ol Soltan Togrul begiň dogany Dawudyň gyzydyr. Nikany halypanyň özi kabul etdi. Bu nika dabarasyna nakyplarbaşy[1] Abu Aly ibn Abu Temmam, alawylaryň nakyby Adnan ibn Şerip Razy, kazylarbaşy Mawurdy we beýlekileri hem gatnaşdy.

Hatynyň özi şu ýylyň meret aýynda getirildi. Şol gün gije halypanyň ejesi gelinligiň ýanyna gitdi. Oňa ak pata berip, ýüzüne syldy we ýany bilen alyp, öýe saldy.

[1] Nakyplarbaşy – baş başlyk; emeldar; il ýaşulusy.

# 449-NJY HIJRI ÝYLY
*(10.03.1057-27.02.1058 ý.)*

## SOLTAN TOGRUL BEGIŇ BAGDADA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Togrul beg Mosulyň we bu töwerekleriň ähli işini dogany Ybraýym Ýynala tabşyrandan soň, Bagdada dolandy.

Kufsa ýetende, başlyklarbaşy ony garşylamak üçin öňünden çykdy. Kufsa golaý baranda, Soltanyň weziri Amydylmülk birnäçe emirler bilen ony garşy aldy. Başlyklarbaşy Soltanyň ýanyna baryp, oňa halypanyň salamyny we onuň göresi gelip, ýüreginiň küýsändigini habaryny ýetirdi, onuň öňünde çök düşüp, ýer öpdi. Başlyklarbaşy gyzyl-göwherler bilen doldurylan jamy Soltana berip, halypanyň ýanyndan sowgat getirilen iň bir ajaýyp lybaslary onuň egnine atdy. Sellesini ýanyndaky ýassygyň üstünde goýdy. Soltan hem gulluk kylyp, ýer öpdi. Soňra Bagdada geldi. Üýşen mähelleden ýaňa bu ýerde düşlemek mümkin bolmady. Olaryň ählisi Soltany görmek üçin gelipdiler. Soltan halypanyň ýanynda jemlenmegi talap edensoň, oňa bu babatda rugsat berdiler.

Boş aýynyň gutarmagyna bäş gün galanda, halypa örän uly dabara gurnady. Oňa soltan goşunynyň we Bagdadyň görnükli adamlary çagyryldy. Soltan bu ýere deňiç suw üsti bilen geldi we adamlary onuň gämisiniň töweregini gallap durdular. Soltan gämiden düşüp, halypanyň atlarynyň birine mündi. Ol ýerden ýedi zira[1] çemesi belentlikdäki tagtyň üstünde oturan halypanyň huzuryna geldi. Onuň egninde Pygamber alaýhyssalamyň dony – burdasy, elinde bolsa bambuk agajyndan ýasalan hasasy bardy. Soltan ilki ýer öpdi. Soňra onuň elini öpdi we gapdalyndaky kürsüde oturdy.

---

[1] Zira – gary.

Halypa başlyklyrbaşyna bakyp: «Oňa şeýle diýip aýt! Möminleriň emiri seniň alada-yhlasyňa çäksiz minnetdar. Ol seniň edýän işleriňi makullaýar we seniň ýakynlygyňy özüne bagt saýýar. Ol öz ýurdundaky Hudaýyň özüne berkiden ähli işini saňa tabşyrdy. Taňry bendeleriniň aladasyny etmegi seniň üstüňe ýükledi. Özüňe tabşyrylan işi bitireniňde Allany unutmagyn, her işe takwalyk bilen çemeleş. Bu babatda Taňrynyň saňa bagyşlan ukybynyň we nygmatynyň gadyryny bil. Adalaty ýaýmakda, zulum-sütemi ýok etmekde we raýatlaryň bähbidini düzeltmekde yhlasyňy aýama!» diýdi.

Soltan Togrul beg hormat hökmünde ýer öpdi. Halypa onuň halat-serpaýyny has-da artdyrmaklaryny buýurdy. Soltan Togrul beg ýörite don geýdirilýän ýere baryp, ýene yzyna dolandy. Gelibem halypanyň elini öpdi we ony gözüniň üstünde goýdy. Halypa oňa «Melikul-maşryk wel-magryb[1]» diýip ýüzlendi. Oňa ähtnama berildi. Soltan Togrul beg bu ýerden çykansoň, halypanyň ýanyna köp sanly hyzmatkär, elli müň dinar pul we ähli babatda sagdyn, akylly-paýhasly elli sany türk mamlugyny (olaryň ýanynda aty hem, ýarag esbaby hem jemdi), gymmatbaha dondur-halatlary we başga-da birnäçe zatlary sowgat iberdi.

---

[1] Gündogaryň we Günbataryň patyşasy.

## MAZMUNY

Ýazaryň girişi ........................................................................8

**159-njy hijri ýyly**

Horasanda Mukannanyň peýda bolmagynyň beýany .............16

**161-nji hijri ýyly**

Mukannanyň heläk bolmagynyň beýany................................18

**182-nji hijri ýyly**

Bu ýylda bolup geçen wakalar ..............................................19

**183-nji hijri ýyly**

Hazarlylaryň yslam ülkelerine çapawulçylygynyň beýany......20

**186-njy hijri ýyly**

Bu ýylda bolup geçen wakalar ..............................................21

**228-nji hijri ýyly**.

Bu ýylda bolup geçen wakalar ..............................................21

**230-nji hijri ýyly**

Uly Buganyň Medinedäki çarwa araplaryň üstüne eden ýörişiniň beýany ....................................................................22

Bu ýylda bolup geçen wakalar ..............................................24

**231-nji hijri ýyly**

Buganyň çarwa araplaryň garşysyna gören çäresiniň beýany ....................................................................................24

Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 26
**238-nji hijri ýyly**
Buganyň Tiflisdäki işleriniň beýany....................................... 26
**241-nji hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 28
**248-nji hijri ýyly**
Wasyfyň Ruma garşy eden jeňiniň beýany ............................. 28
Mugtazyň we Mueýýidiň tagtdan düşürilmeginiň beýany ...... 30
Mustagynyň halypalygy dolandyrmagynyň beýany................ 33
Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 35
**249-njy hijri ýyly**
Samarradaky pitnäniň beýany.................................................. 36
Utamyşyň öldürilmeginiň beýany........................................... 36
**251-nji hijri ýyly**
Bagyr Türkmeniň öldürilmeginiň beýany ............................... 38
Mustagynyň Bagdada ýörişiniň beýany .................................. 40
Mustagynyň Bagdady gabamagynyň beýany .......................... 42
Şol döwürde Enbaryň ýagdaýynyň beýany ............................. 51
Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 59
**252-nji hijri ýyly**
Türkmenler bilen magrybylaryň arasyndaky pitnäniň
beýany ....................................................................................... 60
**253-nji hijri ýyly**
Wasyf Türkmeniň öldürilmeginiň beýany............................... 61
**254-nji hijri ýyly**
Ahmet ibn Tolunyň ýagdaýlarynyň beýany ........................... 62

**255-nji hijri ýyly**
Mugtazyň tagtdan agdarylmagynyň we onuň ölüminiň beýany ....................................................................... 63
**258-nji hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar ................................................ 66
**259-njy hijri ýyly**
Musa ibn Buganyň hünnileriň üstüne ýörişiniň beýany........... 67
**299-njy hijri ýyly**
Ibn Furatynyň tussag edilmeginiň we Hakanynyň wezirlik mertebesine geçmeginiň beýany .............................................. 68
**316-njy hijri ýyly**
Näzik bilen Harun ibn Garybyň arasyndaky söweşiň beýany ....................................................................... 70
**329-njy hijri ýyly**
Beridiniň Wasyta dolanmagynyň beýany ................................ 71
Körtegin Deýleminiň emirliginiň beýany ................................ 72
Ibn Raýygyň Bagdada dolanmagynyň beýany......................... 73
**331-nji hijri ýyly**
Seýfeddöwläniň Wasytdaky ýagdaýynyň beýany.................... 75
Seýfeddöwläniň ýokary galmagyndan soň türkmenleriň hal-ýagdaýýynyň beýany............................................................... 77
Seýfedöwläniň Bagdada dolanmagynyň we ondan gaçyp gitmeginiň beýany ............................................................... 77
Tozanyň emirliginiň beýany.................................................... 78
**333-nji hijri ýyly**
Abylhüseýin Beridiniň öldürilmeginiň we oda ýakylmagynyň beýany ....................................................................... 79

**334-nji hijri ýyly**
Tozanyň dünýäden ötmeginiň we Ibn Şirzadyň emirliginiň beýany ... 80
Mansur ibn Garateginiň Horasana häkim bellenilmeginiň beýany ... 81
**339-343-nji ýyllarda bolup geçen wakalar** ... 82
**344-nji hijri ýyly**
Horasanlylaryň Reýe we Yspyhana ýörişiniň beýany ... 83
**349-361-nji ýyllarda bolup geçen wakalar** ... 84
**362-nji hijri ýyly**
Kerhiň oda ýakylmagynyň beýany ... 85
**363-nji hijri ýyly**
Bagtyýaryň we onuň ýaranlarynyň arasyndaky çaknyşygyň beýany ... 86
Bagtyýaryň hilesiniň öz başyna düşmeginiň beýany ... 87
**366-njy hijri ýyly**
Söbüktegin nesilşalygynyň döremeginiň beýany ... 89
Söbükteginiň Kusdary we Busty dolandyrmagynyň beýany ... 90
Hindileriň yslam ülkelerine ýörişi we olaryň Söbüktegin bilen aralarynda bolan wakalaryň beýany ... 91
**372-nji hijri ýyly**
Bekjürüň Damasky dolandyrmagynyň beýany ... 94
Adudeddöwläniň ölüminiň beýany ... 95
**376-nji hijri ýyly**
Türkmenler bilen deýlemileriň arasyndaky pitnäniň beýany ... 97

**377-nji hijri ýyly**
Bedr ibn Husnaweýh bilen Şerefeddöwläniň esgerleriniň arasyndaky söweşiň beýany ..................................................98
**379-njy hijri ýyly**
Bagdatda türkmenler bilen deýlemileriň arasyndaky pitnäniň beýany ..................................................................................100
**383-nji hijri ýyly**
Türkmenleriň Buharany eýelemeginiň beýany ......................101
Nuhuň Buhara dolanmagynyň we Bugra hanyň dünýäden ötmeginiň beýany ........................................................................103
**384-nji hijri ýyly**
Mahmyt ibn Söbükteginiň Horasany dolandyrmagynyň we Abu Alynyň ol ýerden aýrylmagynyň beýany ...............................104
Ahwazyň Bahaeddöwlä gaýtarylmagynyň beýany ................106
**385-nji hijri ýyly**
Abu Alynyň Horasana dolanmagynyň beýany ......................107
Abu Alynyň halas bolup, Horezmşany öldürmeginiň beýany ..................................................................................109
**387-nji hijri ýyly**
Söbükteginiň dünýäden ötmeginiň we ogly Ysmaýylyň patyşa bolmagynyň beýany ...........................................................109
Onuň agasy Mahmyt ibn Söbükteginiň patyşalygy eýelemeginiň beýany.........................................................110
**388-nji hijri ýyly**
Mahmyt ibn Söbükteginiň Nyşapury eýelemeginiň we ondan yzyna dolanmagynyň beýany ...............................................111
**389-njy hijri ýyly**
Emir Mansur ibn Nuhuň tussag edilmeginiň we onuň dogany Abdylmäligiň patyşa bolmagynyň beýany............................112

Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbükteginiň Horasany eýelemeginiň beýany ........................................................ 113
Samanly döwletiniň dargamagynyň hem-de türkmenleriň Mawerannahry eýelemeginiň beýany .................................... 116
**390-njy hijri ýyly**
Ysmaýyl ibn Nuhuň tussaglykdan çykmagynyň we Horasanda bolan wakalaryň beýany ...................................................... 118
Ýemineddöwläniň Sistany gabamagynyň beýany ................. 122
**391-nji hijri ýyly**
Mirasdüşerlige kasam edilmeginiň beýany ........................... 123
**392-nji hijri ýyly**
Ýemineddöwläniň hindiler bilen söweşiniň beýany.............. 124
Ýemineddöwläniň Hindistana eden ýene bir söweşiniň beýany........................................................................................ 125
**393-nji hijri ýyly**
Ýemineddöwläniň Sistany eýelemeginiň beýany.................. 125
**396-njy hijri ýyly**
Multan söweşiniň beýany ...................................................... 128
Kowakyr söweşiniň beýany.................................................... 129
Ilek hanyň esgerleriniň Horasana geçmeginiň beýany.......... 130
**397-nji hijri ýyly**
Ilek Hanyň ýeňilmeginiň beýany........................................... 132
Ýemineddöwläniň Hindistana çozuşynyň beýany................. 133
**398-nji hijri ýyly**
Ýemineddöwläniň Behim Nogura çozuşynyň beýany .......... 134
**401-nji hijri ýyly**
Ýemineddöwläniň Gur ýurtlaryna we beýleki ýerlere eden çozuşynyň beýany............................................................... 135

Ilek han bilen doganynyň arasyndaky söweşiň beýany .........137
**402-nji hijri ýyly**
Ýemineddöwläniň Kusdary eýelemeginiň beýany.................138
**403-nji hijri ýyly**
Ilek hanyň ýogalmagynyň we dogany Dogan hanyň ýurdy dolandyrmagynyň beýany ..................................................139
**404-nji hijri ýyly**
Ýemineddöwläniň Nardini basyp almagynyň beýany ...........139
**405-nji hijri ýyly**
Tanişer söweşiniň beýany ....................................................140
**407-nji hijri ýyly**
Horezmşanyň öldürilmeginiň, Ýemineddöwläniň Horezmi basyp almagynyň we ony Altyndaşa tabşyrmagynyň beýany ..................................................................................142
Kaşmir, Kannuj we beýleki söweşleriň beýany .....................143
**408-nji hijri ýyly**
Türkmenleriň Hytaýdan ýörişe ugramagynyň we Dogan hanyň ölüminiň beýany..............................................................147
Onuň dogany Arslan hanyň patyşalygynyň beýany...............148
Tapgaç hanyň we onuň oglunyň patyşalygynyň beýany........150
Kaşgaryň we Türküstanyň beýany ........................................152
**409-njy hijri ýyly**
Ýemineddöwläniň Hindi we Owgan topraklaryna çozuşynyň beýany ..................................................................................153
**414-nji hijri ýyly**
Ýene bir Hindi galasynyň eýelenmeginiň beýany .................157
**416-njy hijri ýyly**
Sumenatyň basylyp alynmagynyň beýany .............................158

**420-nji hijri ýyly**

Ýemineddöwläniň Reýi we Jebel ýurduny basyp almagynyň beýany ........ 162
Ýemineddöwläniň we ondan soňra oglunyň oguzlara garşy gören çäresiniň beýany ........ 165
Alaeddöwläniň Reýe barmagynyň, oguzlar bilen ylalaşmagynyň we ýene-de olaryň tersine gaýtmagynyň beýany ........ 169
Genjedäki oguzlar we olaryň bu ýeri terk etmekleriniň beýany ........ 170
Oguzlaryň Hemedany eýelemeginiň beýany ........ 172
Töwriz şäherinde oguzlaryň ýok edilmeginiň we olaryň Genjäni terk edip, Hakkaryýa gitmeginiň beýany ........ 173
Oguzlaryň Diýarbekire girmeginiň beýany ........ 174
Oguzlaryň Mosuly eýelemeginiň beýany ........ 175
Mosulyň häkimi Garabaşyň oguzlary ýeňmeginiň beýany ... 176

**421-nji hijri ýyly**

Ýemineddöwle Mahmyt ibn Sögükteginiň dünýäden ötmeginiň we ogly Muhammediň patyşalygynyň beýany ........ 178
Ýemineddöwläniň käbir sypatlarynyň beýany ........ 179

**429-njy hijri ýyly**

Togrul begiň Horasandaky işleriniň beýany........ 181

**430-njy hijri ýyly**

Patyşa Mesudyň Gaznadan Horasana barmagynyň we seljuklary ol ýerden çykarmagynyň beýany ........ 183

**432-nji hijri ýyly**

Seljuk döwletiniň döremeginiň beýany ........ 186

**433-nji hijri ýyly**
Togrul begiň Gürgeni we Tabarystany eýelemeginiň beýany ........ 200
**434-nji hijri ýyly**
Togrul begiň Horezm şäherini eýelemeginiň beýany ........ 201
**435-nji hijri ýyly**
Abylfath Mewdut ibn Mesut ibn Mahmyt ibn Söbükteginiň ýagdaýynyň beýany ........ 205
Mawerannahrdaky türkmenleriň beýany ........ 205
**436-njy hijri ýyly**
Mawerannahrdaky ysmaýylçylaryň öldürilmeginiň beýany ........ 206
**440-njy hijri ýyly**
Ybraýym Ýynalyň Ruma çozmagynyň beýany ........ 207
**441-nji hijri ýyly**
Togrul beg bilen agasy Ybraýym Ýynalyň arasyndaky öýkekinäniň beýany ........ 208
**442-nji hijri ýyly**
Oguzlaryň Fesa şäherini eýelemeginiň beýany ........ 210
**446-njy hijri ýyly**
Oguzlaryň Deskerä we başga ýerlere barmagynyň beýany ... 211
**448-nji hijri ýyly**
Halypanyň Togrul begiň dogany Dawudyň gyzyna öýlenmeginiň beýany ........ 212
**449-njy hijri ýyly**
Soltan Togrul begiň Bagdada dolanmagynyň beýany ........ 213

**Ibn Esir**

# KÄMIL TARYH

## I jilt

**Teh redaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 03.01.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 14.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 2 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №_____.
A-21501

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.